BILIM
2024
3
YLMY-USULY ŽURNAL
ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

## ŽURNALYŇ ŞU SANYNDA:

2 ÝURDUMYZYŇ SYÝASY, YKDYSADY WE MEDENI DURMUŞY

15 YLMY MAKALALAR

67 MEKDEBE ÇENLI TERBIÝE

69 UMUMYBILIM BERÝÄN MEKDEP

74 ÝOKARY BILIM















# ÝAŞ NESLI DÖWREBAP KEMALA GETIRMEK DÖWLET SYÝASATYNYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARYNYŇ BIRIDIR

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent başlangyçlary bilen eziz Watanymyzyň ylym we bilim ulgamynda düýpli özgertmeleriň durmuşa ornaşdyrylmagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmagynda galýar. Döwrebap bilim düzümleriniň döredilmegi, okuw işinde täze usullaryň özleşdirilmegi, jemgyýetiň intellektual kuwwatyny artdyrmakda baý tejribe toplanylmagy ýaş nesliň bagtyýar geljegini üpjün etmegiň bähbidine gönükdirilýär. Şular bilen ugurdaş pederlerimiziň bize miras goýan terbiýeçilik däplerinden ugur alyp, döwrebap nesli kemala getirmek häzirki zamanyň nesil terbiýesinden edilýän esasy talaplaryň hatarynda durýar. Ýaş nesli milli ruhda terbiýelemekde taryhy we şu günki tejribeleriň, şanly seneleriň uly ähmiýeti bardyr. Olardan alnan sapaklar geljekki nesiller üçin ahlak kadalarynyň düzgünnamasyna, asylly terbiýe mekdebine öwrülýär.

**9-njy maý.** Türkmen halkynyň taryhynda öçmejek yz goýan, Watana bolan sönmez söýginiň ygrary hökmünde ýatlanylýan Beýik Ýeňiş geljekki nesiller üçin mizemez buýsanjyň baýramydyr.

Beýik Ýeňşe mynasyp goşant goşan, müňlerçe türkmen ýigitleriniň, doganlyk halklaryň wekilleriniň, söweş meýdanlarynda janlaryny gaýgyrman söweşenleriň hatarynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň garry atasy we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň atasy Berdimuhamet Annaýewiň bolandygy baradaky taryhy hakykat şu günki günüň ýaş nesli üçin watansöýüjiligiň, il-güne, mukaddes borja wepalylygyň belent nusgasydyr.

Häzirki zaman ýaşlary Beýik Ýeňşiň taryhyny, şol ýeňşe ýetmekde söweş meýdanlarynda görkezen edermenligi we gaýduwsyzlygy üçin watandaşlarymyzyň müňlerçesiniň orden-medallar bilen sylaglanandygy, türkmenistanly esgerleriň ýüzden gowragynyň "Gahryman" adyna mynasyp bolandygy baradaky anyk maglumatlary taryhdan öwrenýärler. Ýeňiş gününe ýetmek ugrunda edermenlik görkezen pederlerimiziň gahrymançylygy baradaky ýatlamalar "Hatyra", "Şöhrat" atly neşirlerde beýanyny tapdy.

Baýramçylyk mynasybetli, uruş weteranlarymyzy hem-de tylda zähmet çeken zenanlarymyzy hormatlamak dabaralary geçirildi. Olara hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy, halk gahrymanlary döwlet derejesinde üns-alada bilen mähirli gurşaldy. Bilim edaralarynda weteranlar bilen bolan duşuşyklarda olaryň saglygy, ýaşaýyş-durmuş derejesiniň gowulandyrylmagy bilen bagly meseleleriň döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanylýandygy barada buýsançly gürrüňler edildi. Şeýlelikde, ýurdumyz boýunça milli gahrymanlarymyz baradaky hakyda we olary sarpalamak ýaly asylly işler giň gerime eýe boldy.

**18-nji maý.** Ýaşyl tugumyz – milli taryhymyzda täze eýýamyň döredilendiginiň, eziz Watanymyzyň geljekki ösüşlerine sary buýsançly ädimleriniň, üs-



tünlikleriniň, ýeňişleriniň, ösüş-özgerişiniň, berkararlygynyň nyşany. Döwlet baýdagynyň baýramynyň Esasy Kanunymyzyň döredilen güni bilen bilelikde bellenilip geçilmegi bolsa, örän uly taryhy mana eýedir. Bagtyýarlygyň, ösüşiň täze belentliklerine sary aýgytly ädimleriň, ýurt asudalygynyň, raýat agzybirliginiň üpjün edilýändigini alamatlandyrýandygy bilen bir hatarda, Döwlet baýdagymyz demokratik, hukuk, dünýewi döwletiň esaslarynyň berkarar edilendigini jahana ýaýýan mukaddes nyşandyr.

Esasy Kanunymyzda: "Türkmenistanyň özygtyýarly döwlet hökmündäki nyşanlary – Döwlet baýdagy, Döwlet tugrasy, Döwlet senasy bardyr" diýlip bellenilendir we döwlet nyşanlaryna belent buýsanç duýgusy merdana halkymyzyň ata-babalarymyzdan miras alan däbidir. Şeýle däbi geljekki nesillere ýetirmek bolsa biziň her birimiziň eziz Watanymyzyň öňündäki mukaddes borjumyzdyr.

**25-nji maý.** Ak şäherimiz Aşgabatda tutulan dabaraly toýlar ýaşaýşymyza täze öwüşgin çaýdy. Aşgabat şäheriniň güni we umumybilim berýän mekdepleriň ählisinde okuw ýylynyň tamamlanmagy mynasybetli, şatlyk-şagalaňa beslenen çäreler geçirildi we uçurymlar üçin geçirilen dabaralar aýratyn tolgundyryjy boldy.

Uçurymlardyr bilim işgärleri, okuwyny ýokary bahalar bilen tamamlaýan okuwçylar, ýurdumyzyň dürli künjeklerinden bolan ders hem-de döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri halkymyzyň watançylygyny we jebisligini, milli gymmatlygymyzy, çäksiz hormata şaýatlyk edýän üstünliklerimizi alamatlandyryp, baýramçylyk ruhuna beslendiler.

Goşa baýramçylyk, ýagny Aşgabat şäheriniň güni we "Soňky jaň" ýurdumyzyň welaýatlarynda, ýerlerde, obadyr şäherlerde giňden dabaralandyryldy we bilim işgärleridir uçurymlaryň kalbyna ýatdan çykmajak ajaýyp ýatlama pursatlaryny ýazdy.

**1-nji iýun.** Dünýä bileleşigi bilen raýdaşlygyň, BMG-niň çagalaryň hukuklary we bähbitleri babatdaky maksatlaryna, ýörelgelerine wepalylygyň ykrarnamasy hökmünde Çagalary goramagyň halkara güni ýurdumyzyň resmi baýramçylyklarynyň sanawyna girizildi. Bu sene Türkmenistanda ýaş nesle ynsanperwer garamagyň milli tejribesini artdyrmaga döwlet möçberinde aýratyn üns berilýändigi babatdaky durmuş hakykaty bilen özbolușly sazlaşýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen döredilen Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna durmuşa geçirilýän işler munuň aýdyň mysallarydyr. Gazna gelip gowuşýan serişdeler howandarlyga mätäç çagalara tölegli lukmançylyk we bilim hyzmatlarynyň edilmegine, olaryň oňaýly dynç almagyna, beýleki degişli hajatlara gönükdirilýär.

Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň lukmançylyk edaralarynda çagalarda dürli operasiýalary etmek, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde we mekdep-internatlarda bilim-terbiýe alýanlaryň saglygyny bejermek, bilim almagyna döredilýän mümkinçilikleriň has-da ýokarlandyrylmagy üçin, olara maliýe serişdelerini bermek gaznanyň hasabyna amala aşyrylýar.

Ak şäherimiz Aşgabatda we ýurdumyzyň welaýatlarynda, şäherlerinde bagtyýar çagalaryň gatnaşmagynda 1-nji iýunda baýramçylyk çäreleri guraldy. Çagalar dynç alyş meýdançalary, seýilgähler, söwda-dynç alyş merkezleri, oýun meýdançalary olara mähirli gujagyny giňden açdy. Çagalara bagyşlanan aýdym-sazlar, dürli oýunlar çagalaryň ruhuny galkyndyrdy. Özleri üçin döredilen ýokary mümkinçilikler olary bagt atyna ataryp, göwün guşuny ganatlandyrdy. Şeýlelikde, hemme arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdunda Çagalary goramagyň halkara güni uly dabaralara beslenip, bellenilip geçildi.

**2-nji iýun.** Aşgabat şäherinde "Mekan" köşgüniň öňündäki meýdançada mekdep okuwçylaryny Gökderä ugratmak dabarasy boldy. Gökderede çagalaryň ýokary derejede dynç almaklary, sport, aýdym-saz, edebi-çeper döredijilik bilen meşgullanmaklary, wagtlaryny peýdaly, şadyýan geçirmekleri üçin ähli şertler döredilendir. Sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde oýun oýnamak, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak üçin meýdançalar, tans zallary, kompýuter we el iş gurnaklary, teatr we şekillendiriş studiýalary, kitaphanalar hereket edýär. Degişli ministrlikleriň, jemgyýetçilik guramalarynyň hünärmenleriniň bilelikdäki tagallalary bilen sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde her ýylyň tomusky möwsüminde sungat işgärleriniň, artistleriň we çagalar çeper höwesjeňleriniň, döwlet we halkara derejesindäki dürli döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileriniň, meşhur estrada aýdymçylarynyň, sazandalaryň gatnaşmaklarynda konsertler, sport çäreleri, sahna oýunlary, edebi çykyşlar guralýar. Şeýle çäreler bagtyýar ýaş neslimiziň tomus möwsüminde dynç alşynyň başlanýandygyny aňladýar.

**3-nji iýun.** Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň beýik başlangyjy bilen 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 3-nji iýuny "Bütindünýä welosiped güni" diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň kabul edilendigi bellidir. "Welosiped" latyn sözi bolup, "volox" –"çalt", "pedis" – "aýak" diýmegi aňladýar. Sportuň şu görnüşi aýak hereketleriniň çaltlygy bilen ýerine ýetirilýär. Bu welosiped ýaryşlarynda has-da aýdyň ýüze çykýar.

Däp bolşy ýaly, ýurdumyzda "Bütindünýä welosiped güni" mynasybetli, köpçülikleýin welosipedli ýörişler guraldy.

Bu gün Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda hem köpçülikleýin welosipedli ýörişler geçirildi. "Bütindünýä welosiped güni" mynasybetli geçirilýän şeýle çäreler ýaş nesli ruhy hem-de beden taýdan sagdyn kemala getirmekde, sagdynlygyň, raýdaşlygyň, dostluk-doganlygyň, ynsanperwerligiň ýokary gymmatlyklaryny açyp görkezmekde, ekologiýa üçin zyýansyz bolan sportuň bu görnüşini wagyz etmekde uly ähmiýete eýedir.

**12-nji iýun.** "Ylymlar güni" adyny alan bu sene ýurdumyzda baýramçylyk hökmünde bellenilip geçilýär. Paýtagtymyz Aşgabatda we ýurdumyzyň welaýatlarynda ylym ulgamyny ösdürmegiň geljekki wezipeleriniň üstünlikli çözülmegine bagyşlanan ylmy maslahatlar, tegelek stollar, duşuşyklar we ylma degişli beýleki köp görnüşli çäreler guralýar.

Ýurdumyzda ylmy ösdürmek döwlet syýasatynyň uzakmöhletleýin maksatnamalarynyň mazmunynda esasy orny eýeleýär, bu maksada ýetmegiň ýolunda ägirt uly işler amala aşyrylýar. Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň "Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezine halkara ylmy-tehnologiýa parkynyň hukuk ýagdaýyny bermek hakynda" Karara gol çekmegi bilen, merkeziň adynyň we hukuk ýagdaýynyň üýtgedilmegi, onuň "Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parky" diýlip atlandyrylmagy hem-de Halkara ylmy parklaryň assosiasiýasyna goşulmagy ylmy dünýä derejesinde ösdürmekde alnyp barylýan işleriň aýdyň mysallarydyr.

Indi birnäçe ýyl bäri merjen şäherimizde "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar" atly halkara ylmy maslahaty geçirmek däbe öwrüldi. Bu maslahat innowasiýa tehnologiýalaryny iş ýüzünde ulanmaga, halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga, ylymda özara tejribe meýdançasyny emele getirmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi we TYA tarapyndan bilelikde ýaş alymlaryň arasynda guralýan ylmy işleriň bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirilýär. Ýurduň öňdebaryjy ylmy edaralarydyr ýokary okuw mekdepleri hem bu baýramçylyk gününde çetde durmaýarlar. Olarda ylmy-pedagogik işgärleriň goldawy bilen bäsleşikleri, ýaryşlary, talyplar tarapyndan sergileri, wiktorinalary we aýdym-sazly çykyşlary guramak däbe öwrülendir.

*Gülşirin Muhanowa,*
**Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň "Bilim" ylmy-usuly žurnalynyň baş redaktory.**

# BILIM ULGAMYNYŇ RESMINAMALAÝYN HUKUK BINÝADY BERKIDILÝÄR

Bilim ulgamynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen geçirilýän düýpli özgertmeler ýaş nesil hakynda döwlet derejesinde edilýän aladalaryň aýdyň netijeleridir. Hormatly döwlet Baştutanymyzyň parasatly başlangyçlary bilen bilim ulgamynyň resminamalaýyn hukuk binýady berkidilýär. Ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermek döwlet syýasatynyň strategik wezipeleriniň hatarynda goýulýar. Bilim ulgamynyň işini ylmy esasda guramak we innowasion usullarda dolandyrmak möhüm wezipe hasaplanýar.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Serdar Berdimuhamedowyň 25-nji maýda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyny tassyklamak hakynda" Karara gol çekmegi we 2028-nji ýyla çenli ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynyň tassyklanmagy ýurdumyzyň dünýäniň bilim giňişligine sazlaşykly goşulyşýandygyna şaýatlyk edýär.

"Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň" mazmunynda geljek bäş ýyl möhletde bilim ulgamynyň işinde düýpli özgertmeleri geçirmegiň maksatlary, wezipeleri beýan edilýär. Konsepsiýa umumybilim maksatnamalary boýunça bilim bermegiň ähli derejelerinde okatmagyň usulyýetini nazaryýet we tejribe taýdan yzygiderli kämilleşdirmäge, onuň döwrüň talaplaryna, halkara standartlaryna laýyklygyny üpjün etmäge, okuw-terbiýeçilik işlerine okatmagyň öňdebaryjy, has kämil, ýokary netijeli usullaryny giňden ornaşdyrmak arkaly, ýaş nesliň kalbynda ata Watana, onuň şöhratly taryhyna, merdana we zähmetsöýer halkymyzyň milli däp-dessurlaryna, edep kadalaryna, ruhy-ahlak gymmatlyklaryna, medeni hem-de ruhy mirasyna buýsanjyň we söýginiň kemala getirilmegine bagyşlanandyr.

Okuw derslerini okatmak işinde öňdebaryjy usullary we häzirki zaman serişdelerini başarjaň ulanmak, okatmagyň usulyýetine degişli okuw esbaplaryny, wideo-audio materiallary, elektron okuw kitaplaryny, okuw-usuly gollanmalary taýýarlamak we neşir etmek işleriniň depgininiň güýçlendirilmegi, bu ugurlar boýunça bitewi elektron bilim portalynyň döredilmegi, bilim bermegiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, pedagogik işgäriň zähmetiniň netijelerini adalatly bahalandyrmak üçin ylmy-usulyýet taýdan seljermegiň, bahalandyrmagyň usullarynyň dünýä ülňülerine laýyk getirilmegi Konsepsiýada bellenilendir.

Bilim ulgamynda zähmet çekýän pedagogik işgärleriň ussatlygynyň yzygiderli ösdürilmegine, okatmagyň häzirki zaman usullarynyň ornaşdyrylmagyna, umumybilim maksatnamalary boýunça bilimiň ähli derejelerinde pedagogik işgärlere okuw-terbiýeçilik işlerinde okatmagyň we terbiýe bermegiň usullaryny, okuw gollanmalaryny, okatmagyň serişdelerini saýlamak hukugyny üpjün etmäge gönükdirilen düzgünler hem resminamada bellenilendir. Şeýle hem, okuw dersleriniň döwlet bilim standartlarynyň we okuw maksatnamalarynyň talaplaryna laýyklykda, okaýanlaryň okuw işiniň netijelerine yzygiderli gözegçiligi üpjün etmäge, bilimiň hilini, ýagny mekdep okuwçylarynyň okaýyş, matematika we tebigy dersler boýunça bilim derejelerini bahalandyrýan halkara maksatnamalarynyň görkezijilerini milli bilim ulgamyna girizmäge degişli işleri amala aşyrmaga we şolaryň esasynda üznüksiz seljermeleri geçirmäge gönükdirilendir.

Soňky ýyllarda bilim işgärleriniň uly-uly toparlarynyň hyzmatdaşlyk edýän ýurtlarymyzyň bilim ojaklarynda, ylmy merkezlerinde tejribe alyşmaklarynyň guralyşy işjeň häsiýete eýe boldy. Türkmenistanyň hyzmatdaş ýurtlarynyň iri ylym-bilim merkezleri, halkara hem-de sebit guramalary bilen ysnyşykly gatnaşygy berkidilýär. Ýurdumyzdaky pedagogik ugurly edaralaryň, ylmy-barlag institutlaryň, bilim-ylym merkezleriň halkara bilim edaralary, guramalary bilen öňden ýola goýlan özara hyzmatdaşlygyň ugurlary barha täze giňişliklere uzaýar. Konsepsiýa laýyklykda, halkara hyzmatdaşlygynyň bilim ulgamy boýunça dowam etdirilmeginde bilim berlişiniň mazmuny baýlaşdyrylar, hili ýokarlandyrylar.

Milli bilimi maliýeleşdirmegiň binýady berkidilýär we döwlet býujetinden goýberilýän serişdeleriň,

pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar we maliýe serişdeleriniň möçberi artdyrylýar. Şunuň bilen birlikde hem, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hasabyna sebitleýin okuw merkezlerini açmaga täze ugur alyndy.

Maliýeleşdirmegiň ugurlary, ýagny hemaýatkärleriň, daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, maliýe edaralary, daşary ýurt kompaniýalary we gaznalary, jemgyýetçilik birleşikleri, fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistanyň ministrliklerine we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna berilýän daşary ýurt enjamlarynyň, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň hem-de halkara tehniki kömek taslamalarynyň, ýurdumyzyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilip bilinjekdigi resminamada görkezilendir.

Resminamada mekdebe çenli çagalar edaralarynda, umumybilim berýän mekdeplerde bilimiň yzygiderliligini, üznüksizligini hem-de utgaşyklylygyny amal etmek, bilim berlişini hil we mazmun taýdan ösen döwletleriň ülňülerine laýyk getirmek, pedagogik edaralar üçin hünärmen taýýarlamagyň gerimini giňeltmek ýaly wajyp wezipeler beýan edilýär. Şeýle hem, ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämil derejede döwrebaplaşdyrmak, ylymly, bilimli, düşünjeli, ruhy hem beden taýdan sagdyn nesilleri terbiýeläp ýetişdirmegiň, öňdebaryjy innowasiýa tehnologiýalaryndan baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň esaslary bellenilendir.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ösüp gelýän ýaş nesle mähirli garamak, durmuşymyza ornaşdyrýan beýik işleri netijesinde, döwrebap gazanylanlary göz öňünde tutmak bilen, häzirki wagtda we geljekde ulgamyň ösüşini täze belentliklere tarap aýgytly ädimler, batly gadamlar bilen alyp gitmek Konsepsiýanyň baş maksatlarynyň hatarynda goýlandyr. Milli bilim ulgamy ösüşiň häzirki tapgyrynda innowasion maglumat tehnologiýalaryna, sanly bilime we dünýä standartlaryna daýanmak bilen, ýokary derejelere göterilmäge täze ugur aldy. Şu nukdaýnazardan, häzirki bilim ulgamy sanly tehnologiýalar arkaly dolandyrylýar. Bellenilip geçilenler bilen berk baglanyşyklylykda, degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmekde, ýurdumyzda zehinli çagalary ýüze çykarmak üçin zerur şertleri döretmekde, bilimi mundan beýläk hem netijeli dolandyrmagyň maglumatlar ulgamyny, maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmekde, halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde durmuşa geçirilýän giň gerimli çärelerde Konsepsiýanyň hyzmaty uludyr.

Ýaş nesliň mynasyp kemala getirilmeginde esasy orun mugallymyň zähmetine degişlidir. Umumybilim berýän mekdeplerde we mekdebe çenli çagalar edaralarynda guralýan sapaklaryň täsirliligi, elbetde, mugallymyň tejribesine we usulyýetine baglydyr. Okuwçynyň ünsüni sapaga çekmek, öwredilýän maglumata bolan işjeňligini artdyrmak ugrunda mugallym ähli tagallalary etmelidir, okatmagyň öňdebaryjy usullaryndan döredijilikli peýdalanmalydyr. Okatmakda mugallymyň ussatlygy, sapaga, okuwçylara bolan ünsi, döredýän okuw gurşawy hökman göz öňünde tutulýar. Konsepsiýa laýyklykda, mugallymlaryň guraýan her bir okuw sapagynda usulyýet işlerini kämilleşdirmek, düzgünlerini berkitmek bilim işgärleriniň öňünde esasy wezipe hökmünde goýuldy. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, mugallymlaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak, innowasion çemeleşmeler bilen okadylyşyň mazmunyny baýlaşdyrmak, görnüşini kämilleşdirmek, bilimiň hilini bahalandyrýan halkara maksatnamalaryň görkezijilerini milli bilim ulgamyna ornaşdyrmak täze kabul edilen Konsepsiýanyň maksadynda goýlandyr.

Konsepsiýanyň many-mazmunyny özleşdirmek, oňa düşünmek we iş ýüzünde peýdalanmak şu günki günüň her bir döwrebap işleýän mugallymyndan edilýän talapdyr. Şunuň üçin-de, eziz Watanymyzda sanly bilimiň häzirki zaman tehniki serişdeleriniň we maglumat gorlarynyň ulanylyşynda bilim işgärleriniň bu ugurdaky taýýarlygyny kämilleşdirmek boýunça düýpli özgertmeleriň amala aşyrylmagy üstünlikli dowam etdirilýär. Milli bilim ulgamyna dünýä ylmynyň gazananlaryny ornaşdyrmak arkaly, ýokary derejede bilim bermekde häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanyp okatmak usullary aýratyn tapawutlandyrylýar. Bu bolsa ýurdumyzyň bilim ulgamyndaky ädimlerini aýgytly ilerledip, pedagogik işgärleriň ukyp-başarnyklarynyň kämilleşdirilmegine, netijeli işlemegine, ýaş nesle dünýä derejesinde bilim-terbiýe berilmegine giň ýol açýar.

***Altynjemal Esenowa*, Aşgabat şäherindäki umumybilim berýän 34-nji mekdebiň müdiri.**

***Dürli Çaryýarowa*, şol mekdebiň türkmen dili we edebiýat mugallymy.**

# HALKARA HYZMATDAŞLYGYNDA BILIM ULGAMYNYŇ ÖSÜŞLI MENZILLERI

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beýik şahyryň adyny göterýän ajaýyp ýylymyzda Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli taglymatyny dünýä ýaýmak boýunça uly işler alnyp barylýar. Golaýda Astrahan şäherinde ýerleşýän seýilgähde akyldar şahyrymyzyň heýkeline gül goýmak dabarasyna Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasynyň Astrahan şäherindäki konsullygynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, Astrahan welaýatynyň bilim ministri Mariýa Nikolaýewna Şalak, şeýle-de, bu ýerde dürli ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan türkmenistanly ýaşlar gatnaşdylar. Bu döwletde akyldar şahyrymyzyň heýkeliniň oturdylmagy, Priwolžsk raýonynyň Funtowo obasynda Magtymguly Pyragynyň adyny göterýän orta mekdebiň açylmagy iki döwletiň dostlukly hyzmatdaşlygynyň barha pugtalandyrylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Astrahan oblastynyň Priwolžsk raýonynyň Funtowo obasynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen dünýä ülňülerine gabat gelýän, ýokary tehnologiýalar bilen üpjün edilip ulanmaga berlen Magtymguly Pyragy adyndaky orta mekdepde 251 okuwçy bilim alýar. Iki gatdan ybarat mekdepde okaýan çagalara dünýä ülňülerine laýyk şertleriň döredilendigi hem aýratyn bellärliklidir. Mekdepde başlangyç synp okuwçylary üçin giň hem ýagty synp otaglary, dürli derslere niýetlenen ýöriteleşdirilen okuw otaglary, tejribe geçirmek üçin laboratoriýa otaglary bar. Okuwçy gyzjagazlar hem-de oglanjyklar üçin dürli hünärler boýunça zähmet endiklerini ele alar ýaly ýörite otaglar döredilipdir. Olaryň tikin maşynlarda işlemekleri we dürli tagamlary taýýarlamaklary üçin gerekli enjamlar bilen üpjünçiligi oňat. Oglanlar üçin zähmet sapagyna niýetlenen synp otagy ýörite gurallar bilen üpjün edilen. Mundan başga-da, bu mekdepde okaýan çagalar bilen me-



deni-köpçülik çärelerini geçirmäge niýetlenen uly mejlisler jaýy, naharhana, sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga niýetlenen sport zaly, mekdebiň howlusynda sport meýdançalary bar. Ol ýerde beden-terbiýe sapagyny talabalaýyk geçmäge ähli şertler döredilipdir. Ähli amatlyklary bolan mekdebi gurup ulanmaga beren Türkmenistan döwletine, Gahryman Arkadagymyza mekdep mugallymlarynyň, ýerli ýaşaýjylaryň, okuwçylaryň hoşallygynyň çägi ýok. Munuň özi döwletimiziň, halkymyzyň dünýädäki abraýyny artdyrýar, oňa buýsanýarys, guwanýarys. Şu obada türkmenleriň kowçum bolup ýaşaýandyklary hem bellenilmäge mynasypdyr. Ýerli ýaşaýjylar bilen söhbetdeş bolanymyzda, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň edýän ynsanperwer işlerine iňňän ýokary baha berýändiklerini, bu ajaýyp mekdebiň ulanylmaga berilmeginiň halklaryň dostlugyny pugtalandyrmaga gönükdirilen syýasatyň özboluşly miwesidigini olaryň bütin kalplaryndan çykýan hoşallyklaryndan duýmak bolýar.

Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň yglan eden “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” atly temadan düzme ýazmak boýunça döredijilik bäsleşigi boýunça geçirilen dabara gatnaşyjylar mekdep okuwçylaryny özleriniň ýörite taýýarlan şowhunly çykyşlary bilen garşy aldylar. Türkmen we rus milli lybasyny geýnen okuwçylaryň ussatlyk bilen ýerine ýetiren şowhunly çykyşlary halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň beýany hem-de dost-doganlygyň owazy bolup, kalplary joşdurdy. Mekdep howlusynda sergilenen gymmatlyklar bolsa aýratyn öwüşgin bilen dabara gatnaşyjylarda täsir galdyrdy. Munuň özi hoşniýetli gatnaşyklara, iki halkyň milli mirasyna goýulýan belent sylag-sarpanyň güwäsidir! Mekdebiň bosagasyndan ätlän ýeriňde, ilki bilen, beýik akyldarymyzyň nurana heýkeline gözüň düşýär. Ýadygärligiň gapdalyndaky türkmen hem-de rus dillerindäki “*Bir suprada taýýar kylynsa aşlar // Göteriler ol ykbaly türkmeniň*” (*Magtymguly*. Saýlanan goşgular. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1976. 12 s.) diýen setirler ruhuňy göterip, buýsanjyňy artdyrýar, çünki beýik söz ussadymyzyň bu jümlelerinde agzybirlik, dostluk-doganlyk höküm sürýär.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserleriniň, şeýle hem Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň Magtymguly Pyragy adyndaky orta mekdepde guralan kitap sergisi oňa gatnaşyjylarda uly täsir galdyrdy. Mekdepde bilelikde guralan çagalaryň döredijilik işleriniň dostluk sergisine uly gyzyklanma bilen syn edildi. Magtymguly Pyragy adyndaky mekdebiň mejlisler jaýynda geçirilen baýramçylyk dabarasynda iki döwletiň barha jebisleşýän dostlukly gatnaşyklary hakynda mähirli gutlaglar hem-de çykyşlar boldy. Türkmen we rus dillerinde Magtymguly Pyragynyň şygyrlary okaldy, beýik şahyryň sözlerine aýdymlar ýerine ýetirildi, edebi-sazly çykyşlar görkezildi.

Mekdebiň 8 – 9-njy synp okuwçylary Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” atly temadan düzme ýazmak boýunça döredijilik bäsleşiginde meýilnama esasynda tassyklanan wagtyň dowamynda ukyp-başarnyklaryny görkezdiler. Olaryň ýazan düzmelerini okanyňda, Magtymguly Pyragynyň döredijiligini we durmuş ýoluny has içgin öwrenendiklerini duýmak bolýar. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň wekiliýetiniň gatnaşmagynda akyldar şahyrymyza bagyşlanyp geçirilen çäreleriň jemleýji gününde mekdebiň 8 – 9-njy synp okuwçylarynyň arasynda “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” atly temadan düzme ýazmak boýunça döredijilik bäsleşiginiň jemi jemlenildi. Bu döredijilik bäsleşigine gatnaşýan okuwçylaryň ýazan düzmelerinden olaryň beýik söz ussadymyzyň eserlerini has köp okandyklary belli bolýar. Olar öz ýazan eserlerinde akyldar şahyrymyzyň döredijilik we durmuş ýoluny çeper beýan etmegi başarypdyr. Bäsleşigiň netijesinde 8-nji synp okuwçylarynyň arasyndan Aýlina Satlykowanyň, 9-njy synp okuwçylaryndan bolsa Sofiýa Plaşenkowanyň düzmesi has-da döredijilikli ýazylyp, baýrakly orna mynasyp boldy.

Bäsleşikde ýeňiji bolan mekdep okuwçylaryna Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň gymmat bahaly sowgatlary we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň diplomlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy, hormatly Prezidentimiziň adyna hoşallyk sözleri aýdyldy. Bu ýerde ýaňlanan çeper okaýyşlar, aýdym-sazly çykyşlar, çagalaryň şadyýan tanslary, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň şygyrlary mizemez türkmen-rus dostlugynyň beýany boldy.

***Gülsoltan Annagulyýewa*, “Mugallymlar gazeti” gazetiniň jogapkär kätibi.**

# MEKDEP OKUWÇYLARYNYŇ TOMUSKY DYNÇ ALŞYNA BADALGA BERILDI

Hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda beden taýdan sagdyn, ruhubelent nesli kemala getirmek esasy wezipeleriň hatarynda bolmagynda galýar. Eziz Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesliň döwrebap bilimli, terbiýeli bolmagy, bedenterbiýe-sport, aýdym-saz, edebi-çeper döredijilik bilen meşgullanmagy, zehinlerini açmagy, boş wagtlaryny peýdaly işlere sarp etmegi üçin döwlet tarapyndan özboluşly gurşaw döredilendir.






Ýaş türkmenistanlylaryň tomusky dynç alyş möwsüminiň ýokary derejede guralmagy, Köpetdagyň ajaýyp jülgelerinde, Hazar deňziniň ekologiýa taýdan arassa türkmen kenarynda – “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda dynç almagy we saglygyny berkitmegi üçin döwletimiz tarapyndan uly tagallalar edilýär. Her ýylda ministrlikleriň we pudaklaýyn düzümleriň – Bilim, Medeniýet, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleriniň, Sport baradaky döwlet komitetiniň hünärmenleri, iri jemgyýetçilik hem-de beýleki guramalaryň wekilleri tarapyndan çagalaryň göwnejaý dynç almagyny guramaga öňünden düýpli taýýarlyk görülýär, tomusky dynç alşy guramagyň dolandyrylyşy ara alnyp maslahatlaşylýar, geçirilmeli işler meýilleşdirilýär.

Däp bolşy ýaly, şu ýylyň 2-nji iýunynda Türkmenistanyň çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde tomusky dynç alyş badalga aldy. Ajaýyp künjek Gökderede, Awazada we welaýat merkezlerinde, mekdep okuwçylarynyň “Şadyýan tomus – 2024” ady bilen başlanan tomusky dynç alyş möwsüminde eýýäm okuwçylaryň ilkinji tapgyry kabul edildi. Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşynyň başlanmagy bilen, 2-nji iýunda ir säherden paýtagtymyz Aşgabat şäherindäki “Mekan” köşgüniň öňündäki

meýdançadan mekdep okuwçylaryny Gökderedäki sagaldyş-dynç alyş merkezlerine ugratmak dabarasy guraldy.

Köşgüň öňündäki meýdançada köpçülikleýin aýdym-sazly çykyşlar guraldy. Şadyýan aýdymlar, joşgunly tanslar, şatlykly sahna oýunlary meşhur çagalar döredijilik toparlaryndan işjeň dynç almagy halaýan okuwçylar üçin döredijilik sowgady boldy. Özleri üçin niýetlenilen baýramçylyk bezegli ulaglar çagalaryň şatlygyna şatlyk goşdy.

Ýurdumyzyň dürli ýerlerinden we paýtagtymyz Aşgabatdan bolan mekdep okuwçylary baýramçylyk lybasyna beslenen ulaglarda, aýdym-sazyň belent owazy astynda ajaýyp sagaldyş we dynç alyş merkezlerine getirildi. Gökderede mekdep okuwçylarynyň dynç alşynyň ýokary derejede geçirilmegine niýetlenen merkezleriň 14-si bolup, olar bagtyýar çagalaryň birkemsiz dynç almaklary üçin öňünden doly taýýar edildi.

Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşyna badalga berilmegi bilen Gökderedäki sagaldyş-dynç alyş merkezleriniň çäklerinde ýurdumyzyň dürli welaýatlaryndan, obadyr şäherlerinden dynç almaga gelen mekdep okuwçylarynyň bilelikdäki dabaraly ýörişi geçirildi. Onda türkmen halk ertekileriniň gahrymanlarynyň lybaslaryny geýnen okuwçylar aýdym-sazlar, tanslar bilen çykyş etdiler.

Häzirki bagtyýar döwrümizi, hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ähli ulgamlardaky, hususan-da, bilim ulgamyndaky amala aşyrýan düýpli özgertmelerini wasp edýän aýdym-sazlar belentden ýaňlandy. Dabaraly hem-de giň möçberli geçirilýän bagtyýar çagalaryň bu ýörişi häzirki döwürde Watanymyzyň gazanýan ajaýyp üstünlikleriniň aýdyň beýanyna öwrüldi. Ýörişe Türkmenistanyň Bilim ministrliginden, Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginden jogapkär hünärmenler hem gatnaşdylar. Soňra olar tomusky dynç alyş möwsüminiň birinji tapgyryna gelen mekdep okuwçylaryny çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezleriniň ähli amatly şertler döredilen binalarynyň ajaýyp otaglarynda ýerleşdirdiler.

Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşyna badalga berlen ilkinji günden, olar bilen geçirilýän işlere berk gözegçilik ýola goýuldy. Bu ýere dynç almaga gelen mekdep okuwçylarynyň höwesidir gyzyklanmalary göz öňünde tutulyp, döredijilik we sport toparlary döredildi hem-de munuň bilen baglanyşykly geçiriljek çäreleriň meýilnamasy bilen tanyşdyryldy. Olar sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlardan, döredijilik duşuşyklaryndan, dürli tema bagyşlanylan agşamlardan, aýdym-sazly çykyşlardan, ýaryşlardan, bäsleşiklerden, gyzykly çärelerden ybaratdyr. Bu çäreler merkezlerdäki çagalary ruhy taýdan dostlaşdyrar.

Okuwçylaryň dürli oýunlary oýnamaklary, maşklary ýerine ýetirmekleri, bedenterbiýe, sport bilen meşgullanmagy üçin ýörite meýdançalar, şeýle hem medeniýetli dynç almak üçin tans zallary, kompýuter merkezleri, el işleriniň gurnagy, teatr we şekillendiriş sungatynyň studiýalary, baý gory bolan kitaphanalar dynç almaga gelen çagalaryň hyzmatynda. Şeýlelikde, mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş möwsümi, “Şadyýan tomus – 2024” dabaraly hem gyzgalaňly başlandy we bu tapgyrda eýýäm bagtyýarlygyň gujagynda erkana ýüzýän nesliň ruhlary belent, gursaklary ýatdan çykmajak çagalyk ýatlamalaryndan dolýar.

Gökderedäki sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde dynç aljak çagalara geljekde wagtlaryny şadyýan hem gyzykly geçirmäge niýetlenilen çäreler garaşýar. Mekdep okuwçylary üçin kompýuter programmalaryny we daşary ýurt dillerini öwrenmek boýunça, şol sanda, beýleki dürli gurnaklar göz öňünde tutulan bolsa, degişli ýokary okuw mekdepleriniň talyplary hünär ukyplaryny ele almakda tejribelik geçmek üçin Gökderä geldiler.

Ýurdumyzyň sungat ussatlary, teatr, sirk, meşhur aýdym-saz we tans toparlary hem mekdep okuwçylary bilen duşuşmak üçin tomusky dynç alynýan ýerlere geldiler. Çagalar bilen paýtagtymyzyň we welaýatlaryň ajaýyp künjeklerine, taryhy-medeni ýadygärliklere, muzeýlere, seýilgählere gezelençler guralýar.

Birinji tapgyryň başlanmagy bilen, bu çärelere badalga berildi. Awazadaky şypahanalarda hem-de welaýatlarda, öý şertlerinde, maşgalada, mahlasy, islendik görnüşde guralýan tomusky möwsüm çäreleri mekdep okuwçylary üçin juda gyzykly hem ýatda galyjy bolar.

***Oguljahan Nuryýewa,***
**Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň**
**Umumy orta bilim bölüminiň baş hünärmeni.**

# "ÄLEM IÇRE AT GEZER" ROMANYNDA MUGALLYM-OKUWÇY WE ATA-ENE GATNAŞYGY

Okuw işine, esasan, mugallym, okuwçy we ata-ene gatnaşýar. Bu gatnaşygy, başgaça, "Mugallym, okuwçy we ata-ene üçburçluk gatnaşygy" diýip hem atlandyryp bileris. Şeýle gatnaşyk biri-biri bilen berk bagly bolanda, okuwyň has gowy netije berýändigini görmek bolýar. Şu işimize esas edilip alnan romanyň "Ilkinji ýol" atly bölüminde oba adamlarynyň Paraw obasynda açylan mekdebi öz elleri bilen düşekländiklerine we okuwa doly taýýar edendiklerine şeýle mysal bar: "Obadaşlarymyz üýşüp düşeklediler mekdebi. Mugallymyň otagynam düşekledik... Bala-çagalarymyzy sowatly etseň bolar, mugallym. Biz hyzmatymyzy gaýgyrmarys..." (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – Aşgabat: TDNG, 2011. 100 s.).

Bu sözler ýokarda agzalan üçburçluk gatnaşygynyň ilkinji ädimleridir. Berdimuhamet aga oba adamlarynyň mekdep üçin eden zatlaryny görüp, olaryň okuwçylar we mugallym üçin döreden şertlerine uly baha berýär: "Eger-de oba ýaşaýjylary bilimiň nähili zerurlygyna düşünýän bolsalar, onda eýýäm işiň ýarpysynyň bitdigi biläý. Şeýle goldawyň bar ýerinde gowy netijäniň hem boljakdygy gümansyzdyr" (*Şol ýerde,* 100 s.).

Bu gatnaşyk dogry we doly ýola goýlanda, ol mugallym, okuwçy we ata-eneler üçin ýokary netijeleri berýär. Mugallym, okuwçy hem ata-ene üçburçluk gatnaşygy takyk we talabalaýyk ýerine ýetirilende, okuwçynyň sapaklaryna gatnaşygy has gowulanyp, oňat netije berýär. Berdimuhamet Annaýewiň Paraw obasynda mugallymçylyk eden döwründe onuň girizen "Öwreneniňi öwret!" diýen täzeligi muňa mysaldyr: "Çagalar mekdepde öwrenenlerini öýlerine gelensoňlar, jigilerine-de, hatda ata-enelerine-de öwredýärdiler. Olaryň aýdýanlaryny öýlerindäkileriň näderejede özleşdirýändikleri belli bolmasa-da, çagalar özgelere öwretjek bolup, dersleri mazaly bişirýärdiler" (*Şol ýerde,* 109 s.).

Bu gatnaşyk döran we dowam eden ýagdaýynda, okuwçy sapaklaryny has gowy öwrenip, olary özleşdirip bilýär. Berdimuhamet Annaýewiň "Öwreneniňi öwret!" diýen täzeligi diňe bir okuwçynyň şol sapagy öwrenmegi däl, eýsem, öz öwrenenlerini töweregindäkilere öwretmek arkaly, okuwçyny mekdep bilen ata-ene arasyndaky gatnaşygyň "ilçisine" öwürýär. Şeýlelikde, okuwçyda bolýan özgermeler ata-enäniň göwnüne ýarap, olaryň mekdebe, mugallyma bolan sarpasy, hormaty we ynamy has-da artýar.

Çagalara hemişe söýgi, mylaýymlyk bilen täsir etmäge çalşan Berdimuhamet mugallym synagdan geçen usullara daýanýardy. Uly adamlaryň çagalara täsir etmeginiň iň güýçli tärleri olara bolan söýgüsinde, mähribanlygynda, bilim-düşünjesinde we mertebesinde jemlenýär.

Okuwçylary bilen sazlaşykly gatnaşygy ýola goýan ussat mugallym bilim baýlygyny çagalara berýärdi. "Ol ýokary ruhy-ahlak medeniýetiniň göreldesini görkezýärdi, öz okuwçylarynda ahlaklylygy we özüňi mynasyp alyp barmak endiklerini terbiýeleýärdi" (*Şol ýerde,* 165 s.). Şeýle bolanda, okuwçylar öz mugallymlarynyň öwüt-ündewlerini ýatlarynda hemişe saklap, olara wepaly bolýarlar. Bu gatnaşygyň berk bolmagy üçin taraplaryň arasynda söýgi, sylag we hormat bolmalydyr. Okuwçy öz mugallymyny ýürekden söýende, onuň öwütlerini, sargytlaryny ömrüne pent edinýär we ol nesihatlar olaryň durmuşyna ýagtylyk berýän yşyk bolýar.

Mugallym, okuwçy we ata-ene üçburçluk gatnaşygy, köplenç ýagdaýda, mugallymyň işjeňligi, kärine bolan söýgüsi we yhlasy netijesinde döreýär. Mugallym kärine yhlas bilen ýapyşsa, ony ýüregi bilen söýse, netijesi ähli taraplara peýdaly bolan bu gatnaşygyň has hem ykjamlaşmagyna getirýär. Bu gatnaşygyň oňaýly täsiri netijesinde ata-enäniň mekdebe bolan ynamy we söýgüsi hem artýar. Romanda bu barada birnäçe mysal getirilýär: "Abdyweli işleýän obasynda adamlaryň öz çagalarynyň okaýşyna şeýle uly ähmiýet berýändiklerini begenip gürrüň bererdi. Ol gürrüňleriň birem şol obadan Şabasan Garamürri diýen adamyň obanyň ortarasyndaky şaňlap duran jaýyny mekdep üçin bermesidi. Obadaşlary bu jaýyň gädigini-gemrigini düzedip, ony pollap, potoloklap, arassalap, agardyp, mekdep jaýy edişlerini, başlangyç mekdebi bu ýere göçürip getirişlerini soň-soňlaram tolgunyp ýatlardylar" (*Şol ýerde,* 132 s.).

Ata-eneleriň mekdep bilen gowy gatnaşygynyň ýene bir netijesini Berdimuhamet Annaýewiň Kirow raýonynyň "Gyzyl çarwa" kolhozyndaky 6-njy doly däl orta mekdebiň direktory wezipesinde işlän döwürlerinde aýdyň görmek bolýar. Onuň mekdebi täzeden gurmak baradaky pikirlerini goldan "Oba ilaty-da ýaş direktoryň mekdep barada edýän aladalaryndan çetde durmady. Täze hökümete gyýa göz bilen garaýan baýlar hem "ellerini açdylar". Öz çagalarynyňam şeýle mekdepde okamagyny islediler" (*Şol ýerde,* 142 s.). Bu mysal ata-eneleriň mekdebe ynamyny we bu ynamy gazanmakda ýene-de mugallymyň işjeňliginiň, yhlasynyň esasy zat bolup durýandygyny subut edýär. Romanda bu gatnaşyga getirilýän mysallardan ýene birinde şeýle diýilýär: "Obadaşlary Berdimuhamedi onuň mugallymçylyk ussatlygy, bilim gorunyň çäksizligi üçin hormatlaýardylar" (*Şol ýerde,* 165 s.).

Ata-ene mekdebi, mugallymy ýürekden söýende, oňa uly hormat goýýar we munuň şeýle bolmagy üçin ýene-de mugallyma uly iş düşýär. Mugallym hemme zat babatda görelde bolmalydyr. "Bilimli, köp ugurdan baş çykarýan, oňat terbiýeli mugallym diňe okuwçylar üçin däl, eýsem hemmeler, her bir adam üçin mugallymdyr" (*Şol ýerde,* 211 s.).

Mugallym-okuwçy we ata-ene gatnaşygynyň döremeginde, sazlaşykly ýöredilmeginde we oňyn netije bermeginde mugallymyň işiniň, tejribesiniň we şahsy edim-gylymlarynyň uly hyzmaty bar. Berdimuhamet mugallymyň nusgalyk pentlerini diňlesek, bu gatnaşygyň emele getirilmeginde we onuň mugallymyň kämilleşmeginde näderejede ähmiýetlidigini görüp bileris: "Mugallymyň çagalara berýän pentleri ýöne gury sözler bolman, eýsem onuň ähli edim-gylymlarynda, onuň şahsy mysalynda öz beýanyny tapmalydyr. Onuň häsiýetiniň iň ajaýyp taraplary çagalar üçin nusga bolmalydyr" (*Şol ýerde,* 163 s.).

"Öz dogry ýoluny we durmuşdaky öz ornuny tapan okuwçylar – munuň özi mugallymyň gazanan "bäşlik" bahalarydyr. Başga ýol bilen gidenler, öz halkyna peýda getirmeýänler, özlerem, özünem horlaýanlar bolsa, mugallymyň ekzamenlerden alan "ikilikleridir". Mugallym "ikilik" almazlyga çalyşmalydyr. Sebäbi şol "ikiligiň" her biriniň aňyrsynda bir adamyň ykbaly ýatyr (*Şol ýerde,* 170 s.). "Gowy mugallym özüni çaganyň ýerinde, çagany bolsa öz ýerinde goýup göz öňüne getirmäge çalşar" (*Şol ýerde,* 173 s.).

"Eger-de çagany berk düzgünde saklasaň, ol gorkak bolar, gorkak bolsa-da, ýalançylyga ýüz urar. Soň bu ýaramaz häsiýet endige öwrülip, beýleki durmuş şertlerine-de geçer. Ukypsyz çaga ýokdur, her bir çaganyň öz aýratyn bir tapawutlanýan tarapy bardyr... Mugallymyň borjy okuwçynyň kemçiligini, ýetmezini ýüze çykarmak däl-de, eýsem, onuň başarýan zadyny ýüze çykarmakdyr, şony ösdürmekdir we kämilleşdirmekdir, netijede ony gowy şahsyýet edip ýetişdirmekdir"... Haçan-da mugallym: "Meniň geçýän dersim iň möhüm, iň zerur, iň gowy sapakdyr, beýlekiler ikinji derejeli derslerdir" diýen güni ol öz kärinem, öz işdeş ýoldaşlarynam "satdygydyr", abraýyny gaçyrdygydyr (*Şol ýerde,* 224 s.).

Berdimuhamet mugallym özüniň iş we durmuş ýörelgelerinde öz okuwçylaryna, şägirtlerine, ata-enelere hemmetaraplaýyn görelde bolmagy başarypdyr. Ol özüniň tutanýerliligi bilen mugallym, okuwçy we ata-ene üçburçluk gatnaşygyny ynam we hormat esasynda döredip, ony nusgalyk derejede saklap, ähli taraplar üçin bähbitli netijeler bermegini gazanyp bilipdir.

Ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyny gazanmak üçin ýurdumyzda kämil enjamlar bilen enjamlaşdyrylan döwrebap çagalar baglary, umumybilim berýän mekdepler, ýörite orta we ýokary okuw mekdepleri guruldy we gurulýar. Mugallymlar täze döwrüň talaplaryna laýyk, täzelikçi, bäsleşige ukyply, hünär derejesi kämil hünärmenler bolmalydyr.

"Älem içre at gezer" atly bu ajaýyp kitap Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pederleriniň diňe bir mugallymçylyk bilen şöhratlanan durmuş ýoluny beýan etmän, eýsem, geljekki mugallymlara kärinde kämilleşmegiň mugallymçylyk ýörelgelerini-de görkezýär, has takygy, bu eser kämilligiň mekdebi bolup hyzmat edýär we ol mugallymlaryň, pedagoglaryň, usulyýetçileriň, umuman, bilim işgärleriniň ýankitabyna öwrüldi.

***Meretguly Gurbanow,***
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Ylym bölüminiň başlygy.**
***Meňli Muhammedowa,* şol institutyň Ylym bölüminiň 1-nji derejeli hünärmeni.**

# INNOWASION YKDYSADY ÖSÜŞDE HÜNÄRMENLERI GAÝTADAN TAÝÝARLAMAK MÖHÜM WEZIPEDIR

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: 2022 – 2052-nji ýyllarda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda” ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny innowasiýa taýdan täze sepgitlere ýetirmek babatda anyk wezipeler, durmuşa geçirilmeli toplumlaýyn işler kesgitlenendir. Maksatnamada milli ykdysadyýetimizi innowasion taýdan ösdürmek, önümçilige ylmyň gazananlaryny we täze tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, ösen ýurtlaryň tejribesine laýyklykda, innowasiýalar bazaryny döretmäge we ösdürmäge ýardam bermek, şeýle-de, ylym we tehnologiýalar ulgamynda innowasiýa işini goldamak hem-de dolandyrmak ýaly wezipeleri mysal hökmünde görkezmek bolar.

Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, “milli innowasion ulgamy kemala getirmek, nanotehnologiýalary döretmek, intellektual zähmetiň abraýyny we meýlini ýokarlandyrmak bilen, ylymda we bilimde ileri tutulýan ösüşiň hasabyna tehnologik öňegidişligi amala aşyrmak” ýurdumyzda adam maýasyny ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hataryna degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, jemgyýetiň ykdysady durmuşynda we ösüşiň ähli ugurlarynda adam maýasynyň ähmiýeti yzygiderli artýar.

Innowasiýalar uzak möhletli ykdysady ösüşiň, dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygy üpjün etmegiň, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň esasy çeşmesidir. Ykdysadyýetiň pudaklarynyň durnukly ösüşiniň innowasion ösüşi gazanmakda milli innowasiýa ulgamynyň ähmiýeti uludyr. Bu ulgamyň işi, esasan, işewürlik, ylmy-barlag işleriniň taýýarlanylyşy we önümçilige ornaşdyrylyşy, innowasion gurluşlar (tehnologiýalaryň transfer merkezleri, tehnologiýa parklary we ş.m.), guramaçylykly raýat jemgyýeti, innowasiýa işleri boýunça daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde amala aşyrylýar. Milli Maksatnamada Türkmenistanyň geljekki innowasion industrial ösüşini üpjün etmek boýunça kesgitlenen maksatlaryň we wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegini gazanmak üçin, ilkinji nobatda, ýurduň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny has-da ýokarlandyrmak zerur şertleriň biridir.

Şeýle-de, ykdysady ösüşe we halkyň maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet girdejileriniň we çykdajylarynyň netijeli ulgamyny emele getirmek, täze uglewodorod däl senagat mümkinçiliklerini döretmek, ykdysadyýetiň innowasion düzümini ösdürmek, adam maýasynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek häzirki döwrüň ileri tutulýan wezipeleriniň hatarynda durýar. Maksatlary, mazmuny we döwlet dolandyryş ulgamynda tutýan ornuna ser salanyňda, döwlet gullukçylaryny taýýarlamak ulgamynyň islendik döwletiň we jemgyýetiň durmuşynda hem-de işinde iň bir möhüm jemgyýetçilik-syýasy hadysa hökmünde çykyş edýändigi äşgärdir. Bu iş döwrüň talabyna laýyklykda ýola goýlandyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz häzirki wagtda ylym-bilimi ösdürmezden, çylşyrymly tehnologiýalardan baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamazdan, dünýäniň okgunly ösüşine goşulmak, döwür bilen aýakdaş gitmek asla mümkin däldigini belleýär. Şu nukdaýnazardan garalanda, ýaşlary hünäre ugrukdyrmak, ylym-bilim ulgamyny ösdürmek arkaly, hünärmen taýýarlamak meselesini üstünlikli çözmek döwlet syýasatynyň möhüm wezipeleriniň biriliginde galýar. Häzirki zamanyň innowasion ykdysady ösüşinde milli jemgyýetimizde hünäre taýýarlamak işi, esasan, üç tapgyrda amala aşyrylýar.

**Birinji tapgyr.** Ýaşlary hünärlere gönükdirmek boýunça bilim-terbiýeçilik işlerini yzygiderli we döwrüň ýokary talaplaryna laýyk derejede alyp barmak, ýaş nesilde zähmetsöýerligi terbiýelemäge her bir maşgalanyň, bilim-terbiýeçilik edaralarynyň öňünde durýan esasy wezipeleri hökmünde garamakdyr. Bu umumybilim berilýän döwürde hünäre ugrukdyrmakdyr. Munuň özi sapakda we sapakdan daşary işlere, hünäre höwesi terbiýelemegiň hem-de on iki ýyllyk bilimde ýokary synp okuwçylary bilen hünär sapaklarynyň artdyrylmagynyň şahsyýetiň hünäre bolan ugrukmasynyň hasabyna has-da berkidilmegidir. Hünär bilimi edaralaryna girýänçäler, ýaşlarda ugrukdyrylan hünäri babatda bellibir höwes, ymtylma, gyzyklanmalar we hünär bilimi babatdaky düşünjeler kemala getirilýär.

**Ikinji tapgyr.** Ýurdumyzda hereket edýän hünär bilim edaralarynyň hasabyna ýörite ugurlarda jemgyýetimiz üçin zerur bolan hünärmenler taýýarlanylýar. Başlangyç, ýörite we ýokary okuw mekdepleri ýörite hünär bilimi edaralarydyr. Şeýle bilim edaralarynyň esasy wezipesi milli ykdysadyýetiň zerur pudaklary üçin hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr. Munuň özi döwletimizde bilim ulgamyny döwrebap ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işleriň iňňän uzaklary nazarlaýandygyny hem-de çuňňur mana eýedigini görkezýär. Ikinji tapgyrda hünärmen doly derejede taýýardyr. Bu tapgyr gaýtadan taýýarlamak tapgyrynyň öňüsyrasydyr.

**Üçünji tapgyr.** Bu hünärmeniň hünär bilimine eýe bolanyndan soňra, innowasion ykdysady ösüşde hünärmenleri gaýtadan taýýarlamak wezipesiniň amala aşyrylýan tapgyrydyr. Hünärmenleri ýetişdirmegiň dünýä ülňülerine laýyk getirilen bu usulynyň üstünlikli amala aşyrylmagy döwletimizde bilim ulgamyny döwrebap ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işleriň iňňän uzaklary nazarlaýandygyny hem-de çuňňur mazmuna eýedigini görkezýär.

Gahryman Arkadagymyz "Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna" atly ylmy-filosofik eserinde häzirki zaman jemgyýetiniň hakyky gymmatlyklaryň baýlyklarda däl-de, eýsem adamlardadygyny, olaryň bilimindedigini, hünär derejesindedigini we zähmetiniň netijesindedigini görkezýändigini belleýär.

Türkmenistanda hünärmenleri gaýtadan taýýarlamak bilen bagly wezipe ileri tutulýan esasy ugurlaryň hatarynda durýar. Bu ugurda kanunçylygyň işjeňleşdirilmegi we kämilleşdirilmegi bilen ösüşli ýollara düşýäris. "Döwlet gullugy hakynda", "Döwlet gullukçysynyň etikasy we gulluk özüni alyp barşy hakynda", "Türkmenistanyň Zähmet kodeksi", "Diplomatik gulluk hakynda" Türkmenistanyň Kanunlary hünärmenleri ýokary talaplarda gaýtadan taýýarlamagyň möhüm hukuk esaslaryny kesgitleýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döredilmegi köp babatda tejribäni baýlaşdyrmaga ýardam berýär. Akademiýada döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamagyň häzirki zaman talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, halkara tejribesini öwrenmäge uly ähmiýet berilýär. Bu ugurda birnäçe daşary ýurtlaryň ugurdaş edaralary we halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmek baradaky ylalaşyklara gol çekildi. Şol resminamalaryň çäginde döwlet dolandyryşyna, döwlet gullugyna degişli we beýleki ugurdaş işler alnyp barylýar.

Akademiýa döredilenden bäri, birnäçe halkara guramalar bilen döwlet gullugyna degişli işleri meýilnama esasynda amala aşyrýar. Meýilnamada daşary ýurtlardaky ugurdaş akademiýalaryň tejribesini öwrenmäge, döwleti dolandyryşy ugry boýunça hünärlere magistr derejesini berýän okuw maksatnamalaryny taýýarlamaga, döwlet gullugynyň möhüm meseleleri boýunça okuwlary guramaga, duşuşyklary geçirmäge tejribeli mugallymlar hem-de akademiýanyň we beýleki edaralaryň hünärmenleri gatnaşýarlar. Olary tejribe okuwlaryna daşary ýurtlara saparlara ugratmaga mümkinçilik berjek çäreler göz öňünde tutulýar. Sanly dolandyryş ulgamynyň dünýä tejribelerini öwrenmek üçin iş saparlaryny guramak hem-de Ýewropanyň Döwlet dolandyryş özgertmeleri boýunça öňdebaryjy tejribelerini öwrenmek meýilleşdirilýär.

Hünärmenleri gaýtadan taýýarlamak ulgamyny kämilleşdirmek syýasaty innowasiýa daýanýan ykdysady ösüşi gazanmagyň möhüm şertidir. Netijeli ykdysady ösüş gazanmak üçin kämil adam kapitalyny ösdürmek zerurlykdyr. Adam maýasyny ösdürmek, milli ykdysadyýetiň sazlaşykly we durnukly ösüşiniň täze modelini dolandyrmak boýunça okuwlar guralýar. Pudaklary ýokary taýýarlykly hünärmenler bilen üpjün etmek, ylymda we tehnikada gazanylan oňyn netijelere esaslanyp, milli bilim ulgamyny kämil derejede ösdürmek barada alnyp barylýan işler oňat netije berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň alnyp barlyşynda ýaş hünärmenleri taýýarlamak, ýaşlara ykdysadyýetiň zerur pudaklarynda özleriniň ornuny tapmaklaryna ýardam bermek, zähmet çekmegi üçin has oňaýly şertleri döretmek, ýaşlaryň jemgyýetiň ösüşine saldamly goşant goşmagyny gazanmak döwlet syýasatynyň möhüm ugurlaryna öwrüldi. Munuň özi, döwlet derejesinde innowasion ykdysady ösüşde hünärmenleri gaýtadan taýýarlamagyň möhüm wezipe bolmagyndan, onuň üstünlikli çözülmegi babatda degişli işleriň alnyp barylýandygyny aňladýar.

***Selimberdi Hojaberdiýew,***
**Aşgabat şäher Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliginiň başlygynyň orunbasary.**

Baýram Bäşimow, Sapargeldi Durdyýew

# OKATMAGYŇ USULYÝETINI KÄMILLEŞDIRMEGI TÄZE DEREJÄ ÇYKARÝAN KONSEPSIÝA

Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň 25-nji maýynda çykaran Karary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim bermegiň hilini dünýä standartlaryna laýyk getirmek, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, bu ugurda innowasion usullary okuw işine giňden ornaşdyrmak, mugallymlaryň döredijilik başarnyklaryny hem-de ussatlygyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy” we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy tassyklanyldy.

Bu Konsepsiýa Türkmenistanyň umumybilim maksatnamasynyň çäklerinde bilim almagyň döwlet bilim standartlarynyň talaplaryna laýyklykda, bilimiň ähli derejelerinde okuw derslerini okatmagyň usulyýetini yzygiderli kämilleşdirmegiň maksatlaryny, wezipelerini we häzirki zaman çemeleşmelerini, şeýle hem okatmagyň milli we dünýä tejribesine, halkara standartlaryna laýyklygyny üpjün etmäge gönükdirilen resminamadyr.

Konsepsiýa 8 bapdan ybaratdyr: Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetiniň häzirki ýagdaýy; Konsepsiýanyň esasy maksady we wezipeleri; umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň esasy ugurlary; umumybilim maksatnamalary boýunça pedagogik işgärleri taýýarlamagy, gaýtadan taýýarlamagy, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagy kämilleşdirmegiň esasy ugurlary; umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek babatda halkara hyzmatdaşlyk; Konsepsiýany amala aşyrmagy maliýeleşdirmek; Konsepsiýanyň amala aşyrylmagyndan garaşylýan netijeler.

Döwlet Baştutanymyzyň uly aladalary we yhlasy bilen bu Konsepsiýada Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilimiň, ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň güýçli depginler bilen ösdürilmegi, okatmagyň has amatly we ýokary netijeli innowasion tehnologiýalaryň okuw-terbiýeçilik işlerine giňden ornaşdyrylmagy, döwletimiziň dünýäniň bilim giňişligine sazlaşykly goşulyşmagy umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetiniň kämilleşdirilmegi arkaly ösüp gelýän ýaş nesle berilýän bilimiň hiliniň ýokarlandyrylmagy we mazmunynyň yzygiderli baýlaşdyrylmagy möhüm wezipeler hökmünde öňde goýulýar.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuşykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda” bilimde, ylymda we tehnikada gazanylan oňyn netijelere esaslanyp, ýurdumyzyň milli bilim ulgamyny kämil derejede ösdürmek, ylymly, bilimli, giň gözýetimli, maksada okgunly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek, öňdebaryjy innowasiýa tehnologiýalaryndan baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak işlerini amala aşyrmak bellendi [2].

Hormatly Prezidentimiz: “Ösüp gelýän nesillerimize ata-babalarymyzyň öwüt-ündewleriniň esasynda bilim we terbiýe berlişini has-da kämilleşdirmek milli bilim ulgamynyň möhüm wezipesidir. Şoňa görä-de, bilim özgertmelerini has-da işjeňleşdirmek, bu işiň döwrüň talaplaryna we halkara standartlara laýyklygyny üpjün etmek, pedagogik işgärleriň hünär ussatlyklaryny, bilimlerini we başarnyklaryny yzygiderli ösdürmekde okatmagyň usullaryny nazaryýet we tejribe taýdan kämilleşdirmek babatdaky işler utgaşdyrylyp dowam etdirilmelidir. Ýaş nesillerimiziň bilimleriň we ylymlaryň esaslaryny, akyl we fiziki zähmet endiklerini özleşdirmekleri, olarda ýokary ahlak sypatlaryny, sagdyn durmuş ýörelgelerini terbiýelemek üçin mugallymlarymyz hemişe döredijilik gözleginde bolmalydyr” diýip nygtaýar [1]. Döwlet Baştutanymyzyň bu gymmatly tabşyryklary umumybilim edaralarynda ýaşlaryň okuw derslerini çuňňur özleşdirmeklerini üpjün edýän okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça sazlaşykly ulgamyň döredilmegini we onuň yzygiderli kämilleşdirilmegini talap edýär.

Konsepsiýanyň esasy maksady umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini döwrebaplaşdyrmagyň esasynda dünýä jemgy-

ýetçiliginde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bähbitlerini goramaga taýýar, çuňňur bilimli, döredijilikli pikirlenip bilýän, watansöýüji, zähmetsöýer, ahlak taýdan arassa, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen kämil şahsyýetleri kemala getirmekden we ösdürmekden; okatmagyň hilini yzygiderli ýokarlandyrmakdan we has-da kämilleşdirmekden; berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmakdan, ýokary hünärli pedagogik işgärleri magistraturalarda, aspiranturalarda we doktoranturalarda taýýarlamagyň gerimini giňeltmekden we hilini ýokarlandyrmakdan; okuw-terbiýeçilik işlerinde sanly serişdeleriň mümkinçiliklerini peýdalanmagyň gerimini giňeltmekden we depginini çaltlandyrmakdan ybaratdyr. Şeýle hem, ol pedagogik işgärleriň döredijilik başarnyklaryny we hünär ussatlygyny döwrüň talaplaryna laýyklykda ýokarlandyrmagy; ýaşlara geljekde mugallymçylyk hünärini saýlamaga ýardam bermegi; pedagogik ugurly ýokary (orta) hünär bilim edaralarynda geljekki pedagogik işgärleri taýýarlamagyň, olaryň okatmagyň usulyýeti babatdaky nazaryýet we tejribe taýdan taýýarlyklarynyň derejesini ýokarlandyrmagy; bilim pudagynyň özüne çekijiligini ýokarlandyrmagy we halkara derejesinde bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmegi; pedagogik işgärleriň, okaýanlaryň hem-de olaryň ata-eneleriniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň abraýyna we mertebesine hormat goýmakda, ruhy, ahlak we estetik taýdan özüni alyp barmakda we daşky keşbi bilen okaýanlara görelde bolmagy; dürli halkara maksatnamalarynyň (PISA, TIMSS, PIRLS) görkezijilerini milli bilim ulgamyna ornaşdyrmak işlerini alyp barmagy we şolaryň esasynda yzygiderli seljermeleri geçirmegi hem maksat edinýär.

Bu anyk maksatlara durmuşda amal etmek üçin bolsa, täze Konsepsiýanyň esasy wezipeleri hökmünde: umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň esasy ugurlaryny we ýollaryny kesgitlemek; umumybilim maksatnamalary boýunça pedagogik işgärleri taýýarlamagyň, gaýtadan taýýarlamagyň, olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmagyň, pedagogik işgärleriň hünär ussatlyklaryny, bilimlerini we başarnyklaryny kämilleşdirmegiň ulgamyny döwrebaplaşdyrmak; okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek arkaly okuw işini okaýanlaryň her biri bilen aýratynlykda alyp barmak (indiwiduallaşdyrmak) ýörelgelerini bilim ulgamyna tapgyrlaýyn ornaşdyrmak; döwrebap innowasion tehnologiýalary, şeýle hem sanly bilim tehnologiýalaryny okuw-terbiýeçilik işlerinde giňden ulanmak arkaly umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmäge degişli täze elektron okuw-usulyýet toplumlaryny taýýarlamak; umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini yzygiderli kämilleşdirmegiň esasynda ýaşlara çuňňur bilim we döwrebap terbiýe bermekde, olary iş ýerleri bilen üpjün etmekde mekdepden daşary we goşmaça bilimiň häzirki zaman usullaryny we ugurlaryny ornaşdyrmak; döwlet-hususy hyzmatdaşlygyny yzygiderli ösdürmek arkaly bilim ulgamynda bäsleşik gurşawyny giňeltmek; umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň ylmy-usuly üpjünçiligini yzygiderli berkitmek, kämilleşdirmek we ösdürmek bellenildi. Şonuň ýaly-da bu möhüm resminamanyň wezipeleriniň hatarynda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini döwrebaplaşdyrmak babatda daşary ýurtlaryň degişli ylym-bilim edaralary, ylmy-barlag merkezleri bilen halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek; umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmekden garaşylýan netijeleri kesgitlemek; ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak işine işgär sargytçylary işjeň çekmek; ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde öňdebaryjy pedagogik işgärleriň, terbiýeçileriň iş tejribesi barada makalalaryň we gepleşikleriň berlişini güýçlendirmek; pedagogik ugurly ýokary (orta) hünär bilimi edaralarynda okatmagyň usulyýetine degişli dersleriň okuw maksatnamalaryna türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýiti zehininden dörän kitaplarynda öňe sürülýän nesil terbiýesi bilen baglanyşykly möhüm pedagogik ýörelgeleri girizmek ýaly wajyp wezipeler kesgitlendi.

Konsepsiýada “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasyna laýyklykda, umumybilim maksatnamalaryň ähli derejeleri boýunça, has takygy, mekdebe çenli bilim, başlangyç bilim, esasy we doly orta bilim, mekdepden daşary we goşmaça bilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň esasy ugurlary anyk kesgitlenilýär [3].

Umumybilim edaralarynyň we mekdebe çenli çagalar edaralarynyň pedagogik işgärleriniň hünär bilimlerini we mugallymçylyk ussatlygyny yzygiderli kämilleşdirmek we usuly taýýarlygyny has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, "Öz-özüňi kämilleşdirmek" atly depderi döretmek, ony bilim edaralarynyň iş tejribesine girizmek, ony ýöretmäge degişli gözükdirijini taýýarlamak, her okuw ýylynyň ahyrynda bolsa pedagogik işgärleriň şol depderi ýöretmek boýunça alyp baran işlerine ylmy-usuly taýdan baha bermek göz öňünde tutulýar.

Konsepsiýada bilim edaralarynda halypa-şägirt gatnaşyklarynyň ýola goýluşyna we alnyp barlyşyna ünsi has-da güýçlendirmeklige, bu möhüm ugurdaky işleri döwrüň talaplaryna laýyk guramak we olara yzygiderli gözegçilik etmek aýratyn orun tutýar. Halypa-şägirt gatnaşyklarynyň tertibini işläp düzmek we ony bilim ulgamyna ornaşdyrmak, bu ugurdaky işleriň mazmunyny yzygiderli baýlaşdyrmak we hilini ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar. Resminamada ýaş pedagogik işgärlere, daşary ýurtlaryň pedagogik ugurly ýokary okuw mekdeplerini tamamlap gelen we täze işe başlan ýaşlara halypalyk edýänleri höweslendirmegiň usullaryny we serişdelerini kämilleşdirmek, bilim edaralarynyň iş tejribesine ornaşdyrmak ýaly möhüm ugurlar beýan edilýär.

Konsepsiýanyň mazmunynda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek babatda halkara hyzmatdaşlyga hem möhüm orun berlipdir. Şunda okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek maksady bilen, öwretmegiň innowasion usullaryny, şol sanda, uzak aralykdan bilim bermek tehnologiýalaryny ulanmak arkaly okatmagyň usulyýeti boýunça dünýä we milli tejribede gazanylan üstünlikleri, ýetilen sepgitleri yzygiderli öwrenmek babatda giň mümkinçilikleri döretmek göz öňünde tutulypdyr.

**Türkmenistanyň Milli bilim instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 12-nji iýuny**

**EDEBIÝAT**

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

2. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasy. – Aşgabat: TDNG, 2022.

3. "Bilim hakynda" (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat: TDNG, 2021.

**B. BYASHIMOV, S. DURDYYEV**

**THE CONCEPT OF IMPROVING TEACHING METHODS – AS TRANSITION TO A NEW MODEL OF HIGHER EDUCATION**

This article highlights the strategy for improving teaching methods in general education programs in accordance with the "Concept for Improving Teaching Methods in General Education Programs in Turkmenistan until 2028," approved by the Decree of the President of Turkmenistan on May 25, 2024. The Concept envisions the introduction of innovative teaching methods at all levels of general education programs (preschool, primary, basic secondary, complete secondary, extracurricular, and additional education) in line with the competence-based approach and the achievements of advanced global experience. The article also addresses current issues of teacher training in light of the new Concept.

**Б. БЯШИМОВ, С. ДУРДЫЕВ**

**КОНЦЕПЦИЯ СОВЕРШЕНСТВОВАНИЯ МЕТОДИКИ ОБУЧЕНИЯ – ДОКУМЕНТ, ПРИЗВАННЫЙ ВЫВЕСТИ КАЧЕСТВО ОБРАЗОВАНИЯ НА НОВЫЙ УРОВЕНЬ**

Данная статья освещает стратегию совершенствования методики обучения по общеобразовательным программам в соответствии с «Концепцией совершенствования методики обучения по общеобразовательным программам в Туркменистане до 2028 года», утвержденной Постановлением Президента Туркменистана от 25 мая 2024 года. Концепция предусматривает внедрение инновационных методов обучения на всех уровнях общеобразовательных программ (дошкольного, начального, основного среднего, полного среднего, внешкольного и дополнительного образования) в соответствии с компетентностным подходом и достижениями передового мирового опыта. В статье также рассматриваются актуальные вопросы повышения квалификации педагогов в свете новой Концепции.

Saparmyrat Garataýew

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNYŇ ÝEWROPA ÝAÝRAMAGY

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Ynsan kalbynyň öçmejek nury" atly kitabynda: "Magtymgulynyň döredijiligi bu gün diňe türkmen halkyna däl, eýsem, tutuş adamzada ruhy lezzet berýär. Şonuň bilen birlikde, şahyryň döredijiligi durmuş bilen baglanyşykly meseleler babatda oýlandyrýan döredijilikdir. Onuň aýdym bolup dillerde ýaňlanan, parasat bolup aňa siňen ajaýyp şygyrlarynyň dünýä dilleriniň onlarçasyna terjime edilendigi we edilýändigi, ine, şol sebäplidir" [1, 52 s.] diýlip bellenilýär. Şoňa görä-de, akyldar şahyrymyzyň eserleriniň daşary ýurtlara ýaýramagynyň ýollaryny anyklamak häzirki döwrüň wajyp meseleleriniň birine öwrüldi.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny ilkinji bolup Ýewropa halklaryna ýaýradan milleti polýak bolan rus diplomaty Aleksandr Hodzko-Boreýkodyr. Polýak şahyry, gündogarşynas, rus diplomaty Aleksandr Hodzko 1804-nji ýylyň 30-njy awgustynda Belarusuň Kriwiçi şäherçesinde dogulýar. Ol 1820-nji ýylda Litwanyň paýtagty Wilnýusdaky uniwersitete okuwa girýär. Uniwersiteti tamamlandan soňra, 1824-nji ýylda Sankt-Peterburg şäherinde Russiýanyň Daşary işler ministrliginiň ýanyndaky Gündogar dilleri institutyna okuwa kabul edilýär. A.Hodzko institutda okan döwürlerinde ady belli rus şahyrlary A.S.Puşkin, B.A.Žukowskiý hem-de başga birnäçe ýazyjy-şahyrlar bilen tanyşýar.

1830-njy ýylda A.Hodzko Eýrana rus diplomaty hökmünde işe iberilýär. Ol bu ýurtda 1842-nji ýyla çenli, ilki bilen, Töwrizde, soňra bolsa Gilýanda dürli diplomatik wezipelerde gulluk edýär. Ol şol döwürlerde gulluk işlerinden boş wagtlary pars we türki dilli halklaryň edebiýatlaryny öwrenmek bilen meşgul bolýar. Ol Magtymgulynyň poeziýasyny şahyryň türkmen dilinden pars diline terjime edilen şygyrlarynyň üsti bilen öwrenýär.

A.Hodzko 1842-nji ýylda "Specimens of the Popular Poetry in Persia" ("Eýran halk poeziýasyndan bölekler") atly eserinde Magtymgulynyň üç sany şygryny iňlis diline terjime edip, çapdan çykarýar. Bu neşirde ol Magtymguly hakynda gysgajyk maglumatlary hem-de türkmen halk eposy "Görogly" barada çaklaňja bölejigi okyjylara hödürleýär.

Häzirki wagtda A.Hodzkonyň "Popular poetro of Persiýa" atly ylmy işi Fransiýanyň paýtagty Pariž şäheriniň Milli kitaphanasynda saklanýar. Bu eserleri 1843-nji ýylda fransuz şahyrlary Žorž we Sand fransuz diline terjime eden bolsalar, 1856-njy ýylda S.Penne tarapyndan rus diline geçirilipdir.

Aleksandr Hodzko 1842-nji ýylda diplomatik gullugy tamamlandan soňra, Ýewropa ýurtlaryna syýahata gidýär we ömrüniň ahyryna çenli Fransiýanyň paýtagty Parižde ýaşaýar. Ol 1891-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Fransiýanyň Nuazi-le-Sek (Noisy-le-Sec) şäherinde aradan çykýar.

Polýak şahyry we gündogarşynasy A.Hodzkodan soňra akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň adyny we şahyrana döredijiligini Günbatara ýaýradan ady belli wenger syýahatçysy we gündogarşynasy, professor Arminiý Wamberidir. Ol 1831-nji ýylda wengerleşen bir maşgalada dünýä inýär. Üç ýaşyndaka, kakasy aradan çykyp, ejesiniň elinde terbiýelenýär hem-de dini bilim berýän orta mekdebi tamamlaýar. Şeýle hem, ol türkologiýa ylmynyň ähli ýörelgelerini doly özleşdirýär we on iki ýaşyna ýetende, alty dilde arkaýyn gürleşip bilipdir. 1852-nji ýyldan başlap, türkologiýa ylmyny düýpli öwrenmäge başlaýar we Wenger Ylymlar akademiýasynyň agzalygyna kabul edilýär.

A.Wamberi 1862-nji ýylda Wenger Ylymlar akademiýasynyň razylygy bilen Gündogar ýurtlaryna syýahata ugraýar. Türkmen, özbek we garagalpak halklarynyň folkloryny, edebiýatlaryny öwrenmek bilen bir hatarda, wenger halkynyň döreýiş taryhyny, wengerleriň Gündogar halklary bilen taryhy kökleriniň birligini anyklamak onuň esasy maksady bolupdyr.

A.Wamberi Türkiýäniň Stambul şäherinde, derwüş lybasynda kerwene goşulyp, Hajy Reşit ady bilen ilki Tährana, soňra bolsa türkmen sähralaryna, Hazar deňziniň gündogar kenaryndan Hywa, Buhara hem-de Samarkanda syýahat etmegi ýüregine düwýär. Ol 1863-nji ýylyň bahar aýlarynyň ilkinji günlerinde *Günbatar Türkmenistanyň Astrabat we Kümüşdepe obalarynda birnäçe wagtlap galýar.*

Şol ýerlerde ol türkmen bagşylarynyň aýdymlaryny hem-de dessanlaryny diňleýär. A.Wamberi Kümüşdepe obasynyň sylanylýan ýaşululary Gyzyl ahundan we Durdy karydan Magtymgulynyň iki sany golýazmasyny alýar. Bu golýazmalaryň esasynda A.Wamberi Magtymgulynyň otuzdan gowrak şygryny dolulygyna hem-de dokuz sany şygryndan bolsa bölekleri Germaniýanyň Leýpsig şäherinde “Germaniýanyň gündogar jemgyýeti” žurnalynda çap etdirýär. Onuň bu žurnalda “Türkmen dili we halk döredijiligi”, “Magtymguly we onuň şygyrlary” atly makalalary hem neşir edilýär.

Makalada A.Wamberi beýik akyldaryň şygyrlarynyň temalaryny dogry kesgitläp bilipdir hem-de ony sufizm, dini, etiki-ahlak we gahrymançylyk ýaly ugurlara bölüpdir. A.Wamberi ýokarda ady agzalan makalasynda Magtymgulynyň türkmenleriň milli şahyrydygyny, türkmen edebiýatynyň hakyky, ölmez-ýitmez şahsyýetidigini belleýär.

Ol, ilki bilen, beýik akyldarymyzyň şygyrlaryny, soňra onuň nemes dilindäki terjimelerini, iň soňunda arap, pars hem-de köne türkmen sözleriniň düşündirişini beripdir. Bu şygyrlaryň köpüsinde şahyryň pelsepewi dünýägaraýşy hem-de öwüt-nesihat beriji ajaýyp pikirleri ýer alypdyr. Goşgularyň bir bölegi dünýewi bolsa, köpüsi adamzat dünýäsini we durmuşyny filosofik nukdaýnazardan düşündirýär. Bulardan başga-da, bu şygyrlaryň öwüt-nesihat, ahlaklylygy wagyz edýän taraplary has güýçlüdir. Goşgularyň “Daşlar bile”, “Boldum girýana”, “Harap eýlär”, “Näme sen?”, “Arap tilli söwdügim” ýaly dini-sufistik mazmunlylary-da bardyr.

Şeýlelik bilen, Magtymgulynyň şygyrlary ikinji gezek Günbatar Ýewropada neşir edilýär. A.Wamberiniň türkmen dilini düýpleýin, çuňňur bilmeýändigi sebäpli, bu neşirde birnäçe ýalňyşlyklar goýberilipdir. Soňra beýik akyldaryň bu şygyrlarynyň Şeýh Mühsin Fani (Hüseýin Kazym Kadyr) tarapyndan türk diline terjimesinde goýberilen ýalňyşlyklar iki esse köpelipdir. Şygyrlary okap düşünmedik okyjylar, şygyrlaryň manysyz terjime edilendigi sebäpli, kyn ýagdaýa düşüpdirler.

Netijede, XIX asyryň ikinji ýarymynda türkmen topragyna syýahat eden Arminiý Wamberiniň “Orta Aziýa boýunça syýahat” atly naýbaşy eseri Ýewropa halklarynyň ünsüni özüne çekmegi başarypdyr [2, 80 s.]. Bu eser türkmen halkynyň beýik şahyry, Gündogaryň akyldary Magtymguly Pyragyny Ýewropa tanadan ikinji ylmy işdir. A.Wamberi uzaga çeken Orta Aziýa syýahatyny tamamlandan soňra, 1863-nji ýylyň 17-nji iýunynda Gyzyl ahundan alan golýazmasyny Beýik Britaniýanyň milli muzeýine tabşyrýar. Halk arasynda “Magtymgulynyň eserleriniň golýazmasy Angliýanyň milli muzeýinde saklanýarmyş, ol hakyky golýazmanyň nusgasymyş” diýlip gürrüňi edilýän golýazmanyň A.Wamberiniň Beýik Britaniýanyň milli muzeýine tabşyran şol golýazmasy bolmagy mümkin. Bu golýazmanyň surat nusgasy häziki wagtda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň Golýazmalar fondunda saklanýar. Onuň ikinji bir nusgasy häzirki wagtda Angliýanyň raýaty, milleti türkmen bolan Ýusup Azmun tarapyndan Aşgabada getirilipdir.

XIX asyryň ortalaryndan başlap, akyldar şahyrymyzyň eserleri Russiýada ýaýrap başlaýar. 1862-nji ýylda Kazan we Sankt-Peterburg uniwersitetleriniň professory B.Berezin Magtymgulynyň “Hiç bilinmez” atly şygryny Kazan şäherinde “Türk hrestomatiýasy” atly habarlarda arap elipbiýinde neşir etdiripdir. 1871-nji ýylda R.Ýeznaýew, I.Belýaýew, A.E.Krymskiý, W.W.Bodrow ýaly rus alymlary Magtymgulynyň birnäçe saýlama şygyrlaryny rus diline terjime edip, rus dilli okyjylary akyldar şahyrymyzyň şahyrana eserleri bilen tanyşdyrypdyrlar.

Rus halkyny Magtymgulynyň ömri we döredijiligi bilen ýakyndan tanyşdyranlaryň biri hem F.A.Bakulindir. Ol Magtymgulyny ähli türkmenleriň aýratyn sylaýandygyny, Magtymgulynyň mukaddesliginiň türkmenleriň arasynda şek-şübhe döretmeýändigini, türkmenleriň onuň ähli ýazan we aýdan zatlarynyň iru-giç berjaý bolmalydygyny aýdýandygyny belläp geçipdir. Ol 1872-nji ýylda nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragy hakyndaky ilkinji makalasyny Russiýanyň Astrabatdaky konsuly wezipesinde işlän döwürlerinde “Rus Geografiýa jemgyýetiniň Kawkaz bölüminiň habarlarynda” neşir etdiripdir. Bu makalanyň iňlis dilindäki terjimesi “Journal of Makhtumkuli Studies” atly žurnalda çap edilipdir. F.A.Bakulin Magtymgulynyň diwanynyň golýazmasynyň bir nusgasyny Gyzyl ahun (onuň hakyky ady Molla Myrat bolupdyr) atly bir türkmenden alypdyr.

Bu golýazma häzirki wagtda Sankt-Peterburgda "Geografiýa jemgyýetiniň" arhiwinde saklanýar.

Nusgawy şahyrymyzyň şygyrlaryny rus diline terjime eden A.Tarkowskiý Magtymgulynyň goşgularyny terjime etmäge başlanynda, şahyry öz döwrüniň ýagdaýlarynda göz öňüne getirmäge synanyşandygyny, M.Ý.Lermontowyň şygyrlaryndaky hyjuwlylygy, G.R.Deržawiniň eserlerindäki dabaralylygy, F.I.Týutçewiň goşgularyndaky çuňňurlygy, A.S.Puşkiniň poeziýasynyň heňdarlygyny başga dillerde nähili bermelidigini, bu elementleriň hemmesiniň-de belli derejede Magtymgulynyň poeziýasynda bardygyny belläp geçipdir.

Arminiý Wamberi türkmen topragyna syýahat eden döwürlerinde türkmenleriň sowatly adamlara aýratyn hormat goýýandyklaryny, ynsanperwer, ahlakly adamlardygyny, olaryň halk aýdymlaryna we dessanlara hem-de şahyrana şygyrlara bolan söýgüsi bilen zehinli bagşylary terbiýeläp ýetişdirendiklerini belläp geçýär. Ol Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň özünde öçmejek yz galdyrandygy barada nygtaýar. Magtymgulynyň şygyrlar diwanynyň iňňän gyzyklydygyny, onda, *bir tarapdan,* türkmen diliniň arassa nusgasynyň, *ikinji tarapdan,* Gündogar şahyrlarynyňka meňzemeýän özboluşlylygyň bardygyny aýratyn belleýär.

A.Wamberiniň "Orta Aziýa boýunça syýahat" atly ýazgylarynda türkmen halkynyň gadymy ýadygärlikleri bolan Kümüşdepäniň, Dehistanyň, Gyzylalaňyň we Maşat-Missirianyň arheologik aýratynlyklary barada giňişleýin gürrüň berilýär. Ol ýokarda ady agzalan gadymy şäherleri Aleksandr Makedonskiniň gurdurandygy baradaky pikirleri hem öňe sürýär. Bu arheologik galalaryň gündogardaky dag gerişlerine tarap uzalyp gidýän ajaýyp suw geçiriji desgalary baradaky pikirleri hem aýratyn bellenilip geçilýär. Onuň pikirine görä, bu suw geçirijisi Maşat-Missiriany suw bilen üpjün eden bolmaly. Şeýlelik bilen, polýak şahyry A.Hodzko we wenger syýahatçysy A.Wamberi Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragyny Ýewropa halklaryna tanadan ilkinji alym-gündogarşynaslar hasaplanýar. Olaryň deňi-taýy bolmadyk ylmy işleriniň netijesinde, Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň şygyrlary nemes dilinden iňlis diline, fransuz dilinden galler we ispan dillerine terjime edilip başlandy. Iňlislerde meşhur Wilýam Şekspire deňelen ýekeje şahyryň bardygyny, onuňam Magtymgulydygyny iňlis şahyry Braýan Oldis belläp geçipdir. Bularyň hemmesi akyldar şahyrymyzyň şygryýetiniň derejesiniň we güýjüniň ölmez-ýitmezdigini aňladýar.

**Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2023-nji ýylyň 11-nji iýuly**

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat: TDNG, 2014.

2. *Арминий Вамбери.* Путешествие по Средней Азии. – Москва: «Восточная литература», 2003.

**S. GARATAYEV**

**THE POPULARIZATION OF MAGTYMGULY PYRAGY'S POEMS IN EUROPE**

The article is devoted to the popularization of the rich legacy of the great Turkmen poet in Europe. In the acquaintance of the European reader with the work of Magtymguly, such well-known researchers-orientalists as Armenii Vamberi, Alexander Khodzko-Boreyko and others deserve to be appreciated. Interest in the work of the great genius and the translation of his poems into European languages appeared thanks to Khodzko-Boreiko, and A.Vamberi, who pioneered in publishing the works of the Turkmen poet in Europe.

**С. ГАРАТАЕВ**

**ПОПУЛЯРИЗАЦИЯ СТИХОТВОРЕНИЙ МАХТУМКУЛИ В ЕВРОПЕ**

Статья посвящена популяризации богатейшего литературного наследия великого туркменского поэта в Европе. В знакомстве европейского читателя с творчеством Махтумкули неоценима заслуга таких известных исследователей-ориенталистов, как Арминий Вамбери, Александр Ходзько-Борейко и других. Интерес к творчеству великого гения и переводам его стихотворений на европейские языки появился благодаря А.Ходзько-Борейко, а А.Вамбери был в числе первых, кто ознакомил широкие круги европейских читателей с творчеством великого Махтумкули Фраги.

**Maral Kuliýewa**

# PEDAGOGIK BILIMIŇ AÝRATYNLYKLARY

Pedagogik ugurly ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanýan hünärmenleriň hünär ugurlaryny düýpli özleşdirmekleri, bilimlerini dilden beýan ediş ukybyny özbaşdak işläp ösdürmekleri üçin, ilkinji nobatda, pedagogika ylmynyň talaplary berjaý edilmelidir. Bu talaplary berjaý etmekde hünärmenleriň öwrenmeli okuw usullary bardyr.

**Adaty usullar.** Bular pedagogika ylmynyň ösüş taryhyny esaslandyran alymlardan miras galan usullardyr. Olary Platon, Kwintilian, Komenskiý we Pestalossi dagy ulanypdyr. Olar häzirki zaman pedagogikasynda hem ulanylýar. Adaty usullar: syn etmek; tejribäni öwrenmek; çeşmeleri öwrenmek; mekdep resminamalaryny seljermek; okuwçylaryň döredijilik işleriniň netijelerini öwrenmek; söhbetdeşlik geçirmekdir.

**1. Syn etmek** pedagogik tejribäni öwrenmegiň elýeterli we örän giň ýaýran usulydyr. Bu öwrenilýän obýekti, hadysany tebigy ýagdaýlarda kabul etmek üçin, ýörite guralan işiň görnüşidir. Pedagogik syn etmek adaty, erkin syn etmekden tapawutlanýar: 1. Syn etmegiň obýekti saýlanylýar, wezipeler kesgitlenilýär, ýörite çyzgylar taýýarlanylýar (shemalar işlenilip düzülýär). 2. Netijeler hökmany suratda bellige alynýar. 3. Toplanan maglumatlar ýörite işlenilýär. Syn etmek usulyndan ýokary netije gazanmak üçin, ol uzak wagtlaýyn ulgamly, töwerekleýin we obýektiw baha berlen görnüşinde bolmalydyr.

**2. Tejribäni öwrenmek usuly.** Bu gadymy döwürlerden bäri ulanylyp gelinýän usullaryň biridir. Tejribäni öwrenmek giň manyda okuw-terbiýeçilik ulgamynyň umumylyklaryny, tejribäniň taryhy gatnaşygyny öwrenmek üçin guralan öwrenijilik işidir. Bu usulyň kömegi bilen anyk alnan meseleleriň çözgütleri seljerilýär, olary täze şertlerde ulanmagyň maksadalaýykdygy delillendirilýär.

**3. Çeşmeleri öwrenmek usuly.** Gadymy ýazuw ýadygärliklerindäki bilime, terbiýeçilige degişli maglumatlary toplamakdan başlap, pedagogik kanunlary we kanunalaýyklyklary özleşdirmek, pedagogik bilimiň mazmuny üçin gerek bolan etnopedagogik çeşmeleri ýygnamak, soňra häzirki zaman alymlarynyň işlerini seljermäge geçmek zerurdyr.

**4. Mekdep resminamalaryny seljermek usuly.** Mugallymyň, pedagogyň, usulyýetçiniň iş orny mekdepdir. Şonuň üçin hem, ylmy-pedagogik barlaglar geçirilende, okuw-terbiýeçilik işlerini häsiýetlendirýän mekdep resminamalaryny seljermek zerurdyr. Resminamalarda öwrenilýän mesele baradaky dürli maglumatlar saklanýar. Olary öwrenmeli. Bu usul hem beýleki pedagogik usullar bilen baglanyşdyrylyp ulanylýar.

**5. Okuwçylaryň döredijilik işleriniň netijelerini öwrenmek usuly.** Okuwçylaryň öý we synp işlerini ýerine ýetirişi, olaryň ýazan barlag işleri, düzmeleri, çeken suratlary, ýerine ýetiren tehniki şekilleri özünde dürli görnüşli maglumatlary jemleýär. Mundan başga-da, okuwçylaryň boş wagty ýerine ýetirýän işlerini, gyzyklanmalaryny öwrenmek hem gerek. Şeýle maglumatlary öwrenmek mugallymyň okuwçylaryň döredijilik işine mynasyp baha bermegi üçin zerurdyr.

**6. Söhbetdeşlik geçirmek usuly.** Söhbetdeşlik geçirmek usulynda şahsyýetiň (indiwidiň) özbaşdak garaýyşlary, şahsy duýgusy, özüni gurşap alan barlyga baha berşi, pikir durnuklylygy ýüze çykarylýar. Şahsyýete pedagogik çemeleşmede bu ylmy öwrenijiler başga usullar bilen alyp bilmedik maglumatlaryny söhbetdeşlik usulynyň üsti bilen alýarlar. Pedagogik söhbetdeşlik öwrenilýän şahsyýetiň içki dünýäsine maksada gönükdirilenlik bilen aralaşmaga bolan synanyşykdyr. Söhbetdeşlik geçirmek usulynyň çylşyrymlydygy sebäpli, onuň netijeleri hemişe doly kanagatlanarly däldir, şonuň üçin ol kömekçi usul hökmünde ulanylýar.

► Bu usul ulanylanda, hökmany suratda şahsyýetiň psihologik aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, kadaly, pikirlenilip, dogry meýilnama düzülmeli.

► Öwrenilýän meseläni aýdyňlaşdyrmak üçin, soraglar ulgamlaýyn, köptaraply we özara baglanyşykly bolmaly.

► Söhbetdeşligiň barşynda beriljek soraglaryň mazmuny söhbetdeş üçin düşnükli, peýdaly we oňaýly bolmaly.

► Sorag-jogap geçirende, mugallym özüni

ugurtapyjy, çylşyrymly pursatlardan baş alyp çykmagyň tärlerini bilýän hünärmen hökmünde alyp barmagyň hötdesinden gelmeli.

► Söhbetdeşlik usulyny öwrenmek we iş ýüzünde ulanmak üçin, ony geçirjek mugallym (pedagog, alym) ylmy we amaly maglumatlary okamaly, özünden öňki tejribäni özleşdirmeli.

► *Söhbetdeşligiň gidişi* (söhbetdeşiň razylygy bilen) ýazga geçirilse, bu usul indiki öwrenijiler üçin hem peýdaly bolar (Häzirki zaman tehniki serişdeleri söhbetdeşligi garşydaşyňa bildirmän ýazga geçirmäge mümkinçilik berýär, emma beýle etmek pedagogik etika laýyk däldir).

Söhbetdeşlik usulynyň birnäçe görnüşleri bardyr. Olaryň biri *interwýu*. Bu usul pedagogik maksat bilen az ulanylýan hem bolsa, ähmiýeti üns bererliklidir. Interwýu alnanda, ylmy öwreniji ýörite taýýarlan soraglaryndan peýdalanýar. Interwýu üçin soraglar we jogaplar öňünden taýýarlanylýar.

**7. Pedagogik barlag (eksperiment).** Pedagogik hadysalar bilen iş salyşýan, dogry we doly hasaba alýan, olaryň üstünde alnyp barylýan ylmy tejribä “pedagogik eksperiment” diýilýär. Beýleki usullar arkaly pedagogik barlaglaryň netijeleri hasaba alynýar, barlag (tejribe) usulynda bolsa hakyky ýagdaýlar ýüze çykarylýar we öňki alnan netijeler amaly taýdan seljerilýär, olar has anyklaşdyrylýar, täze usullary, iş görnüşlerini, okuw-terbiýeçilik işleriniň ulgamlaryny tejribä ornaşdyrmaga mümkinçilik bolýar.

Pedagogik barlaglar ylmy çaklamany, öwrenilýän soragyň doly işlenilmegini, çözülmegini, hemmetaraplaýyn seljerilen, nazaryýete daýanýan amaly tejribeleri geçirmek üçin meýilnamanyň, netijeliligiň alynmagyny, olaryň hemmetaraplaýyn seljerilmegini, jemleýji netijeleriň kesgitlenilmegini talap edýär. Pedagoglaryň geçirýän eksperimentleri köpdürli bolup biler. Şol sebäpli-de, olary haýsy maksada gönükdirilendigi, öwrenilýän obýektiň aýratynlygy, geçirilýän ýeri we wagty boýunça toparlara bölmek bolar.

Barlagyň maksadyna laýyklykda, olar: başlangyç ýa-da öwreniji tejribe görnüşinde amala aşyrylýar. Onuň maksady pedagogik hadysalary öwrenmekden, olary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

*a) barlaýjy (tanyşdyryjy) tejribe.* Ol, başlangyç tejribelerden soňra, bu tapgyrda öwrenilenler esasynda öňe sürlen çaklamany barlaýar.

*b) emele getiriji (üýtgediji) tejribe.* Onuň esasynda täze pedagogik hadysalar guralýar. Köplenç, ýokardaky görkezilip geçilen tejribeler yzygiderlilikde ulanylýar. Şeýle hem, geçirilýän ýerine laýyklykda, tebigy we laboratoriýa tejribeleri tapawutlandyrylýar.

Tebigy eksperiment öňe sürlen çaklamany okuw-terbiýeçilik işlerine täsir etmezden, barlamak üçin (sapagy bölmän, okuwçy bilen işlenilýändigi bildirilmän) guralan tejribedir. Tebigy eksperiment parallel we çatryklaýyn görnüşde amala aşyrylýar.

**8. Laboratoriýa eksperimenti.** Bir tema degişli aýratyn alnan meseläni çözmek ýa-da ol barada möhüm maglumat almak üçin, ylmy-barlagy geçirýäne (alyma, laboranta) aýratyn gözegçilik etmek ýa-da ýörite enjam gerek bolan ýagdaýynda, eksperiment ýörite abzallaşdyrylan, barlaglar üçin aýratyn şert döredilen ýerde geçirilip bilner. Bu eksperimente *laboratoriýa eksperimenti* diýilýär.

**9. Innowasion pedagogik usullar.** Milli pedagogik ulgama aralaşan interaktiw pedagogik usullar bardyr. Olar halkara bilim giňişliginiň usulyýetinde öňden hereket edýän hem bolsalar, ýurdumyzyň bilim ulgamyna soňky ýyllarda aralaşandyr. Olaryň pedagogik soragnama (test geçirmek), “janly eksperiment”, modullaşdyrma, ülňüleşdirme... (modelirleme) ýaly birnäçe görnüşi tapawutlandyrylýar.

**10. Pedagogik soragnama (test geçirmek) usuly.** “Test” sözi iňlis dilinden terjime edilende “mesele”, “barlag” diýen manylary aňladýar. Pedagogik işiň häsiýetlerini dogry, hemmetaraplaýyn ölçemek we öwrenmek üçin, bellibir maksada gönükdirilen, ähli barlanýanlara birmeňzeş görnüşindäki ýumuş tabşyrylyp, geçirilýän işe *testirleme (soragnama) geçirmek* diýilýär. Testirleme özüniň takyklygy, elýeterliligi, ýönekeýligi we awtomatlaşdyrylýanlygy bilen, ulanmaga hem-de netije gazanmaga oňaýlydyr.

Ýokarda-da belleýşimiz ýaly, halkara bilim giňişliginde testirleme täze usul däldir, ýöne ol milli bilim ulgamyna soňky wagtlarda aralaşandyr. XIX asyryň 80 – 90-njy ýyllarynda alymlar pedagogik gözleglerinde şahsyýete indiwidual çemeleşmäni öwrenip başladylar. Bu bolsa, öz gezeginde, şol döwür üçin täze barlag eksperimentiniň ýüze çykmagyna getirdi. Test bilen barlamak, şahsyýetiň bilim derejesini anyklamak, öwrenmek A.Dalton, A.Kettel we başgalar

tarapyndan işlenildi we uly gyzyklanma döretdi. Testleri ulanmak *psihometriko usulynyň* ýüze çykmagyna getirdi. Onuň esasyny goýanlar daşary ýurtly alymlar B.Anri we A.Bine hasaplanýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda milli bilim ulgamynda pedagogikada okuwçylaryň akyl ösüşini, ýetişigini we beýleki dürli taraplaryny öwrenmekde test geçirmek usuly okuw-terbiýeçilik tejribesiniň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Psihologiýa we pedagogika ylmynda test geçirmek usulyna okuwçynyň (talybyň) ösüşini takyk seljermegiň guraly hökmünde garalýar (Kähalatlarda psihologik test bilen pedagogik testi aýyl-saýyl etmek hem ýeňil düşmeýär.).

Testiň arassa pedagogik taraplaryna nazar aýlanylanda, olar okuwa ýetişiklilik testleri görnüşindedir. Bulardan başga-da, bilim-terbiýeçilik maksatly ýönekeý endikler testleri: okamak, ýazmak, ýönekeý arifmetik amallary ýerine ýetirmek; alnan bilimiň derejesini anyklaýyş testleri: ähli dersler boýunça öwrenilen bilimleriň, endikleriň ele alnyşyny kesgitlemek. Jemleýji testler: olarda goýlan soraglaryň sany köp bolmalydyr.

Test üçin ýumuşlar berlende, olaryň dürli görnüşlerini ulanmak bolar. Mysal üçin:

• goýlan soraglara anyk, gysga jogap talap edýän ýumuşlar (olar, köplenç, “Kim?”, “Näme?”, “Nire?”, “Haçan?”, “Nämä?”, “Näme üçin?”, “Nähili?” diýen ýaly sorag aňladýan sözlerden başlanýar);

• goýberilen sözleriň ýerlerini doldurmak üçin ýumuşlar;

• berlen jogaplardan dogrusyny saýlap almak görnüşindäki test ýumuşlary (bularda “hawa”, “ýok”, “bilemok” diýen sözlerden birini belgilemek tabşyrylýar);

• çylşyrymlylaşdyrylan test ýumuşlary (şeýle ýumuşlar synpyň, toparyň bilim derejesi göz öňünde tutulyp, ýumuşlary adaty testleriňkiden kynlaşdyrylyp hödürlenilýär).

*E: – didaktika” arkaly öwretmek usuly.* Pedagogik ulgamda (milli bilim babatda) **“E: – didaktika”** düşünjesi täzelikdir. Bu usulda işlemek üçin, **“E: – didaktika”** düşünjesiniň mazmuny ylmy hem amaly taýdan özleşdirilmelidir. Halkara tejribelerine giňden ornaşan bu düşünje ýurdumyzyň bilim ulgamynyň sanlylaşdyrylýan şertlerinde okuw işiniň mazmunynyň esasy düzüm bölegine öwrülýär. Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň (MAT – innowasion kompýuter tehnologiýalarynyň – IKT) çalt ösmegi bilen baglanyşykly pedagogikada bolup geçýän özgerişleriň dürli görnüşlerini hödürlemek bolar. Pedagogik prosesler we olardaky özgerişler barada alymlaryň işlerinde gymmatly pikirler bardyr. Pedagogika ylmynda “didaktik üçburçluklar” diýlip atlandyrylýan adaty däl görnüş barada pedagoglaryň we usulyýetçileriň arasynda: “Okuwçy, mugallym we mazmun üçburçlugynyň depelerini (kesişýän nokatlaryny) emele getirýän didaktik üçburçluk okatmagy we öwrenmegi konseptuallaşdyrmak üçin ulanylýan nusgawy üçlügi emele getirýär ...” [2] diýlen pikir ýörgünlidir. Okuw prosesinde MAT-y ulanmagyň döwrebap meselelerine düşünmek üçin, adaty didaktik üçburçlugyň (1-nji çyzgy) bilim ulgamynyň nusgasy hökmünde üýtgemegine seretmek bolar. Öwrenilýän didaktik maglumatlar öwretmegiň maksady we mazmuny bilen sazlaşykda bolup, okatmagyň maksadyna laýyklykda, mugallymdyr okuwçy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Okuw materialyny okuwça hödürlemezden öň, “öwretmek” diýen düşünje diňe mugallymyň aňynda bardyr, mugallym okuw materialyny okuwça öwretmek işine başlanyndan soňra, bu düşünje okuwçynyň aňynda hem peýda bolýar. Ylmy-didaktik nukdaýnazardan pedagogik iş hökmünde öwretmegiň maglumat-semantik ulgamy, ýagny pedagogik sazlaşyk, ikitaraplaýyn – mugallym → okuwçy (tersine, okuwçy → mugallym) gatnaşyklarynyň özboluşly hereketi baradaky düşünje okuwçynyň ünsüni bilimiň mazmunyna gönükdirýär. Bu bolsa ikitaraplaýyn gatnaşyklar arkaly aýdyňlaşýar. Başgaça aýdylanda, okuwyň mazmunyndan ybarat bolan semantik, maglumat-semantik alyş-çalşygy, mugallym → okuwçy dilüsti gatnaşygy (dialogy) gezekli-gezegine ýüze çykýar we ol “okuwçynyň özleşdirmegi üçin meýilleşdirilen didaktik maglumatlary habar bermegiň ýeke-täk ýoly bolup, ilki bilen, mugallymyň bilimiň mazmunyny aňynda aýlamagy, ony okuwça geçirmegi, okuwçynyň kabul etmegi, ýatda saklamagy, sapagy özleşdirýän pursadynda didaktik maglumaty duýmagy, öwrenilenlerden netije çykarmagy we olary durmuşda ulanmagynyň tertibidir” [3].

“Okuw ulgamy” diýlen düşünje öwretmegiň maksady we okatmak işini guramakda merkezi “hereketlendiriji güýç” bolup durýan mugallym we okuwçy, olaryň bilelikdäki işi, sazlaşykly gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Bu iki sany düzüm bölegiň (mugallym bilen okuwçynyň) haýsy-da bolsa biriniň bolmazlygy okuw işini guramakda çylşyrymlylyk döredýär, çünki okuwçy bilimi öwreniji bolup çykyş edýän bolsa, mugallym maglumat çeşmesiniň eýesidir. Bu maglumat çeşmeleri kompýuterli okuwlar, *onlaýn* sapaklary üçin niýetlenilendir we pedagogik ulgamdaky **“E: – didaktika”** maglumatlary pedagogik maksatlaýyn ulanmak üçin niýetlenilmelidir. Bilim bermek işinde **“E – didaktikanyň”** maglumatlaryny kabul etmekde okuwçy aradan aýrylsa (mugallym → okuwçy gatnaşygynda okuwçy ýok bolsa), onda okuw maglumatlary **“E: – didaktika”** mugallymda saklanyp biler, ýagny maglumat çeşmesi bolup çykyş edýän mugallym semantik maglumat eýesidir. Munda mugallymyň amala aşyrýan işi semantik monolog görnüşinde bolar. Tersine, bilim işini amala aşyrmak üçin gerek bolan mugallym → okuwçy gatnaşygynda mugallym aradan aýrylsa, semantik maglumat çeşmesi hem ýiter, çünki mugallym şahsy hereketleri bilen tapawutlanýan aýratyn zerurlykdyr, ýagny elektron maglumatlary toplaýjy, bellibir derejede, zerur möhlete çenli saklaýjy we geçirijidir hem-de okuw sapagyndaky ýerine ýetirilýän işleriň dolandyryjysydyr we hereketlendiriji güýjüdir. Okuw sapagynda onuň maksady aradan aýrylsa, mugallym üçin-de, okuwçy (talyp) üçin-de çylşyrymly ýagdaý ýüze çykar. Sapagyň maksady anyk bolmasa, mugallym okatmagyň mazmunyny açyp görkezmek mümkinçiligini ýitirer. Şol sebäpli-de, mugallym → okuwçy gatnaşygynda sapagyň anyk maksadynyň bolmagy okuw işini (görkezilen üçburçluk arkaly mugallym → okuwçy → sapagyň maksady) sazlaşykly hem-de usuly taýdan dogry guramagyň şertine öwrülýär. Şonuň ýaly-da, maglumat tehnologiýalary näçe köp görnüşli bolsa, sapagyň guralyşynda mugallym bilen sapagyň maksadyny aýyrsaň (diňe okuwçy, talyp galýar), onda mugallymyň bilim bermegiň mazmunyny döwürlere bölmek mümkinçiligi hem ýitýär. Öwredilmeli bilim ýüküniň mazmuny elmydama sapakda ulanyljak didaktik materialyň we anyk okuwçynyň mugallym bilen gatnaşygyndaky sazlaşykly pedagogik pursatlaryň, usulyýet ýagdaýynyň görkezijisi bolmagynda galýar. Okuwçy bilen mugallymyň gatnaşygyndaky aýratyn pursatlar hasaba alynýar. Okuw işiniň ikitaraplaýyn mugallym → okuwçy gatnaşygynyň semantik dialog esasynda amala aşyrylýandygy sebäpli, öwredilýän didaktik materialyň mazmunyny açyp görkezýär.

Elektron okuwyň üstünlikli tarapy didaktik materiallaryň mümkinçilikleriniň köpdürlüliginiň, wagt, kagyz, serişde tygşytlamak mümkinçiliginiň bolmagydyr. Olaryň hasabyna didaktik materiallary öwretmekde esasy dört sany düzüm bölekden ybarat bolan ädimdir. Öwretmekde ilkinji zerurlyk sapagyň maglumat (didaktik materiallar bilen ýeterlik) üpjünçiligidir. Okuw işi şol materiallar öwredilende amala aşýar.

**1-nji çyzgy**




Alymlar interaktiw usullarda okatmak üçin **“E – didaktikanyň”** okuw işini döwrebaplaşdyrmak babatdaky oňyn taraplaryny hasaba alýarlar. Şol bir wagtda-da, innowasion okuw serişdeleriniň, maglumat-kommunikasiýa ulgamlarynyň artýandygyna garamazdan, okatmakda mugallymyň we usulyýeti kämilleşdirmegiň ornuna uly baha berýärler. Has takygy, mugallymyň işjeňligi sapagyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň esasy şertidir. Aşakdaky görkezilen usul mugallym üçin oňaýlydyr we onuň okuwça gönüden-göni pedagogik täsiri üçin amatlydyr. Bu usulda mugallym okuw sapagyny erkin dolandyryp, gönüden-göni okuwça pedagogik täsir etmek, okuwçy bilen dilüsti aragatnaşyga (dialoga) girmek, öwrediljek okuw ýüküni, didaktik maglumaty habar bermek ýaly wezipeleri ýerine ýetirer. Okuw sapagyny dolandyrmagyň teklip edilýän çyzgysy (2-nji çyzgy) pedagogik işiň ähli görnüşlerinde ulanylyp bilner.

**2-nji çyzgy**




*Öz-özünden kadalaşýan ulgamy dolandyrmak*

Programmirlenen okuwda mugallym sapagyň barşyny gözegçilikde saklap bilýär. Diýmek, şeýle okuw usulynyň ähmiýetlidigini hasaba alyp bolar. Muny AI-niň çyzgyda görkezilen hereketleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we onuň indiki wezipelere geçmegi üpjün edýändigi bilen düşündirmek bolar. Öz-özi kadalaşýan dolandyryş usuly bilen amala aşyrylmasy mümkin bolan sapak okatmagyň bir görnüşi – elektron serişdeleriň kömegi bilen programmirlenen okuwdyr. Bu mugallym gatnaşmasyzdan, maglumat-aragatnaşyk serişdeleri arkaly okatmakdyr.

Elektron serişdeleriň kömegi bilen, mugallym gatnaşmazdan, kazual (determinirlenen) ulgamyň çyzgysy boýunça bilim bermek häzirki zaman tehnologiýalary arkaly okatmagyň usullarynyň biridir. Bu usuly gündelik, ýeketäk ýörelgä öwürmän, ony mümkinçilige we zerurlyga görä ulanyp bolar. Programmirlenen bilim beriş anyk çyzgy (shema) boýunça amala aşyrylmalydyr we **"E: – didaktika"** mahsus bolan köpdürli usullaryň bir görnüşidir.

**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 8-nji maýy**

## EDEBIÝAT

1. *Беспалько В.П.* Основы теории педагогических систем. – Воронеж: Изд-во Воронежск. ун-та, 1977.

2. Перспективы развития вычислительной техники: В 11 кн.: Справ. пособие. / Под ред. *Ю.М.Смирнова.* Кн. 1: Информационные семантические системы / *Н.М.Соломатин.* – Москва: «Высшая школа», 1989.

3. *Чошанов М.А. Е:* – дидактика: новый взгляд на теорию обучения в эпоху цифровых технологий // Образовательные технологии и общество (Educational Technology & Society). – 2013. – Т. 16. – №3. URL: http://elibrary.ru/download/91807992.pdf.

4. *Goodchild, S., Sriraman, B.* (2012). Revisiting the didactic triangle: from the particular to the general. ZDM – The International Journal of Mathematics Education, 44(5).

**M. KULIYEVA**

**TRADITIONAL AND INNOVATIVE METHODS OF DISTINGUISHING PECULIARITIES OF PEDAGOGIC EDUCATION**

It is necessary to study deeply theoretical basic of pedogogics, to have pedogogical rastery and to be aware of educational and teaching technigues for an in-depth study of the future specialty, for developing the ability to present verbally acquired knowledge and for a creative approach to the specialty. This is the main requirement to future teacher. Traditional and innovative methods of pedogogics are described in the article.

**М. КУЛИЕВА**

**ТРАДИЦИОННЫЕ И ИННОВАЦИОННЫЕ МЕТОДЫ ВЫЯВЛЕНИЯ ОСОБЕННОСТЕЙ ПЕДАГОГИЧЕСКОГО ОБРАЗОВАНИЯ**

Для глубокого освоения будущей специальности, развития умения устно излагать полученные знания, творческого подхода к специальности необходимо глубоко знать теоретические основы педагогики, владеть педагогическим мастерством, технологиями воспитания и обучения. Это основное требование к будущему педагогу. В статье описываются традиционные и инновационные методы педагогической науки.

Muhammetgeldi Agageldiýew

# BILIM GURŞAWYNYŇ IŞJEŇLIGI – KÄMILLIGIŇ BINÝADY

Ýurdumyzda dürli hünärmenleri taýýarlaýan birnäçe okuw mekdepleri döwrebap iş usullaryny ulanmak ugrunda yzygiderli tagallalar edýär. Uçurymlaryň hünär taýýarlyklary okuw mekdepleriniň iş netijeliliginiň esasy görkezijisidir. Hünärmenleri taýýarlamak çylşyrymly, toplumlaýyn, yzygiderli we giň gerimli çäreleri özünde jemleýär. Şunuň bilen baglylykda, talyplaryň we mugallymlaryň arasynda işjeň gurşawyň döredilmegi olaryň geljekde kämil hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin möhümdir.

Gurşaw köpçülikde (okuw mekdebinde) öňe tutulýan we giňden goldanylýan hem-de oňa eýerilýän usullaryň, ýörelgeleriň, düzgünleriň jemidir. Şu makalada işjeň gurşawy döretmegiň meselelerine seredilýär.

Adamlara daş-töwerekdäki bolýan hadysalar bellibir derejede täsirini ýetirýär. Täze jemgyýete (talyplar toparyna) goşulýanlar şol ýerdäki öňden dowam edýän gurşawyň däplerine, ýörelgelerine, düzgünlerine bagly bolýarlar. Ýokary okuw mekdebinde okap başlan ilkinji günlerinden talyplar okuwyň soňky ýyllarynda okaýanlaryň göreldesinden we professor-mugallymlaryň wagyz-nesihatlaryndan ugur alyp hereket edip başlaýarlar.

Okuw mekdebinde işjeň gurşawyň döredilmegine işgärleriň ählisi gatnaşýar. Ondan başga-da, okuw mekdebindäki maglumat ýaýradyjy serişdeleriň hem işjeň gurşawy saklamakda dogry we ýerlikli ulanylmagy garaşylýan netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär.

***Ýokary okuw mekdebiniň işgärler düzüminde ýaş hünärmenleriň ýeterlik bolmagy.*** Ýokary okuw mekdebinde professor-mugallymlaryň talyplar bilen özara işjeň gatnaşyk gurşawyny döretmek köptaraply we üznüksiz okuw işiniň esasy şertleriniň biridir. Olaryň şahsy göreldesiniň talyplara täsiriniň uludygy mälimdir. Bu düzümde geljegini okuw mekdepleri, ylym we hünär kämilligi bilen baglan ýaş mugallymlaryň ýeterlik bolmagy möhümdir. Mugallymlaryň ýaş aýratynlyklarynyň uly bolmadyk aratapawudy olaryň talyplar bilen özara gatnaşyklaryna ynamly häsiýet berýär.

Işgärleriň ýaş aýratynlyklarynyň dürlüligine üns bermegiň ähmiýeti ýok ýaly bolup görünse-de, aslynda, bu talyplaryň ösüşi, kämilligi we üstünlikleri üçin möhümdir. Umuman, tejribelerden belli bolşy ýaly, işgärleriň ýaş aýratynlygy durmuş we iş babatda oňaýly garaýyşlaryň döremegine getirýär. Ýaş mugallymlar täze bilimleri, tehnologiýalary we okuw usullaryny ulanmak arkaly has soňky, döwrebap tejribä eýe bolup, talyplara häzirki döwürde zerur bolan ukyp-başarnyklary endik etdirip, olary täze açyşlara ruhlandyrýarlar. Halypa mugallymlaryň köp ýyllaryň dowamynda gazanan durmuş we hünär tejribeleri talyplar üçin gymmatly sapak bolup, olara kynçylyklary we mümkinçilikleri has giňişleýin görmäge kömek edýär, tankydy pikirleniş we seljeriş ukyplaryny ösdürmegiň ýollaryny görkezýär.

Hususan-da, ýaşlygyň, tejribäniň, innowasiýalaryň, däp-dessurlaryň utgaşdyrylmagy bilen talyplaryň häzirki zaman dünýäsiniň ugurlaryna we talaplaryna düşünmeklerine, netijeli iş gurşawynyň emele getirilmegine oňaýly şertler döredilýär.

Bilim bermek, öwretmek, öz hünär tejribäňi paýlaşmak türkmen halkynyň örän irki döwürlerden gelýän gowy ýörelgeleriniň biridir. Bu barada Gahryman Arkadagymyz şeýle belleýär: "Ata-babalarymyz: "Şägirt halypadan ozdurmasa – kär ýiter" diýip, ýöne ýere aýtmandyr. Şonuň üçin ylmy ojaklarda, ýokary okuw mekdeplerinde şägirt – halypa mekdeplerini döretmeli. Halypalar ýaş zehinleriň hataryndan öz ýoluny dowam etdirip, ösdürip biljek şägirtleri tapmaly, kämilleşdirmeli, okatmaly, olara öz ussatlygyny öwretmeli" [2, 310 s.].

**Okuw mekdebinde talyplaryň dürli maksatly işjeň toparlarynyň hereket etmegi.** Ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlaryň gyzyklanmalary esasynda ylym, bilim, döredijilik, sport we ş.m. bilen baglanyşykly talyplar toparlarynyň dürli görnüşde işjeň hereket etmegi ýola goýulýar. Bu toparlara talyplaryň meýletin gatnaşmaklary, öz gyzyklanmalary boýunça dürli çärelerde işjeň çykyş etmekleri we şol ugurda kämilleşmekleri işjeňlik gurşawyny döredýär. Ýokary okuw mekdepleriniň çäklerinde ýaşlardan düzülen toparlaryň işjeň hereket etmegi talyplaryň ýokary tehnologiýalar ulgamyna çuňňur aralaşmagyny işjeňleşdirýär.

Şeýle toparyň talyplaryny dürli usullar bilen höweslendirmek olaryň işjeň agzalarynyň artmagyna, täze pikirlenişiniň döremegine itergi berýär.

Ýokary okuw mekdebinde hereket edýän jemgyýetçilik guramalarynyň goldaw-ýardamynda talyplaryň başlangyçlary esasynda döredilýän we dolandyrylýan meýletinçiler topary aýratyn bellärliklidir. Talyplaryň meýletinçilik iş ukybyny artdyrmak, öz borçlaryna içgin düşünmeklerini gazanmak üçin ýokary okuw mekdebi tarapyndan meýletin zähmet, meýletinçileriň häzirki zaman jemgyýetindäki orny, maksatlary we ileri tutulýan ugurlary boýunça düşünje berýän okuw sapaklarynyň guralmagy, olaryň alyp barýan işleri bilen mugallymlaryň içgin gyzyklanmalary komitetleriň işjeň agzalarynyň hatarynyň artmagyna getirer. Meýletinçiler toparlarynyň işjeň agzalary ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary bilen talyplaryň arasynda işjeň aragatnaşygy saklamakda uly hyzmata eýedir.

***Kitaphanalary talyplaryň uly höwes bilen barýan ýerlerine öwürmek.*** Gahryman Arkadagymyzyň okyjylar köpçüliginiň çuňňur söýgüsine mynasyp bolan “Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi” atly kitabynyň girişindäki şu jümleler hemmeleriň ünsüni özüne çekýär: “Türkmenleriň kitaba, paýhas-parasada goýýan hormaty aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Bu barada akyldar Magtymguly Pyragy: “Kitap okan gullar magnydan dokdur” diýýär. Çünki kitap okaýan adamyň ýüregi mähir-muhabbetden, köňli ynsanperwerlikden pürepür bolýar. Kalp päkligi, paýhas kämilligi, dil we duýgy baýlygy umman ýaly hazyna öwürýär. Okamaýan adam bolsa ruhy garyplykdan ejir çekýär” [1, 27 s.]. Munuň özi ata-babalarymyzyň gadymy döwürlerden bäri kitaby Watan, ene, saçak mukaddesligi deýin eý görendigini, ony mydama aýap saklandygynyň aýdyň beýanydyr.

Ýokary okuw mekdepleriniň kitaphanalary, öz işine jogapkärçilikli çemeleşmegi ýaşlary kitap okamaga, döredijilik bilen gyzyklanmaga çagyrýan özboluşly gurşawy döretmegiň açarydyr. Şu jähetden, bilim ojagynda hereket edýän kitaphanalar diňe kitap bermek we olary aýawly saklamak bilen çäklenmän, kitaphanaçylar okuw ýylynyň dowamynda kitap sergilerini we ýarmarkalaryny, döredijilik duşuşyklaryny, edebiýat agşamlaryny, “tegelek stollary”, görelde sapaklaryny yzygiderli guramak arkaly, talyplaryň ünsüni özüne çekmegi öz işleriniň aýrylmaz bölegine öwürmeli. Ýokary okuw mekdeplerine degişli bolan kitaphanalarda sanly ulgamlarda we *web sahypalarda* talyplaryň diňe bir hünär ugurlary bilen bagly bolan kitaplarynyň däl, eýsem, olaryň gyzyklanyp okaýan eserleriniň, häzirki zaman ýazyjylarynyň kitaplarynyň elýeterliligi üpjün edilmelidir.

Kitaphananyň işiniň hasabatlylygy hem okyjylaryň sanyny artdyrmagyň ýene bir guraly hökmünde ulanylyp bilner. Her talybyň aýyň dowamynda okan kitaplarynyň sanynyň hasabatynyň ýöredilmegi we bu barada köpçülikleýin habar hem netijeli bolar.

***Talyplaryň okuw döwründe ýazan ylmy makalalarynyň, ýyllyk işleriniň, gollanmalarynyň, taslamalarynyň köpçülige çykarylmagy.*** Türkmenistanda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, giň gözýetimli, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek üçin, talyplaryň diňe okuw kitaplaryndaky maglumatlary özleşdirmekleri, döwrüň talaplaryna görä, ýeterlik hasap edilmeýär. Talyplaryň ylmyň, tehnikanyň täzeliklerini özbaşdak özleşdirmeklerini, döredijilikli pikirlenmeklerini, täze innowasion taslamalaryň üstünde işlemeklerini, halkara derejesinde bäsleşmeklerini, jemgyýet üçin peýdaly bolan ylmy işleri okuw ýylynyň dowamynda işläp taýýarlamaklaryny gazanmagyň işjeň gurşawyny döretmek ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlarynyň wezipesine degişli edilse, oňat netijä garaşmak bolar. Häzirki zaman ylmynyň, tehnikasynyň we tehnologiýalarynyň, ykdysadyýetiň pudaklarynyň güýçli depginler bilen ösýän döwründe talyplaryň ylmy-barlag işlerine aýratyn ähmiýet berilýär. Bu işde esasy orun mugallymlara degişlidir, sebäbi diňe öz ussatlygyny we bilim derejesini yzygiderli kämilleşdirýän, döwrüň soňky ylmy açyşlaryndan habarly mugallymlar talyp ýaşlary ylmy döredijilik bilen meşgullanmaga höweslendirip bilýärler.

Ýokary okuw mekdepleri talyplar tarapyndan ýazylýan işleriň (diplom işleri, ylmy taslamalar we ş.m.) degişli edaralara, guramalara, kärhanalara (gyzyklanyjy taraplara) ugradylmagyny hem ýola goýmaly. Bu ugurda degişli işler ýazylyp başlanmazdan öň, olary gyzyklandyrýan meseleleriň soragnamalar arkaly öwrenilmegi işleriň netijeli bolmagyna oňyn täsir edýär.

***Okuw prosesinde reýtingleri ulanmagyň artykmaçlyklary.*** Soňky ýyllarda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri daşary ýurtly hünärmenleriň ýokary bahalaryna mynasyp bolmak bilen, dünýä reýtinglerinde abraýly ýer alýarlar. 2023-nji ýylda THE "Impact Rankings – 2023" bütindünýä ýyllyk täsir reýtinginiň bäşinji neşirinde Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň birbada sekizisine ýer berlendigi we "Times Higher Education (THE)" iňlis guramasynyň garaşsyz halkara hünärmenleriniň ýokary bahasyna mynasyp bolandyklary bolsa aýratyn bellärliklidir.

Şeýle reýtingleriň geçirilmegi diňe bir halkara derejeli mekdeplerde däl, eýsem, her bir ýokary okuw mekdebiniň çäklerinde hem ýola goýuldy. Bilim derejelerine we işjeňligine baha berlip, ähli talyplaryň arasynda öňdebaryjylaryň we ýetişigi gowşaklaryň ýörite sanawda görkezilip, köpçülige ýetirilmegi, *bir tarapdan*, talyplary işjeňleşmäge höweslendirse, *beýleki tarapdan*, olaryň ýakyn dogan-garyndaşlaryna-da anyk maglumatlary ýetirmäge mümkinçilik berýär. Reýting talyplary biri-biri bilen adalatly deňeşdirmegiň guralydyr.

Ýurdumyzyň bilim ojaklarynda talyplar we professor-mugallymlar tarapyndan üstünlikli ulanylýan bilim portallarynda reýtingleriň açyk görkezilmegi haýsy talybyň goşmaça goldawa we kömege mätäçdigini hem kesgitlemäge ýardam edýär. Reýting ulgamy mugallymlar we bilim edaralary üçin hem peýdaly bolup biler. Okatmagyň usullarynyň netijeliligini seljermek we bilimiň gowşak taraplaryny kesgitlemek üçin reýting maglumatlarynyň ulanylmagy, talyplaryň isleglerini has gowy kanagatlandyrmaga, okuw meýilnamalaryny kämilleşdirmäge kömek eder. Şeýle-de bolsa, reýtingiň talyplara baha bermegiň esasy we ýeke-täk usuly bolmaly däldigini hem göz öňünde tutmak möhümdir. Ol diňe talyplaryň işini işjeňleşdirmäge we oňa baha bermäge kömek edýän goşmaça gural bolmaly. Şol sebäpli, diňe bilim derejesini däl-de, eýsem, talybyň döredijilik başarnyklaryny we jemgyýetçilik ukyplaryny ösdürmegi hem göz öňünde tutýan deňagramly ulgamy döretmek möhümdir.

***Mekdepden daşary okuwlary guramak.*** Häzirki döwürde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde okatmagyň häzirki zaman bakalawr, magistr derejeleri ornaşdyryldy. Magistr derejesinde okaýan talyplara, şol bir wagtyň özünde, ýokary okuw mekdebinde professor-mugallymlara kömekçi mugallym bolmaga mümkinçiligiň döredilmegi iki tarap üçin hem peýdaly bolar. Olar okuwdan daşary okuwlary, gurnaklary alyp barsalar, olimpiadalara, taslama bäsleşiklerine talyplary taýýarlasalar, gurşawda işjeňligiň has-da artmagyna oňyn täsir eder.

Mundan başga-da, soňky ýyllarda bilim alýan has ökde talyplary okuwyň başlangyç ýyllarynda okaýanlara goşmaça okuwlary guramaga çekmek zerurdyr. Şonuň netijesinde, sapaklary ýa-da söhbetdeşlikleri, medeni çäreleri, ylmy maslahatlary geçirmek bilen işjeň we üznüksiz bilim gurşawyny gazanyp, talyplary ösüşe we öz-özlerini ösdürmäge çalyşmaga iteryän goşmaça güýji döretmäge mümkinçilik berer.

***Talyp ýaşlaryň ýaşaýan ýerlerinde öz üstlerinde işlemeklerini kämilleşdirmek.*** Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen talyp ýaşlarymyzyň okuwdan boş wagtlary peýdaly we netijeli dynç almaklaryny üpjün etmek, sagdyn bolmaklary, ylym, döredijilik, şeýle-de, sport bilen meşgullanmaklary üçin bilim ojaklarynyň çäklerinde ýerleşýän umumy ýaşaýyş jaýlarynda ähli zerur durmuş şertleri döredilen. Şol şertlerden başga-da, oňyn we öndürijilikli gurşawy döretmek üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynda talyplary otaglara ýerleşdirmekde aşakdaky ýörelgelerden peýdalanmak hem maksadalaýyk bolar we ýaşlaryň okuwyna, ýetişigine, dünýägaraýşyna, ösüşine oňyn täsirini ýetirer:

**1. *Anketalaşdyrmak we maglumat toplamak.*** Talyplary otaglara ýerleşdirmezden öň, olaryň gyzyklanmalaryny, güýmenjelerini, isleglerini we öndürijilik derejesini görkezjek anketalaşdyrmak geçirilip bilner. Bu talyplaryň zerurlyklaryna has takyk düşünmäge kömek eder. Anketalaşdyrmagyň netijelerine esaslanyp, meňzeş ugurlar boýunça özlerini kämilleşdirmäge çalyşýan talyplaryň bir otagda ýa-da goňşy otagda ýerleşdirilmegini gazanmaly. Mysal üçin, daşary ýurt dillerini öwrenýän talyplar birek-birege öwrenmäge ýa-da tejribe we bilim alyşmaga kömek edip biler ýaly ýerleşdirilip bilner.

**2. *Gyzyklanmalar boýunça.*** Talyplar otaglara bellenilende, olaryň umumy gyzyklanmalary we güýmenjeleri göz öňüne tutulmalydyr. Aýdym-saz, sport ýa-da sungat bilen gyzyklanýan talyplar bir otaga ýerleşdirilip bilner we ýaşlar okuwdan boş

wagtlary gyzyklanmalaryny ara alyp maslahatlaşyp, tejribe paýlaşyp, birek-biregi goldap bilerler.

**3.** ***Okuwda ýetişigi ýokary talyplaryň arasyna pes ýetişiklileri ýerleşdirmek.*** Ýokary üstünlik gazanýan talyplaryň pes ýetişikli talyba oňyn täsir etmek mümkinçiligi bar. Ökde talyplaryň arasynda bolmagy pes ýetişikli talyby okuw prosesine höweslendirip, işlerini gowulaşdyrmaga kömek edip biler.

**4.** ***Goldaw beriji gurşawy döretmek.*** Umumy ýaşaýyş jaýynda talyplaryň özleriniň goldanylýandyklaryny duýmak we birek-birekden kömek sorap bilýän gurşawyny döretmek hem möhümdir. Bu talyplaryň özara gatnaşygyny we goldawyny öňe sürýän temadaky ýygnaklary, umumy sapaklary ýa-da sergileri guramak arkaly amala aşyrylyp bilner.

**5.** ***Aýry-aýry haýyşlara garamak.*** Talyplar otaglara ýerleşdirilende, aýratyn haýyşlar we islegler göz öňünde tutulmalydyr. Käbir talyplar asuda we ýuwaş goňşularyň arasynda ýaşamagy makul bilýärler, beýlekiler bolsa tersine. Bu haýyşlary göz öňünde tutmak we ýerleşdirmek möhümdir, sebäbi olar talyplara otagda rahat dynç almaga ýa-da sapaklaryna taýýarlanmaga mümkinçilik berer.

***Uçurymlaryň tejribesini ulanmak.*** Okuw prosesiniň iň möhüm tapgyrlarynyň biri talyplaryň öz işlerinde bellibir üstünlik gazanan adamlardan maglumat we maslahat almak mümkinçiligidir. Ýaşlaryň öz okap ýören ýokary okuw mekdeplerini tamamlan, saýlap alan hünäri boýunça üstünlik gazanýan uçurymlar bilen duşuşyklarynyň guralmagy üznüksiz okamagyň artykmaçlyklaryna giňişleýin baha bermäge we olaryň tejribelerinden sapak almaga şert döredýär. Okuwy gutaraly bäri öz ugurlarynda ep-esli üstünlik gazanan uçurymlar bilen duşuşmak talyplara hakyky durmuşdan alnan wakalary, başdan geçirilen kynçylyklar baradaky gürrüňleri diňlemäge, anyk maksatlary kesgitlemäge we olara ýetmegiň ýollaryny tapmaga, saýlap alan hünäriniň ähli aýratynlyklaryna düşünmäge we özlerini şol hünärmenleriň ýerinde göz öňüne getirmäge mümkinçilik berer.

**Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2023-nji ýylyň 22-nji dekabry**

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
3. Paýhas çeşmesi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

**M. AGAGELDIYEV**

**THE ACTIVITY OF THE EDUCATIONAL SPHERE IS THE FOUNDATION OF PERFECTION**

This scientific article examines the importance of the working atmosphere for students and teachers, its impact on their motivation, concentration and effectiveness in educational activities. Several factors play a crucial role in determining a high-quality working atmosphere, such as frequent interaction with teachers and peers, active involvement in student associations, and maintaining a competitive spirit. A positive working atmosphere greatly contributes to students' success and all-around development. As a result, it is imperative for educational institutions to actively prioritize the cultivation and sustainability of a favorable working atmosphere.

**М. АГАГЕЛДИЕВ**

**АКТИВНОСТЬ ОБРАЗОВАТЕЛЬНОЙ СРЕДЫ – ОСНОВА СОВЕРШЕНСТВА**

В данной научной статье рассматривается значимость рабочей атмосферы для студентов и преподавателей, её влияние на их мотивацию, концентрацию и эффективность в учебной деятельности. Факторы, определяющие рабочую атмосферу, включают взаимодействие с преподавателями и однокурсниками, активную деятельность студенческих объединений, поддержание конкурентоспособности и т.д. Благоприятная рабочая атмосфера способствует успеху студентов и их общему развитию, поэтому важно активно работать над её формированием и поддержанием в образовательной среде.

Maral Atdaýewa

# EDEBI ÖSÜŞDÄKI AÝRATYNLYKLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe edebi şahsyýetleriň ömri, döredijiligi baradaky ylmy maglumatlary töwerekleýin öwrenmeklige uly üns berilýär. Şu nukdaýnazardan garalanda, nusgawy edebiýatyň wekilleriniň döredijilik aýratynlyklaryny öwrenmegiň döwrebap talaplar bilen baglydygyny bellemek bolar.

Edebi meýdanda uly orun alan şahsyýetleriň biri-de Seýit Ymameddin Nesimidir. Milli sungatyny ösdürmek we kämil görnüşde işlemek islän bu şahyr öz döwrüniň öňe çykaran meseleleri bilen iýmitlendirip, zamananyň talabyna laýyk döwrebap görnüşinde kämilleşdirmek isläpdir. Şol sebäpli, şahyr "tuýugy" arap we pars edebi däplerine laýyklykda ösdürip, oňa çuňňur filosofik pikirleri girizipdir. Şahyryň pelsepewi ündewlerini tuýugda bermeginiň ýene-de bir sebäbi, şeýle ölçegli şygyrlaryň aýdym-saza muwapyklygy bilen baglydyr. Asly türk sözi bolan aýdym aýtmak, öwgi, gizlin, syrly we näzik, yşaratly söz manylaryndaky tuýug etimologiýasy taýdan "duýmak" işliginden ýasalyp, "duýmak, kalpdan düşünmek" manysyny berýär. Häzirki zaman türkmen dilindäki "duýgy" sözündäki "tuýug" edebi görnüş bolmak bilen arap we eýran edebiýatynda bolmadyk, diňe bir türki dilli edebiýatda ulanylan şygyr görnüşidir. Aslynda, ol türki dilli edebiýatyň dörtlemesinden döredilendir [7, 194 s.]. Nesiminiň tuýuglaryndan görnüşi ýaly, Jelaletdin Rumynyň mekdebine häsiýetli *sema aýtmak* däplerini hem goldandygyny görmek bolýar. Şu nukdaýnazardan, şahyr öňe sürýän pikirlerini türki halklaryň semalarynda aýtmagy üçin niýetläpdir diýip aýdyp bolar. Nowaýy onuň aýdyma muwapyk ölçegdigi barada: "Türkleriň arasynda aýratyn hem çagataýlarda ýaýran şeýle ölçeg bar, olar bu ölçegde öz aýdymlaryny düzüp, märekelerde aýdýarlar. Olaryň biri iki bentden ybarat bolan tuýug bolup, onda başardygyndan tejnis ulanylmaga çalşylýar we ol remel-i musaddas-i maksur ölçeginde ýazylýar" [6] diýip ýazýar. Akyldar "Muhakamat al-lugataýynda" şeýle şahyrana görnüşiň parslarda ýokdugyny belläpdir. Türk alymlary M.F.Köprüli hem Abdyl Kadyr Maragy (XV) saz baradaky tezkiresiniň esasynda türkileriň dörtlemäniň "remeli müseddes maksur" ölçegine (mutadil) laýyk perdede aýdym aýdandyklaryny ýazýar. Nesiminiň tuýuglary ýokary çeperçiligi, çuňňur mazmuny bilen beýleki şahyrlardan mesemälim tapawutlanýar. Beýleki žanrlarda bolşy ýaly, tuýuglarynda-da şahyr **Alla** → **barlyk** → **adam** üçlüginiň içinde hereket edýär. Mysal üçin, şahyryň bir rubagysynda adamyň dünýä gelşi barada çuňňur düşünje berýär:

*Men ezelden mestu serhoş gelmişem,*
*Hyzra suw, Musaýa ataş gelmişem,*
*Löwhi mähfuzam munakgaş gelmişem,*
*Çaru penju höft ile şiş gelmişem* [5, 33 s.].

Manysy: Adam doglanda ylahy bilimiň-logosyň güýjünden (keramatyndan) ýüze çykýar, ylahy bilimi öwrenýänleriň ruhy (Hydyr) "baky" gelýär, pygamberler (Musa) öňden Allanyň yşky (ot) bilen bellibir maksatda (löwhi mähfuz) dogulýar. Olaryň hemmesi adamyň bedeninde (elementleriň üsti bilen görkezilýär), ýedi gat köňülden (ýüregiň ýedi dürli sypaty baradaky taglymat göz öňünde tutulýar), alty tarapyň içinde (dört tarap we ýokary aşak) dogulýar. Adama ýol görkezýän kitaby hem, özüni öwrenmegiň esasy ýoly hasaplanýan bäş wagt namaz hem (bu ýerde zikr göz öňünde tutulýar) görkezilen.

Mysaldan görnüşi ýaly, tuýugyň az sözde köp pikiri talap edişi bilen bagly, şahyr simwolik keşplere, adalgalara, söz oýnatmalara ýygyýygydan ýüz tutmaly bolupdyr. Şonuň üçin musulman filosofik düşünjesiniň ýörite hünärmeni bolmazdan, Nesiminiň tuýuglarynyň ähli many gatlaklaryna düşünmek kyn.

Seýit Nesiminiň mesnewileri, tejrygbentleri, kasydalary gös-göni "barlygyň birligine" bagyşlanypdyr. Kasydalarynda birlik temasy bilen bagly mesele gozgalyp, žanryň özboluşly aýratynlygyna laýyklykda, gozgalýan mesele has anyk we dabaraly beýan edilýär. Onda ylmy düşünjeler, taglymatlar, anyk düşünjelerden ugur alynýan ideýalar aýdyň beýan edilýär we ylym -bilime çagyryş güýçli ýaňlanýar. Şonuň üçin, Nesiminiň eserleriniň köp bölegi ylymly-bilimli, düşünjeli adamlara niýetlenipdir diýip bolýar. Nesiminiň şahyrana sopuçylyk taglymaty onuň

mesnewilerinde we kasydalarynda ýöriteleýin işlenipdir [1]. Ol şahyrana ussatlygyna görä, çeper pikirde gaýtalanmajak ajaýyp şygyrlary döredip, özüniň söze erk edip biliş başarnygyny görkezmek bilen, beýleki mistik şahyrlar ýaly, jemgyýetiň ruhy ýagdaýlaryna goltgy bermek maksadynda ukybyny, yhlasyny gaýgyrmandyr. Olara ahlak arassalygy bilen kalbyny tämizläp, her haçan hem bolsa, päkligiň köňüllerine rahatlyk berjekdigini sopuçylyk ýoly bilen düşündirýär. Şahyr örän agyr şertlerde ýaşaýan jemgyýete ruhy taýdan goltgy bermek üçin eserleriniň örän täsirliligini, duýguçyllygyny, çeperçiligini gazanmakda yhlas edipdir. Filosof şahyr Senaýy, Attar, Suhrawerdi, Hafyz ýaly pars dilli şahyrlardan hem-de Ýunus Emre, Burhaneddin Siwasly ýaly türki dilde şygyr ýazan ussatlardan ylham alyp, olary pelsepewi nukdaýnazardan şahyrana ösdüripdir.

Magtymguly Nesiminiň gündogar pelsepesini türki dilli diňleýjilere ýetirmek islegini has owazly beýan etmegi başarýar. Munuň esasy sebäbiniň biri hem Magtymgulynyň çeper usuly bilen baglydyr. Nesimi pikirlerini gazalyň üsti bilen örän kän bentlerde beýan etmeli bolupdyr. Şonuň üçin gazal şekiliniň 7-den 13 bende çenli ýazylýan talaplaryndan çykmaly bolupdyr. Orta asyr şahyrlarynda, käbir ýagdaýlarda, olaryň sany 3 – 6 ýa-da 22 bende çenli bolupdyr [5, 152 s.]. Şular ýaly ýagdaý Nesiminiň döredijiligine-de häsiýetli bolup, şahyr pikirini kähalatda 30-dan-da kän gazal bentlerinde ýazmaly bolupdyr. Köplenç bolsa, pikirlerini täze gazalyň üsti bilen, şol bir kapyýada ýa-da redifde dowam etdiripdir. Muňa seretmezden, şahyryň döwrüniň talabyna görä, gazala ýykgyn etmegi, ilki bilen, mistiki gazallaryň formirlenmegine sebäp bolan sopuçylygyň türki edebiýatda ornaşmagyna uly täsirini ýetirýär. Bu žanr liriki eserlerde tema köpdürlüliginiň, ylmylygyň, ahlaklylygyň, çeperçiligiň ýokary derejä ýetmeginde ähmiýetlidir. Şonuň bilen birlikde, şygryýetiň jemgyýetiň mentallygyny gazanmakdaky hyzmatyny görkezmekde möhümdir. Azady, Magtymguly, Gaýyby gazalyň tematik köp görnüşliligini we özbaşdak bentleriň gurluş strukturasynyň ösüşini gazanýarlar. Şeýle-de, gazal liriki şygryýeti çeperçilik nukdaýnazardan kämilleşdirýär. Allegoriýalaryň, aýtgylaryň, keşpleriň görnüşleri we ulanylyş derejesi giňeýär.

Magtymgulynyň “Myhmanydyr”, “Jahan senden bihabar”, “Äleme belgilidir”, “Birniçe mysal” ýaly gazallaryndan görnüşi ýaly, olarda, filosofik pikirler öňe sürülýär. Şular ýaly uzyn gazallaryň soňabaka okyjyny ýadadýandygyny duýan Magtymguly şygyr şekiline aýratyn üns berýär. Şonuň üçin çuňňur filosofik pikirli şygyrlaryny köp setirli bentleriň üsti bilen beýan edip we her setirinde pikiriň mazmunyny çuňlaşdyrmak bilen, onuň yzygiderliligini “döwmezlige” çalyşýar. Munuň özi şygryň akgynlylygyny güýjedip, oňa labyzlylyk we ýakymly äheň berýär:

*Gelse nowruz äleme, reň kylar jahan peýda,*
*Ebrler owaz urup, dag kylar duman peýda.*
*Bijanlar jana gelip, açarlar dahan peýda,*
*Gögermedik giýalar, gögerip rowan peýda,*
*Ederler haýwanatga hem sud-u zyýan peýda,*
*Ýer ýüzüne ýaýylyp, ýörirler nahan peýda,*
*Wabeste dahan guşlar kylarlar zyban peýda*
[3, 91 s.].

Şeýle duýguçyllygy “Nahan peýda”, “Guluň boldum”, “Rebbim Jelil”, “Berkarar etgen Kerim”, “Gurulmasdan burun” ýaly birnäçe goşgularyndan görmek bolýar.

Magtymgulynyň poetikasy babatda ylmy barlagy alyp baran belli alym A.Bekmyradowyň: “Magtymgulyny gözlegler halkyň asyrlarboýy ýaşap gelen çeperçilik däpleriniň, şol däpleri ençeme asyrlap öz gerdeninde çekip gelen, halkyň öz diliniň esasynda ýüze çykan, onuň gündelik durmuşynda ýanyndan aýyrman, aýdymlarynyň, dessanlarynyň bezegi bolan goşuk žanrynyň üstünden eltipdir” [2, 52 s.] diýip ýazyşy ýaly, şahyr gazalda şygyr ýazan hem bolsa, ol esasan, dörtlemä – goşuga aýratyn üns berip, eserleriniň aglaba bölegini bu şekilde döredipdir. Alym Magtymgulynyň döwrüniň wajyp bolan ideýalaryny we dürli temalaryny goşukda beýan ediş ussatlygyny degişli işinde giňişleýin yzarlady. Şeýle-de bolsa, Magtymgulynyň umman ýaly giň döredijiliginde öwrenilmeli meseleleriň köpdügi sebäpli, onuň käbir ýagdaýlaryny belläp geçmek wajypdyr.

Bilşimiz ýaly, Magtymgulynyň goşuklary erkin tematik häsiýetlidir. Onuň bu şekildäki şygyrlarynda durmuşyň köp meseleleriniň gozgalandygyny görmek bolýar. Şahyr hatda, bir goşgynyň çäginde birnäçe meseleleri gozgap, onuň çözgüdini görkezýär. Bu goşgynyň çägin-

de dürli meseleler goýlup, gozgalýan meseläniň baş ideýasyndan daşlaşman, olary sazlaşykly gatnaşykda beýan edýär. Goşgularynda gündelik durmuşda bolup geçýän wakalary, taryhy, dini, tebigy hadysalary, adam häsiýetlerini deňeşdirme ýa-da meňzetme hökmünde ulanyp, öňe sürýän pikiriniň täsirli bolmagyny gazanýar. Şeýle beýan etmeklik türkmenleriň halk döredijilik eserlerine mahsus bolsa-da, filosofik manyly pikirleriň beýany döwrüniň edebi hadysalary bilen baglydyr.

Akyldar bir goşugynyň bendinde ýa-da bendiň setirlerinde dürli pikirler, aýry-aýry wakalar, üýtgeşik mazmunlar barada gürrüň etmegi başarýar. Aýry-aýry setirlerinde özbaşdak pikiriň beýany şygryň özboluşlylygy ýaly görünse-de, olaryň arasynda biri-biri bilen baglanyşyk bolup, bir setir beýleki setiri düşündirýär. Mysal üçin:

*Magtymguly, sözüm Hakdyr,*
*Hak söze ten beren ýokdur,*
*Goç ýigitde ogul ýokdur,*
*Ojak ýitip, ýurt iňňildär* [4, 126 s.].

Bendiň açyk mazmunynda şahyryň Hakyň sözüni we hakykatyny aýdýandygyna seretmezden, oňa çyn ýürekden üns berilmeýänligi we ogly bolmadyk ýigidiň nesliniň ýitýänligi baradaky iki düşünje beýan edilýär. Bu iki pikir biri-biri bilen many äheňlerinde baglanyşykly bolup, şahyryň meňzetme hökmündäki deňeşdirmesinde birinji pikiriň manysy berkidilýär. Onda şahyr nesillere nesihat etmegiň, halky ahlaklylyga çagyrmagyň, kalbynda ynam döretmegiň özüniň päklenen köňlüniň – "kämil ynsan" tebigatynyň öňündäki borjudygy üçin, Hakyň hakykatyny beýan edýändigini aýdyp, şol nesihatlarynyň kabul edilmedik ýagdaýynda, jemgyýetçilik ahlagyň ýitjekdigini ogul zürýatsyz ýigidiň nesliniň ýitişine meňzedilýär. Bu ýerde esasy düşünje "ojak" hem-de "ýurt" sözündedir. Üstki mazmunda bu sözleriň düşnüklidigine seretmezden, ol birinji iki setiriň (misragyň) aşaky mazmunyny göterýär. Adamyň bedeni ylahy yşky saklaýan köňlüniň ýerleşýän ýeri, yşk elmydama oda meňzedilýär, ojak oduň ýanýan ýeri bolandygy üçin, onuň "ýurdy" hasaplanýar. Şundan gelip çykýan mazmuna görä, ynsanyň köňlünde Haka bolan yşk bolmasa, onda ol "ýurduň" köňlüniň ynamdan (imandan) aýrylyp, azap çekmegi mümkin. Bu ideýalar musulman filosofiýasynyň "gelmek we yzyna dolanmak" taglymatyndan gelip çykýar. Aslynda, Magtymgulynyň bu taglymata yşarat etmedik goşgusy azdyr. Şonuň üçin, irki döwrüň şahyrlaryna jemgyýeti kämillik ýoluna çagyrmak häsiýetlidir. Bir bendiň içinde şular ýaly başga bir durmuş wakalaryny, filosofik pikiri beýan etmek ýa-da baş pikiriň many äheňlerini ýüze çykarýan meňzetmeleri deňeşdirmek täri Bediliň döredijiligine häsiýetlidigi barada alymlar belläp geçýärler.

Eger-de özbaşdak manyly setirler şygryň semantiki ewolýusiýasynyň üýtgeşik bir hadysasy bolsa, onda sözleriň we düşünjeleriň many baglanyşygy hem-de gatnaşygy, onuň ýokary derejedäki şahyrana ussatlygyna, synçylygyna, çuňňur düşünjeliligine şaýatlyk edýär. Umuman, şygyrlarynyň gurluşynda hem-de mazmunynda bolşy ýaly, dilinde we stilinde hem Magtymgula täze çeper fenomenleriň ýüze çykmagyna mynasyp goşant goşmak başardýar.

Türkmen şygryýetiniň taryhyna göz gezdirilende, Magtymgulynyň döwrüne çenli şygryýet, esasan, yşky heserlenmä hyzmat etdirilýär. Wukuf mekdebiniň döredilmegi, hindi stiliniň kem-kemden ornaşmagy netijesinde täze ideýalar we äheňler ýüze çykyp ugran bolsa-da, ol kesgitli çäklerden çykyp bilmeýär. Şeýle-de bolsa, şygryýetiň gurluşynda, nazary garaýyşlarynda we mazmunynda düýpli üýtgeşmeleriň ýüze çykandygyna göz ýetirmek bolýar.

Pars şygryýetiniň däplerini ussatlarça türki dile hyzmat etdirmegi başaran türki dilli gazalyň ussady Nesimiden soň, bu liriki žanrlaryň tematikasyna üýtgeşmeler girizilen hem bolsa, ol diňe Magtymgulynyň döredijiliginde (bellibir derejede) sosiallaşýar. Magtymgulynyň şygryýetiň mazmunyna, gurluşyna, şol sanda, çeperçiligine we beýan ediş stiline täzeleniş girizendigini hem-de şygryýetiň wajyp aspektlerini kämilleşdirendigini şygyrlarynyň barlaglaryndan görmek bolýar. Özboluşly pikir dörediji usullary we üýtgeşik aýratyn keşpleriň gözlegi bilen, şygryýetiň käbir düzgünlerinde däpleşen serhetlerden çykmak şahyra başardypdyr.

Şahyrlar "kämil ynsan" taglymatyny döredijiler bolmasa-da, olar bar bolan taglymaty beýan etmek meselesine gowy düşünipdirler. Şonuň üçin, her şahyr bu ideýany öz şahyrana mümkinçiligine we jemgyýetçilik-edebi şertlerine laýyk formalarda beýan etmäge çalşypdyr. Beýik akyldarlarymyz Seýit Nesiminiň, Döwletmämmet Azadynyň we

Magtymguly Pyragynyň öwüt-ündew häsiýetli döredijiliginde bu taglymatyň işjeňleşdirilendigi şunuň ýaly ynsanperwer ideýadan durýan pygamberçilik wekilçiligi bilen baglydyr. Bu akyldarlar ýol görkezijilik hukugyna – kämillige eý bolup, soňra hakykatyň ýolundaky ideýalaryny öwüt-ündew häsiýetli şahyrana ýol bilen jemgyýeti päk ahlaklylyga, mertlige, adamkärçilige, söze ygrarlylyga, zähmete, edebe we ş.m. çagyryp çykyş edipdirler.

Şahyr diňe bir şahyr däl-de, ýol görkeziji, ruhy köňli rahatlandyryjy, ynam we ylham beriji akyldardyr. Nesimi sopuçylyga aňrybaş derejede ýykgyn edip, onuň taglymatlaryny şahyrana dilde beýan etmek bilen, adam meselesini birinji orunda goýýar.

Akyldaryň edebi mirasyndan görnüşi ýaly, onuň gysga ömründe türki halklar üçin ägirt uly edebi hyzmaty bitirendigine göz ýetirmek bolýar. Adamyň beýikligini, esasan, ynsanyň köňlünde görýän şahyr jemgyýetiň her bir agzasyny köňül päkligini gazanmaga çagyrýar. Şeýle ideýalar Magtymgulynyň döredijiliginde hem dowam etdirilýär, emma Pyragy jemgyýetçilik aňyň birmeňzeş däldigi nukdaýnazaryndan çemeleşýär. Ol jemgyýetçilik durmuşynyň içine aralaşyp, oňa içgin syn edýär we onuň sosial ýagdaýyna, intellektual aňyna, medeni, ykdysady, syýasy durmuşyna görä çemeleşýär. Şonuň üçin onuň çeper pikirlenmesinde durmuşyň içinden syzyp çykýan pikirler agdyklyk edýär. Magtymgulynyň türkmen şygryýetiniň arenasyna çykmagy, ilki bilen, şygryýetiň erkin pikirlenmesinde bellibir derejede öwrülişik getirýär. Başga sözler bilen aýdylanda, Magtymguly şygryýete çuňňur pikirlenmäni talap edýän esasy goýmagy başarýar.

Türkmen şygryýetinde Magtymgulynyň ägirt uly orny bardyr. Şahyr özünden öňki şahyrlaryň beýikligini uly sarpa bilen ýatlaýar. Pyragynyň hut şol akyldarlaryň pikirleri we dünýägaraýyşlary bilen tanyşmagynyň şygryýetde özüniň täze ýoluny açmagyna, pikirlenme rewolýusiýasyny amala aşyrmagyna mekdep bolandygyna şaýatlyk edýär.

**Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar instituty**

**Kabul edilen wagty
2024-nji ýylyň 13-nji fewraly**

## EDEBIÝAT


1. *Atdaýewa M.* Seýit Ymadutdin Nesiminiň çeper filosofiýasy. Ylmy monografiýa. – Aşgabat: “Ylym”, 2021.
2. *Bekmyradow A.* Magtymgulynyň poeziýasynda şahyrana däp we täzeçillik gözlegleri. – Aşgabat: “Ylym”, 1989.
3. *Magtymguly.* Şygyrlar. Üç tomluk. I tom. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1992.
4. *Magtymguly.* Şygyrlar. Üç tomluk. II tom. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1994.
5. *Seýit Ymadutdin Nesimi.* Saýlanan eserler. III jilt. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1994.
6. *Ali Şîr Nevâyî, Mizânü’l-evzân,* (Haz.: Kemal Eraslan), TDK Yay. – Ankara, 1993.
7. *Mehmet Sait.* Çalka klasik türk şiirinde rubai. Doktora tezi. – Erzurum, 2014.
8. *Бертельс Е.Э.* История литературы и культуры Ирана. (Избранные труды). – Москва: «Наука», 1988.
9. *Иванов С.Н.* К изучению жанра газели в староузбекской поэзии. Тюркологический сборник 1974. – Москва: «Наука», 1978.


**M. ATDAYEVA**

### COMMON FEATURES IN THE DEVELOPMENT OF LITERATURE

It is known that literature reflects different sides of the reality. Turkic literature contains common features of those reflections. The article studies the common features in the development of literature according to the scientific point of view and presents detailed and valid results of the research.

**М. АТДАЕВА**

### ОБЩЕЕ В РАЗВИТИИ ЛИТЕРАТУРЫ

Известно, что художественная литература отражает разные стороны действительности. В этом отражении выявляются общие закономерности в тюркоязычной литературе. В статье с научной точки зрения исследуются общие законы в развитии литературы и подробно описываются обоснованные результаты этих исследований.

**Kerwen Ýowbasarow**

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNA TIRME AÝDYMLARYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞ AÝRATYNLYKLARYNYŇ SELJERMESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň, "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýiniň halkara derejesinde giňden bellenilmegi şahyryň döredijilik dünýäsine dürli tarapdan baha bermäge has içgin çemeleşmäge giň ýol açdy. Hormatly Prezidentimiz "Ýaşlar – Watanyň daýanjy" atly kitabynda: "Milli edebiýatyň asyl kökleriniň halk döredijiligine, "Görogly" eposyna, halk dessanlaryna birleşýändigi tebigy kanunalaýyklykdyr. Eýsem, Gündogaryň beýik akyldary, türkmeniň beýik şahyry we filosofy Magtymguly Pyragynyň eserleri ähli döwürler üçin bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlykdyr" [1, 191 s.].

Halkyň söýgüli şahyry barada Gahryman Arkadagymyzyň: "Magtymguly Pyragy ylmyň, edebiýatyň, dünýä medeniýetiniň özünden öňki gazananlaryny akyl eleginden geçirip, dürdäne eserleri döretdi. Beýik şahyr türkmen şygryýetiniň we türkmen diliniň taryhynda uly özgerişlikleriň başyny başlady. Onuň umumadamzat medeni-ruhy hazynasyna giren şygyrlary bu gün dünýä dilleriniň köpüsinde ýaňlanýar. Magtymguly Pyragynyň danalyga püre-pür şahyrana eserleri türkmen poeziýasyny dünýä tanatdy" [2, 17 s.] diýen sözleri şahyryň döredijiligine goýulýan uly hormatyň, oňa berilýän artykmaç bahanyň bir ýere jemlenmegidir.

Magtymgulynyň şahyrana dünýäsi – bagşyçylyk sungatynyň baş temasy. Bagşyçylyk sungaty halkyň ruhuny galkyndyrýar, ynsanyň içki dünýäsini gözelleşdirýär, köpçüligi ynsanperwerlige, söýgä, edep-terbiýä çagyrýar we egsilmez lezzeti peşgeş berýär. Magtymgulynyň goşgulary aýdym edilip aýdylanda, diňleýjiler ony ýokary ruhubelentlik, gyzgyn mähir, egsilmez söýgi bilen kabul edýärler. Halk arasynda: "*Bu türkmeniň goşa-goşa täji bar //Biri Magtymguly, biri goşa tar*" [3, 50 s.] diýen hem aýdym, hem pähim bolup ýaňlanýan setirler türkmeniň şahyrana hem şahandaz dünýäsiniň, ruhy gymmatlyklarynyň geçmişini, geljegini we şu gününi akyldar şahyr Magtymgulynyň nusgawy eserlerinden we türkmen dutarynyň owazyndan aýrybaşgalykda göz öňüne getirmegiň mümkin däldigini aňladýar. Türkmen bagşylary bu iki gymmatlygy – şahyryň belent ahlaga, watansöýüjilige, agzybirlige ýugrulan şahyrana döredijiligini we goşa taryň owazyny bal bilen saryýagyň biri-birine gatyşyşy ýaly, jana aram beriji aýdymlary döretmegiň hötdesinden gelipdirler.

Türkmen bagşyçylyk sungatynda Magtymguly Pyragynyň goşgularyna aýdylýan aýdymlaryň örän uly orny bardyr. Bu diňe bir Daşoguz bagşyçylyk sungatynyň häsiýetli aýratynlygy bolman, ähli welaýatlaryň bagşyçylyk ýollary üçin hem deň derejede mahsusdyr. Şahyryň şygyrlarynyň köpüsi aýdym-saz äleminde heňlere öwrülip, halk hakydasyna siňendir.

Akyldar şahyryň goşgulary ýurdumyzda we halkara giňişlikde milli sungatymyzyň aýratynlygy hökmünde tanalyp, onuň sözlerine aýdylýan aýdymlar türkmenleriň ýaşaýan sebitlerinde hem-de doganlyk halklaryň arasynda ýokary derejede meşhurdyr. Şeýle aýdymlara goşulýan heňler ýerine ýetirilişi boýunça milli sungatymyzyň dürli ýollarynda birmeňzeş däldir. Magtymguly Pyragynyň goşgulary heňiň adyna hem siňip gidendir. Diýmek, şahyryň goşgularyna aýry-aýry döwürlerde dürli heňler hem döräpdir we olar bagşyçylyk sungatynda özboluşly kämillige eýe bolupdyr diýip bileris. Bu bolsa şahyryň eserleriniň diňe bir türkmen edebiýatynyň ösmeginde däl, eýsem, milli sungatymyzyň kämilleşmeginde hem özboluşly ähmiýetiniň bardygyny görkezýär. Halypa bagşylarymyz Nazar Baganyň, Öre Şyhyň, Palta bagşynyň, Magtymguly Garlynyň, Baýar Baýramowyň, Ilaman Annaýewiň we olaryň şägirtleriniň şahyryň goşgularyna birnäçe aýdymlary ýerine ýetirendikleri bellidir.

Ýokarda ady getirilenler Magtymguly şahyryň goşgularyna aýdym aýdýan halypa bagşylaryň diňe käbirleridir. Şahyryň goşgularynyň birnäçesi bagşylar tarapyndan dürli heňlerde aýdym edilip aýdylýar. Şonuň üçin biz ylmy gözleglerimiziň dowamynda bagşylaryň aýdan hem-de aýdýan aýdymlarynyň heňiniň adyny ýazyp, şol heňde ýerine ýetirilýän goşgularyň birnäçesini görkezmegi makul bildik. Halypalaryň ussatlyklarynyň görkezijisi hökmünde

| Heňiň ady | Goşgynyň ady |
|---|---|
| “Sergezdan men” | “Atça bolmaz” |
| “Muhannes” heňleri | “Byragyň”, “Ykbal bolmady”, “Tapmaz sen” |
| “Çoh derde goýan ýarym” | “Bilmezmiň?!” |
| “Mansurbaý” | “Bu derdi” |
| “Bilmedim” | “Ýagşydyr” |
| “Getir” | “Ata meňzär” |
| “Oýan” | “Şalyk bilen” |
| “Dady heý” | “Hasta bolmasdan burun”, “Dady heý” |
| “Jelil” | “Jelil”, “Şalyk bilen” |
| “Ýoluksa” | “Ýoluksa”, “Bellidir” |
| “Arap ogly” | “Daň atmazdan burun” |
| “Sil galmaz” | “Sil galmaz” |
| “Zelil göwnüm” | “Aýlar görüner” |
| “Ýaýar gider” | “Ýaýar gider” |
| “Nowgül” | “Ýaranlar”,“Getirer”, “Anbar saçdylar” |
| “Mekanym” | “Ýat bolar”, “Düşen günlerim”, “Bu işi” |
| “Aýan bolmasa” | “Mätäç eýleme” |
| “Gola gel” | “Nahana geldiň”, “Don gerek” |
| “Nalyş” | “Delalat ýagşy”, “Yzlamaýan bolarmy?” |
| “Meýlis halan” | “Üstesi bolmaz” |
| “Aýjan galpak” | “Geçmeli dünýädir”, “Näler boldy” |
| “Taý atym” | “Iren ýalydyr” |
| “Bu dünýä” | “Bu dünýä”, “Il ýagşy” |
| “Paş eder seni” | “Paş eder seni” |
| “Döwletýar gyrk” | “Işine degmez” |
| “Görüm-görülmegen ýerde” | “Görüm-görülmegen ýerde” |
| “Kiçi Kerem geldi” | “Baş üstüne” |
| “Ýandym” | “Näler görner?” |
| “Ussadym” | “Benijan” |
| “Sataşdym” | “Sataşdym” |

bir bagşynyň şol bir heňde birnäçe goşgyny ýerine ýetirmegi başarmagy tebigy ýagdaýdyr. Elbetde, bagşylar tarapyndan aýdymlaryň bogun sanynyň gabat gelmeginiň esasynda, Magtymguly Pyragynyň başga goşgularyna ýerine ýetirilýän aýdymlaryň nusgasyna gabat gelmek bolýar, ýöne sanawynda belläp geçýänlerimiz halk içinde şu güne çenli ussat halypalar tarapyndan ýerine ýetirilen we häzirki wagtda hem aýdylýan aýdymlaryň aglabasydyr. Ady getirilen heňlerde aýdylýan aýdymlar we şol heňlere sanalýan sözler berlende, daşoguzly bagşylaryň ýerine ýetiriş aýratynlygy göz öňünde tutuldy.

Magtymgulynyň goşgularyna ýokarda görkezilip geçilen tirme görnüşde aýdylýan aýdymlar şahyryň eserleriniň dürli heňlerde we dürli ýollarda öz beýanyny tapýandygyny aňladýar. “Mansurbaý”, “Mekanym”, “Bu dünýä” ýaly heňleriň daşoguz bagşyçylyk ýolundan beýleki ýollarda gabat gelmeýändigini bellemek bolar. “Mansurbaý” heňinde aýdym edilip Magtymguly Pyragynyň “Bu derdi”goşgusy aýdylýar:

*Keşt eýledim, gezdim yşkyň dagynda.*
*Ne beladyr, kimse çeker bu derdi?* [4, 27 s.].

“Bu dünýä” heňi barada aýdylanda, aýdymyň heňiniň adynyň hem, “Bu dünýä” aýdymynda aýdylýan goşgynyň hem akyldar şahyryň “Bu dünýä” goşgusydygyny bellemek bolar. Şular ýaly mysallaryň ençemesiniň bardygy Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň halk heňleriniň adyna siňendigini we aýdym-saz sungaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny subut edýär.

Şahyryň döredijiliginiň gymmatyna döwlet derejesinde we onuň çäklerinden daşarda uly üns-alada bilen garalýandygy-da buýsanarlyk ýagdaýdyr. Muny Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp sözleri aýdyňlyk bilen tassyklaýar: “ÝUNESKO-nyň Baş maslahatynyň 42-nji mejlisinde kabul edilen Kararnama laýyklykda, beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk ýubileýiniň 2024 – 2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşulandygy barada gelip gowşan hoş habary, şeýle-de, paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň “Dizaýn” ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizmek baradaky çözgüdiň kabul edilmegini medeni gatnaşyklarymyzyň halkara derejä çykmagynyň nobatdaky möhüm wakalary hökmünde häsiýetlendirip bolar” [1, 203 s.].

Ýene-de bir bellenilmeli zat, şahyryň goşgularyna tirme aýdymlary goňşy halklaryň hem özleriniň milli heňlerinde aýtmaklary Gündogar halklarynyň sungatynyň taryhy kökleriniň umumylygyny tassyklaýar, eýsem, özbek, gazak, garagalpak bagşylarynyň arasynda hem dessanlaryň, Magtymgulynyň goşgularyna aýdylýan tirme aýdymlaryň meşhurdygyny bellemelidiris. Bu eserler halklaryň agzybirligini berkitmekde, birleşdirmekde bahasyna ýetip bolmajak uly güýçdür.

Halkyň milli mirasy bolan dessanlar, aýdymlar hiç haçan könelmeýär. Olar türkmen bagşyçylyk sungatynyň ähli ýollarynda, dürli bagşylaryň repertuarynda häzirki wagta çenli saklanyp gelýär. Bular halypalardan şägirtlere geçip, saz bilen nakyla öwrülip, halkyň aňyna siňendir.

Şeýlelikde, türkmen milli bagşyçylyk sungatynyň düýp köküniň birdigi, şol bir wagtyň özünde-de, düýp köke uly tapawutlary girizmeýän we onda ýerli şertlere, halypalaryň kämillik ussatlygyna bagly bolan aýratynlyklaryň bardygy anyklanyldy. Bu aýratynlyklar şol bir heňi, aýdymy dürli saz bezegleri bilen baýlaşdyrmak maksady bilen döredilipdir. Şeýdibem, türkmeniň bir bitewi, ajaýyp bagşyçylyk sungaty orta çykypdyr.

Häzirki wagtda Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýini halkara derejesinde belläp geçmek bilen baglanyşykly birnäçe görnüşli çäreler döwlet we halkara derejesinde giňden ýaýbaňlandyrylýar. Şahyryň umumadamzat gymmatlyklarynyň genji-hazynasyna öwrülen ajaýyp eserleri sebitde we dünýäde ruhy gymmatlygyň janly bölegi hökmünde jemgyýetçilik aňynyň ruhy kämilligine ýetmeginde uly hyzmaty ýerine ýetirýär. Şahyryň eserlerini ylym, sungat we döredijilik işi hökmünde öwrenmek üçin Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanylan işler Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýär. Munuň üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza buýsanjymyz we alkyşlarymyz çäksizdir!

**Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 4-nji apreli**

## EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa... – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
3. *Bäşiýew G.* Çynarym. – Aşgabat, 1996.
4. *Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1976.

**K.YOVBASAROV**

**ANALYSIS OF PERFORMANCE FEATURES OF THE “TIRME” SONGS TO THE POEMS OF MAGTYMGULY PYRAGY**

During the Revival of the New Era of Powerful state, in the year of «Font of Wisdom - Magtymguly Pyragy», the international celebration of the 300th anniversary of Magtymguly Pyragy, who is the great thinker of the East, takes place. This preparation gave a new impulse to study the creative world of the poet from different sides. In this regard, great attention is paid to the role of correlation of art with poetry. The article analyzes the performance of the “tirme” songs to the poems of Magtymguly Pyragy.

**К. ЁВБАСАРОВ**

**АНАЛИЗ ОСОБЕННОСТЕЙ ИСПОЛНЕНИЯ ПЕСЕН «ТИРМЕ» НА СТИХИ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ**

В период Возрождения новой эпохи и государства, в год «Кладезь разума Махтумкули Фраги» на международном уровне отмечался 300-летний юбилей великого мудреца Востока Махтумкули Фраги. Этот праздник дал новый импульс для более тщательного изучения различных направлений творческого мира мыслителя. В связи с этим большое внимание также уделяется взаимосвязи искусства с поэзией. В статье рассматривается анализ современных тенденций в исполнении песен на стихи Махтумкули Фраги.

Ogulsenem Gurbanowa

# RUS DILI SAPAKLARYNDA MONOLOG SÖZLEÝŞI ÖWRETMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Sözüň güýji uludyr. Köpçülikde, myhmançylykda, öýde geplemegiň tapawudyny bilmek, oýlanyp, ölçerip, ähli aýdylanlary delillendirip, netije çykaryp sözlemek medeniýetlilikdir.

Umuman, sözleýiş edebi jemgyýetde özüňi alyp barmagyň düzgünlerinden ybarat bolup, şahsyýetleriň özara gatnaşygynda wajyp orny eýeleýär. Sözleýiş edebini ýerlikli ulanmak terbiýeli şahsyýetiň esasy häsiýeti bolup, ol jemgyýetde ýokary baha eýedir. Sözleýiş bolsa monologik we dialogik häsiýete eýedir.

Sözleýşi guramaga diňe adam (gürleýän ýa-da ýazýan) gatnaşýan sözleýiş monolog görnüşdedir. Ol, adatça, öňünden taýýarlanylýan sözleýiş bolýar, şol sebäpli hem onuň logiki bölüniş we yzygiderlilik, berlen ýagdaýa has gabat gelýän leksik materialy we mazmuny beýan etmek üçin grammatik formalary ýörite saýlamak ýaly häsiýetleri gelip çykýar. Şonuň üçin monologik sözleýşiň esasy ulanylyş çäginiň edebi diliň ýazmaça görnüşi bolýandygy (dürli resminamalar, ylmy derňewler, makalalar, hatlar we ş.m.) düşnüklidir. Şeýle-de bolsa, ýörite gurnalan dilden sözleýişde monolog forma häzirki wagtda uly orun eýeleýär (dokladlar we habarlar, tele we radiogepleşikleriň dürli görnüşleri, wakalar barada gürrüňler we beýlekiler). Köpçüligiň öňündäki dilden çykyşlar aýratyn mana eýe bolýar. Dilden monolog sözleýiş köpçülik aragatnaşygy ýola goýulýan esasy formalaryň biridir. Monolog sözleýiş öwredilende, dilden sözleýşiň we tekstleriň tematikasynyň terbiýeçilik tarapyny göz öňünde tutmalydyr [2, 15 s.].

Mekdepde, adatça, ýazmaça teksti düzmekden öň, dilden jümleleriň üstünde işlenilýär, mugallym tekstleriň sözlemlerini we goşma sintaktik bitewülikleri birleşdirip düzmegiň umumy kanunalaýyklyklaryny öwredýär.

Adatça, dilden çykyşlar tapawutlandyrylýar: 1) öňünden taýýarlykly; 2) öňünden taýýarlyksyz.

Rus dili sapaklarynda, köplenç, öňünden taýýarlykly, birnäçe sapagyň dowamynda alnyp barylýan dilden çykyşlar duş gelýär. Jümleler, adatça, ilki ara alnyp maslahatlaşylýar, soňra ýazylýar.

Tutuş tekstiň gurluş aýratynlyklaryna akyl ýetirip, monology öwretmek ýoly maksadalaýykdyr. Baglanyşykly sözlemleri düzenlerinde, öwrenijiler ene dili sapaklarynda alan tejribelerine daýanýarlar. Olar tema, mikrotema, esasy pikir, düzüm bölekleri, sözleýiş kysymlary (hekaýa etme, suratlandyrma, pikir ýöretme we beýlekiler) ýaly düşünjeler bilen tanyş, olar baglanyşykly tekstde sözlemleriň özara many baglanyşygy bilen häsiýetlendirilýändigini bilýärler, şeýle-de, olaryň diňe biri-biri bilen däl-de, eýsem, umumy tema bilen hem laýyk getirilýändigini bilýärler [5, 7-10 s.].

Şonuň bilen birlikde, öwrenijilere baglanyşykly teksti düzmekde rus diline mahsus leksik, morfologik we sintaktik serişdeler belli däl, şeýle-de bolsa, olaryň käbiri ene we rus dillerinde meňzeş bolup biler. Ene diliniň tekstlerinde (gizlin deňeşdirme) sözlemara baglanyşyklary beýan etmegiň analogik serişdelerine ýüzlenmek sözleýiş başarnyklaryny ösdürmek prosesini tizleşdirýär.

Dialog we monolog sözleýiş utgaşykly we özara baglanyşykda öwredilende, has uly netijä ýetilýändigini tejribe görkezýär. Monolog we dialog sözleýşiň özleşdirmek derejesinde, olaryň düýbünden başga bolan sözleýiş görnüşleridigi göz öňünde tutulmaly ýagdaýdyr. Eger dialog sözleýiş sözleýiş nusgalarynyň çäkli mukdary esasynda türgenleşmek ýoly bilen özleşdirilýän bolsa, monolog ýörite öwredilmelidir.

Monology öwretmegiň birinji tapgyryna seredeliň. Sözleýşi höweslendirme hökmünde öwretmegiň haýsy serişdeleri peýdalanylyp bilner?

Häzirki zaman derňewlerinde monolog jümleleriň, adatça, ýagdaýdan däl-de, gürleýäniň içki meýillerinden gelip çykýandygy nygtalýar, emma rus dilini öwrenýänlerde rus dili gurşawynyň ýoklugy zerarly, içki meýiller döremän hem biler. Şonuň üçin olara itergi (impuls) gerek.

Rus dilini işjeňleşdirmek üçin has netijeli:

1.*Meýil–ýumuş.* Sapakda janly gepleşik ýagdaýy döredilýär. Öwrenijilere ýumuş berilýär: mekdep durmuşynyň wakalaryny ýa-da ýurduň (şäheriň, obanyň) durmuşynyň wakalaryny beýan etmek (teswirlemek). Şonda zähmet, dürli milletleriň

çagalarynyň dostlugy we (maşgalada, mekdepde, daşarda we ş.m.) özüňi alyp barmak temalary gozgalanda, sözlemleriň aýratyn terbiýeçilik ähmiýetiniň bardygy bellenmelidir.

2. *Okalan kitap, görlen kinofilm, radio ýa-da telegepleşik dogrusynda pikir alyşmak.* Mekdeplerde, has-da rus sözleýiş gurşawynyň ýoklugy üçin mugallymyň gyzykly, täsirli gürrüňi öwrenijilere çykyş üçin itergi bolup biler.

3. *Okuw-sözleýiş ýagdaýlaryny taýýarlamak üçin häzirki wagtda okatmagyň audiowizual serişdeleri* (sesli görkezme esbaplary) *giň gerime eýe bolýar.* Suratlar toplumy, diakadrlar bilen ýaňlanýan sözleýşi bilelikde ýetirmek usuly netijeli bolýar.

4. *Okuw çekişmesi we teswirleme.* Öwrenijiler dürli dersler boýunça sapaklarda hödürlenýän maglumatlara öz gatnaşygyny beýan edýärler.

5. *Synpda hyýaly ýagdaý ähmiýetli bolup biler.* Ol wakanyň geçýän ýerini, kime degişlidigini we sözlemleriň häsiýetini görkezmek bilen döredilýär.

6. *Öwrenijilere hödürlenen materiala daýanýan dilden düzmeler.* Bu ýagdaýda sözleýşe meýil bolup tema (nakyl, frazeologik aňlatma) hyzmat edýär.

7. *Improwizasiýanyň dürli görnüşleri:* keşpli oýunlar, interwýu, pres-konferensiýa.

Monolog sözlemleriň kompozisiýa taýdan has meňzeş düzüm wariantlary bolýar. Şeýlelikde, monolog (sözlemüsti) birligiň düzüm ulgamynda şu bölekler bellenilýär:

1. *Başlangyç.* Adatça, ol pikiriň temasyny beýan edýän birinji sözlemdir. Kada boýunça başlangyç teksti sintaktik taýdan guraýar. Käwagt başlangyç hyzmatyny – tekstiň adyny ýerine ýetirip biler. Köplenç, gürleýşiň başlangyjy diňleýäniň ünsüni çekmek üçin ulanylýar.

2. *Pikiriň esasy bölegi* başlangyçda bellenen temany ýaýbaňlandyrýar. Bu öz arasynda baglanyşygyň dürli görnüşleri (parallel, zynjyr, baglaýjy we beýlekiler) bilen baglanan sözlemleriň toparydyr. Esasy (ortaky) bölegiň bitewüligi jümleleriň logik yzygiderliligi bilen gazanylýar. Bu pikiriň anyk logiki belligi boýunça beýan edilmegi diýmekdir. Logiki belligiň häsiýeti sözleýşiň görnüşine baglydyr. Şeýlelikde, hekaýa üçin wakalaryň hronologik yzygiderliligi logiki bellik bolýar. Beýan etmede üns has wajyp predmetlerden wajyplygy pesräk predmetlere, merkezden periferiýa gönükdirilýär. Materialy umumydan hususa tarap beýan edip bolýar.

3. *Jemleýji sözlem.* Onda pikir ýörite sintaktik serişdeleriň (baglaýjylar, inwersiýa we ş.m.) kömegi bilen jemlenýär, emma mekdepde usulyýet taýdan maksadalaýyklyk boýunça, ilkinji nobatda, sap shemalar özleşdirilýär, nusga – pikiriň ülňüsi işlenilip düzülýär, şondan soň üýtgeşik gurluşly sözleýiş bölekleri girizilýär, meselem, beýan etmegiň aralyk böleginde dürli garaýyşlar ýa-da beýan etmegiň mazmunyna girizilen pikir ýöretme elementleri ulanylýar we ş.m. [4, 5 s.].

Mekdepde dilden we ýazuw sözleýşi öwretmekde nusganyň uly ähmiýetiniň bardygyny tejribe görkezýär. Nusga hökmünde sesli sözleýiş bölekleri ulanylýar: magnit ýazgysyndaky mugallymyň, çeper söz ussatlarynyň nusgalyk sözi we okuwçylaryň ýazgy edilen dilden sözleýşi.

Okuwçylary tekstiň mazmun we gurluş tarapyny seljermäge taýýarlamak üçin 4 – 5-nji synplarda teksti gaýtalap diňläp kabul etmek ulanylýar, tekst interaktiw tagtada görüş arkaly üsti ýetirilip bilner [3, 5 s.]. Şonda çagalaryň döredijilik özbaşdaklygyny oýarmak wajyp. Onuň üçin bolsa şu usullar maslahat berilýär:

– okuwçylaryň pikirleri bilen nusgalyk gurluş gabat gelýär, ýöne tema boýunça tapawutlanýar;

– temanyň umumylygy we gurluşy boýunça birleşen nusga-mysallaryň birnäçesi ulanylýar. Meselem, «*В саду (в парке) осенью*» diýen tema boýunça pikirlerini ýazmakdan öňürti 4 – 6-njy synp okuwçylary özlerine tanyş çeper eserlerden bölekleri diňleýärler. Mundan başga-da, ýazyjylara we şahyrlara güýzüň dürli hili täsir edýändigini görkezmek üçin okuwçylara goşmaça täze tekstler berilýär.

Pikiri beýan etmäge taýýarlykda sözlük işi has şowly sözleri, söz düzümlerini, tamamlanan bölekleri döredijilikli gözlemek üçin geçirilýär [4, 5-20 s.].

Baglanyşykly sözleýşiň taýýar nusgalarynyň gözegçiliginden, olary seljermeden we dilden aýtmakdan (tekstiň esasynda) okuwçylar kem-kemden döredijilik işlerine geçýärler. Tekstiň gurluş shemasyny ulanyp gürrüň bermegiň soňundan tanyş sözleri we söz düzümlerini taýýarlyksyz sözleýişde ulanmaga öz täsirini ýetirýändigini (başlangyç teksden 60% gowrak birlik geçýär) okatmagyň tejribe maglumatlary görkezýär.

Baglanyşykly monologik sözleýşi öwretmek iki tapgyrdan ybarat: 1) nusgany seljermek; 2) baglanyşykly teksti guramak.

Baglanyşykly tekst bolýan material esasynda gönükmeler düzülýär. Tekstler şeýle görnüşde saýlanýar, ýagny olar okuwçylara özüniň tematikasy boýunça ýakyn we gyzykly hem-de terbiýeçilik häsiýetli bolar ýaly, meselem, «*Труд украшает человека*», «*Счастливая Родина есть у ребят*», «*В мире прекрасного*» we ş.m. temalar boýunça tekstler ulanylýar. Adatça, gönükmeler umumy bilimleri we döredijilik çemeleşmäni talap edýän ýumuşlary özünde jemleýär.

Tekstiň üstünde işlemegi şertli dört tapgyra bölüp bolýar.

Tekstden öňki tapgyrda, esasan, sözler we olaryň utgaşmasy özleşdirilýär, şeýle-de, nusga we shema boýunça sözlemler düzülýär. Grammatik tablisalary okuw-usulyýet iş toplumynyň düzüm bölegi hökmünde ulanyp bolýar.

Tekst tapgyrynda şu gönükmeler we ýumuşlar hödürlenýär:

– tekstiň audirlemesi (içiňden okamak);

– temany (içki temany) we aýdylanlaryň esasy pikirini işläp düzmek;

– parçanyň pikir-nazary mazmuny boýunça soraglara jogap bermek;

– tekstiň gurluş shemasyny düzmek we onuň esasy logiki düzüm böleklerini bellemek;

– sözlemara baglanyşygy kesgitlemek;

– teksti ýa-da onuň böleklerini gürrüň bermek we beýlekiler.

Tekstden soňky tapgyrda taýýar teksti täzeden işlemek boýunça ýumuşlar ýerine ýetirilýär:

– tekstden ikinji derejeli maglumaty aýyrmak;

– tekstiň aýratyn böleklerini giňeltmek;

– beýanda yzygiderliligi berjaý etmek;

– beýanyň wagt-görnüş maksadyny üýtgetmek we beýleki özgertmeler.

Dördünji (döredijilik) tapgyrynda, *bir tarapdan*, sözleýiş endikleriniň grammatik komponentleri (fonetik, leksik, orfografik we ş.m.) kämilleşdirilýär. Bu iş sünnälenen sözleýiş nusgalarynda däl-de, eýsem, ulgamyň diňe komponenti sözlem bolan edebi tekstiň materialynda geçirilýär. *Beýleki tarapdan,* okuwçylar berlen ýagdaý boýunça tema ýakyn, bellibir žanrdaky hususy sözleýiş eserini döredýärler.

Teksti düzmek tapgyrynda okuwça aýdýan zadyň möçberini we mazmunyny, onuň logiki düzüm gurluşyny kesgitlemek, dil serişdelerini saýlap almak, olary pikiri beýan eder ýaly biri-birine laýyk getirmek



hökmandyr. Aýdylanlaryň mazmunyny kämilleşdirmek endikleri ýagdaýa (tema), esasy pikire laýyklyk nukdaýnazaryndan kemala gelýär we ösýär. Grammatik we sözleýiş ýetmezçilikleri düzedilýär. Gurluş babatda monolog sözleýiş has yzygiderli bolýar.

Şu işleriň ählisiniň hili okuwçylaryň pikirlenmesiniň, ýadynyň, sözleýiş ukybynyň, düşbüliginiň, lingwistik medeniýetiniň, analitik-sintaktik amallarynyň ösüş derejesine bagly bolýar.

Indiki hödürlenýän işiň görnüşleri we usullary monologik sözleýşi (taýýarlykly we taýýarlyksyz) gurluş taýdan guramagy we onuň böleklerini işläp taýýarlamagy öwretmek üçin niýetlenendir.

1. *Goşma sintaktik bitewüligiň sözlemleriniň arasyndaky sintaktik gatnaşyklara düşünmek*. Bu gatnaşyklar, esasan, ýönekeý we goşma sözlemlerdäki ýaly gatnaşyklardyr (aýyrgyçly, deňeşdirme, çäklendirijili, ahwalat we ş.m.).

2. *Okuwçylary gönükmeleriň tekstlerindäki we öwrenilýän çeper edebiýatyň eserlerindäki utgaşykly, parallel we baglaýjyly gatnaşyklaryň ýönekeý leksik, morfologik we sintaktik serişdeleri bilen tanyşdyrmak.*

3. *Goşma sintaktik bitewülikde onuň düzüm-kompozisiýa böleklerini – başlangyç, esasy, jemleme bölümlerini bellemek.*

Baglanyşygyň görnüşleri we serişdeleri

**Utgaşykly. Parallel. Baglaýjyly**

*У ольхи на ветках*
*коричневые круглые*
*шишечки. Это*
*кладовые. В них дерево*
*хранит свои семена.*

**Gatnaşygyň serişdeleri: *это, в них.***

*Мы с бабушкой уходим*
*Все дальше в лес.*
*Скрипят клёсты.*
*Звенят синицы.*
*Смеётся кукушка*
*Свистит иволга* [4, 5-20 с.].

***Gatnaşygyň serişdeleri: işlikleriň wagt-görnüş laýyklygy, sözleriň meňzeş tertibi.***

*В друг руководитель*
*группы остановился.*
*Идти было трудно.*
*Да и незачем. А*
*хотелось узнать, что там.*

Gatnaşygyň serişdeleri:

Baglaýjyly gatnaşykda *да* we *а* baglaýjylar.

4. *Sözlemleri diňe many däl, eýsem, formal taýdan, ýagny grammatik taýdan baglanyşykly tekst bilen birnäçe tematik meňzeş görkezilen sözlemleriň çalşylmagy.* Tekst diňlenilenden soň, okuwçylar öz ýanyndan aýdylanlaryň mikrotemalaryny belleýärler, baglanyşygyň has laýyk serişdelerini saýlap, mikrotemalaryň töwereginde sözlemleri toparlara bölýärler.

5. *Okuwçylaryň jümleara baglanyşygy bolmadyk düzmelerini ýa-da kiçiräk tekstlerini rejelemek.*

6. *Analogiýa boýunça goşma sintaktik bitewüligi düzmek.*

7. *Atlar, çalyşmalar, baglaýjylar, hallar, ownuk bölekler, işlikler (goşma sintaktik bitewüliginde wagt-görnüş şekilleriniň laýyklygy) ýaly söz toparlary öwredilende, okuwçylary jümleara baglanyşyklaryň serişdelerini ulanmak boýunça türgenleşdirmek.*

8. *Deňdeş agzaly sözlemleriň esasynda baglanyşykly test düzmek.*

9. *Nobatdaky öwrediji beýannamanyň öňünden sözlemleriň arasyndaky serişdeleri seljermek.*

10. *Tekst ýasaýjy hyzmatly daýanç sözlerini we söz düzümlerini ulanyp,* teksti meýilnama boýunça gürrüň bermek (soňkulary planşetde ýazylýar). Üýtgedip we dürli goşmaçalar bilen (mazmuny esasy bölümini giňeldip, goşmaça deliller bilen, dialog, portret we psihologik häsiýetnamany girizip, bellibir leksik-grammatik materialy ulanyp, başgaça soňlama bilen bermek) gürrüň bermek bolar.

11. *Dialog sözleýşi monologa üýtgetmek.* Şeýle iş eýerjeňli goşma sözlemleriň öwredilýän we gaýtalanýan döwründe maslahat berilýär.

12. *Ýagdaý boýunça sözlemleri düzmek.* Meselem: *Siz ýoldaşyňyz bilen meşhur suratkeşiň sergisinde boldyňyz. Özüňizde galan täsirler barada pikir alşyň. Ortak işligiň doly we doly däl şekillerini ulanyp, «Мой первый трудовой день на ферме (в поле)»* ýagdaýy suratlandyryň.

13. *Sözsüz filmiň kadrlaryny diktoryň teksti bilen bermek.* Bu tär okuwçylardan umumy sözleýiş başarnyklarynyň toplumyny ele almagy talap edýän taýýarlyksyz teksti türgenleşdirmek üçin ulanylýar.

14. *Eşiden zatlaryňa düşündiriş bermek.* Meselem: Oba meşhur alymyň gelendigi belli boldy. Eşiden täzeligiňiz barada düşündiriş beriň.

15. *Kitaby, kinofilmi ara alyp maslahatlaşmak, suratyň mazmuny boýunça gürrüň geçirmek.*

16. *Hyýaly ýagdaýyň materialy esasynda teksti düzmek boýunça gönükmeler.* Meselem: «*Каким бы я хотел видеть свой город (своё село) через десять лет*» (Men öz şäherimi (öz obamy), on ýyldan soň, nähili göz öňüne getirýärin).

17. *Kino we gezelenç sapaklarynyň materiallaryny umumylaşdyrmak we taýýarlamak.*

18. *Sözleýiş işiniň soňky fazasy* (ters baglanyşyk) barlag (nusga bilen deňeşdirmek) bilen baglanyşyklydyr [5, 7-10 s.]. Şeýlelikde, dilden sözleýşiň habarnamalarynyň görnüşleri: soraglaryň delilli jogaplary, eşidenleriňi ýa-da okanlaryňy gürrüň bermek, geçilen temalar boýunça gürrüňdeşlik geçirmek, tekstleri, diafilmleri we kinofilmleri düşündirmek, hereket edýän şahslary häsiýetlendirmek, okanlaryňy bahalandyrmak, öwrenilen temalar boýunça ikitaraplaýyn gepleşikleri (dialoglary) düzmekdir.

**Ýollan: Aşgabat şäherindäki 87-nji orta mekdep**
**Resmileşdiren: Türkmenistanyň Milli bilim instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 25-nji marty**

## EDEBIÝAT

1. *Гурбангулы Бердымухамедов.* Образование – счастье, благополучие, успех. – Ашгабад: ТГИС, 2014.

2. Государственная программа о государственной молодёжной политике в Туркменистане на 2015 – 2020 годы.

3. Концепция развития цифровой образовательной системы в Туркменистане 15.09.2017.

4. Концепция совершенствования обучения иностранным языкам в Туркменистане 22.12.2017.

5. Антология «Дистанционное обучение в современном мире». – Москва: «Владос», 2005.

6. *Нужа И. В.* Традиционные и инновационные методики обучения иностранным языкам. Применение инновационных методов обучения иностранным языкам в школе: учебно-методическое пособие. – Орск: Издательство ОГТИ, 2009.

**O. KURBANOVA**

**PECULIARITIES OF TEACHING MONOLOGICAL SPEECH AT LESSONS OF RUSSIAN**

Speech etiquette consists of the rules of behavior in a society and occupies an important place in the interaction of individuals. The appropriate use of speech is the main characteristic of a well-educated individual and highly valued in society. Speech has a monologic and dialogic nature.

Monologue is the speech in which only one person (speaker or writer) participates. Public speaking has an important meaning as well. Monologue is one of the main forms of mass communication. One should consider the educational aspect of oral speech and texts when teaching monologic speech.

**О. КУРБАНОВА**

**ОСОБЕННОСТИ ОБУЧЕНИЯ МОНОЛОГИЧЕСКОЙ РЕЧИ НА УРОКАХ РУССКОГО ЯЗЫКА**

Речевой этикет, состоящий из норм и правил поведения в обществе, занимает важное место во взаимоотношениях личности. Уместное использование речевого этикета является основным качеством воспитанного человека и имеет огромное значение в общественной жизни. Речь может быть монологической или диалогической.

Монологическая речь – это вид речи, в которой участвует только один человек (говорящий или пишущий). Также важное значение имеют публичные выступления. Устная монологическая речь – одна из основных форм установления контакта с аудиторией. При обучении монологической речи следует иметь в виду воспитательный аспект устной речи и тематику текстов.

**Nazarmämmet Bäbişow**

# HÜNÄRE GÖNÜKDIRILEN TERBIÝEÇILIK IŞINIŇ GURALYŞY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mähriban Watanymyzda ýaşlary hünäre taýýarlamagyň ähli görnüşlerinde bilim we terbiýe bermegiň gaýragoýulmasyz meselelerine aýratyn orun berilýär [1; 2].

Terbiýeçilik işiniň esasy ugurlary iş ýüzünde hünär terbiýesi (öz hünärinden baş çykarmagy terbiýelemek), watançylyk we raýat terbiýesi, medeni we ahlak terbiýesi, beden we saglyk terbiýesi, talyplaryň öz-özüni dolandyrmagynyň çägindäki terbiýe ýaly görnüşler bilen häsiýetlendirilýär. Hünär bilen baglanyşykly terbiýe möhümdir, munuň özüne mahsus umumylyklary we aýratynlyklary bardyr.

Terbiýe mugallymlar tarapyndan durmuşy gymmatlyklaryň esaslaryny emele getirmäge gönükdirilen pedagogik işjeňligiň möhüm mazmunydyr. Pedagogik edebiýatlarda terbiýe ýaşlarda şahsyýet hökmündäki aýratynlyklaryň, garaýyşlaryň we ynançlaryň ulgamy ýa-da has anyk manyda bellibir terbiýeçilik meselesiniň çözülmegini aňladýan maksatlaýyn iş hökmünde kesgitlenýär [4]. Islendik pedagogik işi: a) terbiýäniň tebigaty hakynda gürrüň edilende, ony bilim ulgamynda çäkleri kesgitlenilen aýratyn düşünje; b) bellibir iş temasy, başlangyjy we ahyry bolan özboluşly işiň görnüşi; ç) terbiýelenýän şahsyýete bir ýa-da birnäçe görnüşde täsir etmegiň amallarynyň jemi; d) hünär işjeňliginiň beýleki görnüşleri arkaly alyp bolmaýan netijäniň aýratynlygy hökmünde häsiýetlendirmek bolýar [4].

"Terbiýeçilik işiniň hiliniň ýokary bolmagy mugallymyň ussatlyk derejesine nähili täsir edýär?" diýen sorag döwrebapdyr [3]. Şol sebäpli-de, terbiýeçilik çärelerini beýleki pedagogik çärelerden tapawutlandyrýan esasy zat terbiýäniň ruhy hem amaly tarapynyň barlygydyr. Terbiýeçilik işi, şol bir wagtyň özünde, obýektiwdir, umumy jemgyýetçilige (daşarky dünýä) we şahsyýete, onuň içki, ruhy durmuşyna gönükdirilendir.

Harby talyplaryň terbiýesiniň esasynda harby medeniýet, söweşijiniň şahsyýetiniň medeniýeti ýatýar. Harby bilimde esgeriň ruhy we sosial taýdan möhüm şahsyýet hökmündäki aýratynlyklarynyň kemala gelmegine üns berilýär. Harby ýokary okuw mekdebiniň ýolbaşçysyndan we akademiki geňeş agzalaryndan başlap, kitaphanaçy we deňiz kapellasyna çenli ähli işgärleri terbiýe işine gatnaşmalydyr. Harby talyplarda watançylyk ruhuny we harby hünärmeniň häsiýetlerini terbiýelemek üçin, bilim-terbiýeçilik işleriniň maksatly, hünäre ugrukdyrylan bolup, harby talyplaryň durmuşynyň we işiniň ähli taraplaryny öz içine almagy möhümdir.

Harbylarda terbiýe şahsyýetiň ruhy işjeňliginde onuň nazary garaýyşlaryna, barlygyna, hünäriniň düýp manysynyň meselelerine gönükdirilýär. Ruhy işjeňligiň maddy mazmuny ýokdur, ol şahsyýetiň içki dünýäsi, kalby, "egosy" ("içki meni") bilen baglanyşyklydyr. Şol sebäpli-de, bu düşünje, ilkinji nobatda, eliň bilen elläp ýa-da gözüň bilen görmäge degişli däl-de, duýgulaýyn akyl ýetirmäge we duýmak arkaly netije çykarmaga degişlidir. Terbiýe diňe hereketlerde görnende, has anyk bahalandyrylyp bilner. Şeýlelikde, terbiýäniň önümi aýratynlyga eýedir. Olar gymmatlyklar, many-mazmun, ýörelgeler, gatnaşyklar, duýgular, sebäpler, pikirler, ideallar ýaly birtopar düşünjeleriň jemidir. Olar maddy däldir, şeýle-de bolsa, beýleki adamlar tarapyndan duýlup we täsir edilip bilner. Terbiýeçilik işi şahsyýetiň ruhy gurşawynyň kemala gelmegi, daşarky dünýä we beýleki adamlar bilen gatnaşyklaryndaky şertler bilen hem berk baglanyşyklydyr. Olaryň täsiri bilen şahsyýetiň terbiýesi ýaşaýyş-durmuş şertlerine we talaplaryna görä (gowulyga tarap) üýtgemäge ukyplydyr.

Terbiýeçilik işindäki uly aýratynlyklaryň biri-de onuň hünäre gönükdirilendäki ýüze çykýan psihologik-pedagogik taraplarydyr. Başgaça aýdylanda, terbiýe hem, edil bilim ýaly, öwrenilýän hünäre laýyklykda, onuň bilen "aýakdaş" (häsiýetdeş) alnyp barylmaga degişlidir.

Bellibir hünär ugruna gönükdirilen şahsyýet üçin terbiýeçilik işi umumy häsiýetliliginden tapawutlandyrylýar, ýagny terbiýäniň hünäre gönükdirilenligi esasynda amala aşyrylýar. Mysal üçin, harby mekdebiň talyplarynyň hünär terbiýesini haýsy aýratynlyklary bilen tapawutlandyrmak bolar? Ilkinji nobatda, bu hünäriň özboluşly terbiýeçilik işiniň psihologik aýratynlyklaryny tapawutlandyrýar. Terbiýeçilik işiniň ylmy mazmunyny öwrenen alymlar şahsyýeti terbiýelemekde ynsanperwer çemeleşmeden ugur almalydygyny ýazýarlar. Ylmy işlerde terbiýeçiligiň

esasy psihologik aýratynlyklary hökmünde duýgudaşlyk, kabul etmek, sazlaşyk, döredijilik, teklip berip bilmek we pikirlenmek ukyby görkezilýär [4]. Bu ylmy garaýyşlar harby talyplary terbiýelemek babatda hem ulanarlyklydyr.

Harby talybyň şahsyýetiniň kemala getirilmegine pedagogik duýgudaşlyk, aňlatmagyň usulyna garamazdan, mugallymyň talyba hökmürowanlyk, gödeklik etmezden, onuň hereketleriniň hemmesini amaly durmuşda görüp, tejribeden geçireninden soňra, ony terbiýelejek bolman, talyby duýmagy, oňa ynsanperwer çemeleşmegi möhümdir. Terbiýede harby talyp beýleki bir has üstünlikli talyp bilen deňeşdirilmeýär, mugallym talyby duýgularyny erkin beýan etmäge çagyrmalydyr. Mugallymyň duýgudaşlygy özüniň we talybyň garaýşyny dogruçyl beýan etmekdir hem-de talyplara düşünmek ukybydyr. Duýgudaş gatnaşyga girmek talyp bilen mugallymyň arasyndaky sazlaşygy, umumy manylary tapmak, goldaw bermek we dürli ýagdaýlarda talybyň mugallyma ynamyny gazanmak bilen şertlendirilýär.

Mugallymyň terbiýeçilik häsiýetnamasy talybyň işjeňliginiň iň möhüm aýratynlyk hökmünde kabul edilenligidir. Başgaça aýdylanda, eger talyp işjeň bolsa, onda mugallym terbiýeçilik işini üstünlikli amala aşyryp biler. Başga bir şahsyýeti ynsanperwerlik bilen kabul etmek hökman oňa bolan söýgini we hormaty aňlatmaýar. Şahsyýeti hoşniýetli kabul etmek, milletine, syýasy ynançlaryna, özüni alyp baryş endiklerine garamazdan, islendik adamyň Ýer ýüzünde ýaşamaga hukugynyň bardygyny we hiç kimiň ony ýok etmäge hukugynyň ýokdugyny aňladýan syýasy ynamdyr [3]. Başga bir şahsyýeti ynsanperwerlik bilen, hoşniýetli kabul etmek terbiýeçilik işinde esasy talaplara degişlidir.

Harby talyplar we çagyryş boýunça gullukdaky ýaş raýatlar bilen işlän köpýyllyk iş tejribämize esaslanyp, pedagog bilen harby talybyň arasyndaky sazlaşygyň terbiýeçilik işinde möhüm ornunyň bardygyny aýratyn bellemek isleýäris. Mugallymyň başarjaňlygy, özüni ykrar etdirmegi başarmagy, dogruçyllygy, adalatlylygy harby talyby sözsüz “boýun egdirýär”. Harby talybyň mugallymy başarjaň hünärmen hökmünde kabul etmegi, oňa ynamynyň güýçlenmegi netijesinde, duýgular goşulyşyp, mugallym bilen talybyň arasynda özboluşly sazlaşyk döreýär. Bu sazlaşyk terbiýäniň harby talybyň aňyna we kalbyna mäkäm ornaşmagyna ýardam edýär. Mugallymyň harby talyplar üçin “aç-açanlygy”, meýilnamalarynyň we hereketleriniň aýdyňlygy möhümdir. Pedagogik işjeňligiň bu görnüşi, bellibir derejede, mugallymyň öz geçen durmuş ýoly (erkekler üçin harby gullukda bolan döwri), alan terbiýesi bilen kesgitlenýär, şol bir wagtyň özünde hem, mugallymyň işjeň hereketi harby talybyň öz-özüne bolan söýgüsiniň beýany hökmünde (işine ökde pedagog tarapyndan) ösdürilip bilner. Mugallymyň açyklygy talyplar bilen sazlaşykly gatnaşyklaryň döredilmeginiň esasyny düzýär. Açyklyk intellektual ugurda, kärdeşleri we harby talyplar bilen islendik meseläni ara alyp maslahatlaşmaga taýýynlykda ýüze çykýar.

Harby talyplary terbiýelemekde zerur bolan şertleriň ýene-de biri mugallymyň döredijilikli işidir. Terbiýeçilik işindäki döredijilik terbiýäniň möhüm aýratynlygydyr. Bu mugallymyň harby talybyň içki dünýäsine aralaşmak, mümkin boldugyça, talybyň oňyn hereketlerine ýokary baha bermek ukybydyr.

Harby talyplary terbiýelemek psihologik iş hökmünde dürli görnüşlerde amala aşyrylýar. Olara:

– harby talyp bilen aýratynlykda meýilleşdirilen (bir talyp bilen) terbiýeçilik işlerini ýerine ýetirmek;

– harby talyp toparlarynda (bir topar bilen) iş meýilnamasyna laýyklykda terbiýeçilik çärelerini geçirmek;

– harby talyplar bilen köpçülikleýin iş alyp barmak (bir ÝOM-yň çäginde ýa-da ugurdaş bilim ojaklaryny hem gatnaşdyrmak bilen) terbiýeçilik işlerine degişlidir.

Şahsy iş tejribämize esaslanyp, olaryň bir görnüşiniň (mysal üçin, etniki temadan, bir harby talybyň psihikasyna oňyn täsir etmek maksady bilen) söhbetdeşlikdigini bellemek bolar. Bulardan başga-da, bir topar ýa-da köpçülik bilen işlenilende, talyplar bilen terbiýeçilik mazmunly ýörite sapaklary, okuwlary guramak, ýygnaklary geçirmek, haýsydyr bir terbiýeçilik mazmunly teksti gürrüň bermek, göreldeli, terbiýeli, watançy, gahryman adamlar, belli şahsyýetler bilen duşuşyklar, “tegelek stollar”, gürrüňdeşlikler, sorag-jogap we dynç alyş agşamlary, dürli temadan konferensiýalar, kitap okamak, sport we bäsleşikler, ýaryşlar, harby oýunlar, harby agşamlar, harby hünär aýratynlygyny görkezýän çykyşlar we beýlekiler guralyp bilner. Harby talyplar bilen geçirilýän terbiýeçilik çäreleri olara öwredilýän bilim maksatnamalarynyň bir görnüşi hökmünde

çykyş edýär. Şol sebäpli-de, bilim, ylym öwretmek maksady bilen geçirilýän festiwallar, maglumatlary alyşmak boýunça bäsleşikler, tematik agşamlar, sergiler, sowal-jogap çekişmeleri, işewür oýunlar, talyplaryň ylmy konferensiýalary, olimpiadalar, jedeller, gepleşikler, bilim-terbiýeçilik kompozisiýalary hem terbiýeçilik işinde ýokary ähmiýetli bolup biler.

Harby talyplaryň terbiýeçilik işiniň innowasion usullarynda hem, edil beýleki edaralarda bolşy ýaly, häzirki zaman pedagogikasynda terbiýeçilik işini alyp barmagyň üç topary tapawutlandyrylýar: 1. Harby talybyň öz-özüni dolandyrmak başarnygyny terbiýelemek. 2. Harby talybyň köpçülik ýerlerinde özüni alyp barmagynyň ahlak kadalaryny berjaý etmek ukybyna eýe bolmagyny gazanmak. 3. Harby talybyň terbiýesiniň onuň hünärine täsirini terbiýelemek.

Ýokarda görkezilenler boýunça maksatlara ýetmekde umumymeýletin gurşawda talyplara täsir etmegiň pedagogik usullary bardyr, muny her bir terbiýeçilik işine gatnaşýan hünärmeniň bilmegi zerurdyr. Olar:

**1. Duýgulaýyn täsir etmek.** Bu göräýmäge emosionallyk harby ugur üçin häsiýetli däl ýaly görünýär, emma harby talyplary terbiýelemekde duýgulaýyn çemeleşmek esasy usullaryň biridir. Mugallymyň alyp barmaly terbiýeçilik işjeňliginiň üýtgemeýän häsiýeti hökmünde emosionallyk derejesi pedagogyň harby talybyň duýgusyna täsir etmek ukybydyr.

Mugallym harby talyplaryň abadançylygy we keýpihonlygy üçin amatly emosional atmosferany, aragatnaşyk üçin zerur dostlukly mikroklimaty döretmegi başarmaga ukyply bolsa, talyp terbiýäniň oňyn täsirini çalt kabul edýär. Bu amatly şertlerde mugallym talybyň özüni alyp barşynyň tebigylygyna, ilkinji nobatda, durmuşdan lezzet almagyna, şatlanmagyna we ş.m. täsir edýär.

**2. Höweslendirmek.** Terbiýeçilik maksady bilen ýerine ýetirilýän talybyň hem mugallymyň bilelikdäki işinde mugallymyň ony höweslendirmegidir. Höweslendirmek usuly talyby işjeňleşdirýär, mugallymyň öwredýän zatlaryny öz islegi boýunça ýeňil kabul edýär we çalt özleşdirýär. Bu usul mugallym üçin hem, talyp üçin hem işiň netijeliligini çaltlandyrýar. Höweslendiriji gurşaw döretmek täsir etmegiň usuly hökmünde, talyplaryň işjeňlikleri üçin aňly-maksatly şahsyýetiň döremegine esaslanýar. Höweslendirmek diňe bir höwes almak (ruhy taýdan galkynmak) isleginiň netijesi däl-de, eýsem, talybyň hereketleriniň tebigy netijesine öwrülmelidir.

**3. Talap etmek.** Terbiýeçilik işini höwes bilen ýerine ýetirip, ondan täsirlenýän we onuň tersine, talap etmek zerur (talap etmeseň, aýdylany ýerine ýetirmeýän) talyplar bardyr. Talap etmegiň iki görnüşi, ýagny göni we gytaklaýyn talap etmek tärleri tapawutlandyrylýar.

Göni talap talyplara düşnükli bolan we iki dürli düşündirişi bolmadyk, hökmanylygy, takyklygy, aýratynlygy, anyklygy we bellibir ülňä salnanlygy bilen häsiýetlendirilýär. Mugallymyň talaby aýgytly äheňde bolmalydyr, muňa aýdylyş äheňi, sesiniň güýji we ýüz keşbi bilen aňladylýan dürli öwüşginler mahsus bolýar. Gytaklaýyn talap maslahat beriji äheňde, haýyş, yşarat, ynam bildirmek görnüşlerinde bolup, göni talapdan düýpgöter tapawutlanýar, sebäbi herekete itergi bermegiň bu görnüşi göni talap edilýän psihologik şertler ýaly däl, gytaklaýyn talapda talyplaryň tejribeleri, gyzyklanmalary, islegleri göz öňünde tutulmalydyr.

**4. Temmi bermek.** Bu işjeň usul hasaplanmasada, terbiýelenýäniň öwredilýän düşünjeleri özleşdirmekde säwliklere ýol beren ýagdaýynda ulanylýan usuldyr we höweslendirmegiň, talap etmegiň, teklip etmegiň netijesi pes bolanda, bu usul ulanylyp biler. Harby talyplar üçin onuň terbiýeçilik maksatly dürli görnüşleri bardyr. Temmi pedagogik usullaryň biri bolup, onuň ulanylmagy harby talybyň islenilmeýän hereketleriniň öňüni almalydyr, özleriniň we beýleki adamlaryň öňünde günäkärlik duýgusyny döretmelidir.

**5. Teklip etmek.** Mugallym talyba dürli görnüşli ahlak “meýilnamasyny” teklip edip biler. Ahlak kadalarynyň jeminden ybarat bolan şeýle “meýilnamany” saýlamak işi talybyň özüne degişli edilmelidir. Goý, talyp ahlak kadasyny saýlasyn, ýöne mugallym tarapyndan teklip edilýän şeýle kadalar şahsyýetiň bütin ömrüniň dowamynda jemgyýetçilik ýerlerinde özüni düzgünli, tertipli alyp barmagynyň mizemez binýadyny döretmelidir.

**6. Inisiatiwalaýyn** (öz başlangyjyň, höwesiň bilen) terbiýe ugry ahlak taýdan öz ýoldaşlaryndan, talyp deň-duşlaryndan saýlanmagynyň isleg hökmünde ýüze çykmasydyr. Meýletin gurşawda talyba täsir etmegiň bu usuly oglanlara we gyzlara inisiatiwany we özüne bolan ynamy ösdürmek,

tutanýerliligi, göz öňünde tutulan maksada ýetmek üçin kynçylyklary ýeňip geçmek ukybyny berkitmek, öz-özüni dolandyrmak ukybyny kämilleşdirmek (saklamak, öz-özüňi dolandyrmak); özüni erkin alyp barmak endiklerini ýokarlandyrmak we ş.m. psihologik taraplarynyň kämilleşdirilmegi bilen amala aşyrylýar. Bu usul öz-özüňi düzgünleşdirmek gurşawynda (şahsyýetiň öz-özüne) täsir etmegiň usuly bolup, ol harby talyplarda akyl, beden taýdan öz-özüňi dolandyrmak, durmuş ýagdaýlaryny seljermek endiklerini ösdürmäge, özlerini alyp barşyna, beýleki adamlaryň ýagdaýyna düşünmek endiklerini öwretmäge we ösdürmäge gönükdirilendir. Bu usul talyplaryň özlerine we beýleki adamlara dogruçyl garamak endiklerini kämilleşdirýär. Inisiatiwalaýyn usulda şahsyýetiň özüni alyp barşynyň düzediş täri hem bardyr. Düzediş täri şahsyýetiň özüni alyp barşynda we adamlar bilen gatnaşyklarynda oňyn üýtgeşmeleri girizjek şertleri döretmäge gönükdirilendir.

Milli terbiýe ulgamynyň öz aýratynlyklary bardyr. Häzirki zaman pedagogikasynyň milli mazmuny ähli şahsyýetler üçin umumy bolan jemgyýetçilik hereketlerini, hyzmatlaryny adamyň ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan bilimleriniň, başarnyklarynyň, endikleriniň, şahsyýet hökmündäki aýratynlyklarynyň many-mazmuny, toplumy hökmünde terbiýe jemgyýetiň zerurlygydyr, gymmatlyk ulgamydyr. Harby talyplary terbiýelemek şol zerur gymmatlyklaryň düzüm bölegidir. Olara berilýän terbiýäniň esasy aýratynlygy dürli kategoriýaly harby işgärler bilen gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Harby talyplary terbiýelemek geljekki harby işgärleri ýetişdirmekdir. Olary terbiýelemegiň esasy maksady watançy raýaty, harby hünärmeni we ýokary ahlakly şahsyýeti kemala getirmekdir.

Harby talyplar geljekki harby işgärler bilen işlänlerinde, ýokary derejeli buýrugy höwes we düşünjeli garaýyş bilen şübhesiz ýerine ýetirmäge, ýolbaşçy tarapyndan berlen buýruk üçin jogapkärçiligi duýmaga, serkerdäniň borjy, abraýy barada aladalanmaga, özüniň hem serkerdelik hünärine we Watana gulluk etmek babatda şahsy duýgusyny ösdürmäge borçludyr.

**Türkmenistanyň Goranmak ministrligi**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 15-nji apreli**

## EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 15-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.
3. *Ксензова Г.Ю.* Психологические основы воспитательной деятельности учителя. – Тверь, 2001.
4. *Кулюткин Ю.Н.* Творческая направленность деятельности педагога // Сб-к научных трудов. – Ленинград: НИИ ООВ, 1978.

**N. BABISHOV**

**ORGANIZATION OF EDUCATIONAL WORK IN THE SYSTEM OF PROFESSIONAL TRAINING**

Professional education of military students is an important part of social education and it has its own generalities and peculiarities. This article discusses the importance of general pedagogic methodology and the peculiarities of practical educational works conducted with military students during organization of educational works aimed at the formation of future specialty. The article also states that the context of educational works aimed at the specialty should correspond to the context of their (guided) specialty.

**Н. БАБИШОВ**

**ОРГАНИЗАЦИЯ ВОСПИТАТЕЛЬНОЙ РАБОТЫ В СИСТЕМЕ ПРОФЕССИОНАЛЬНОЙ ПОДГОТОВКИ**

Профессиональное воспитание курсантов является важным видом социального воспитания и имеет свои общие черты и особенности. В статье описываются значимость общепедагогических методик, особенности видов практики воспитательной работы, проводимой с курсантами при организации воспитательной деятельности, направленной на формирование будущей специальности. В статье также отмечается, что содержание воспитательной работы должно соответствовать содержанию специализации.

**Ali Gurbanow, Fatima Nurgeldiýewa**

# DAŞARY ÝURT DILLERINI ÖWRENMEKDE HÖWESIŇ ORNY

Okuwçylarda öwrenilýän derse bolan höwesi döretmek daşary ýurt dilini öwretmekde möhüm meseleleriň biridir. Motiwasiýa okuwçylaryň okuw üstünliklerine oňyn täsir edýär. Umumybilim berýän mekdepleriň okuwçylarynda daşary ýurt dillerini öwrenmäge bolan höwesi güýçlendirmäge gönükdirilen täsirli usullary ylmy taýdan kesgitlemek häzirki döwürde bilimi ylmy esasda guramakda esasy wezipeleriň biridir [3].

Motiwasiýa, köplenç, içerki we daşarky höweslere bölünýär. Motiwasiýa Dekiniň we Reýniň öz ykbalyny kesgitlemek nazaryýeti bilen ýakyndan baglanyşyklydyr [3]. Öz ykbalyňy kesgitlemek nazaryýeti, özümiziň bir maksadymyzy ýa-da wezipämizi kesgitläp bilýän ýagdaýlarymyz bilen başga biriniň biziň üçin maksadymyzy ýa-da wezipesini kesgitlän ýagdaýlarymyzyň arasyndaky höweslendiriji nukdaýnazardan düýpli tapawuda ünsi çekýär. Hereket, öz-özüňi kesgitlemek we herekete gözegçilik etmek öz arasynda tapawutlandyrylýar. Garaşsyz hereket – adamyň öz karary esasynda, öz-özünden zorluksyz hereket edip, lezzet we erkinligi başdan geçiren mahaly.

Dolandyrylýan, gözegçilikde saklanýan özüni alyp barşynda säwlik goýberýär, bellibir işi ýerine ýetirmäge mejbur bolýar, bu dartgynlylyk duýgusyny döredýär. Öz-özüňi kesgitlemek bilen şahsyýetiň içki hyjuwynyň gözegçilik edilýän özüni alyp barşyndan has ýokary bolmagy möhümdir.

Zerurlyklar şahsyýetiň özüni alyp barşyna itergi berýän çeşmeleriň biridir. Okuwçylaryň içki hyjuwy olaryň üstünliklerine we okuwyň hiline oňyn täsir edýär. Öwrenilýän didaktik maglumatlar bilen gyzyklanýan okuwçylar, mysal üçin, has gowy netije gazanyp, okuwyň lezzetini alyp bilerler.

Özüňi alyp barşyň daşky baýraklar we höwesler bilen döredilen bolsa, daşarky höwes hakda aýdýarys. Öwrenmek üçin ol başda garaşsyz başga okuw zerurlyklary bilen *kanagatlandyrylsa, daşarky höwes bar* diýilýär. Daşarky höwesler, mysal üçin, mugallymy öwmek, gowy bahalar, okuw üstünliklerinden ata-enäniň şatlygy, okuwy tamamlandan soň abraýly kompaniýada ýa-da edarada işlemek mümkinçiligini artdyrmak [3, 8 s.]. Öwrenmek üçin daşarky höwesiň ýetmezçiligi diňe talyp bu daşarky baýragy almak üçin gural bolanynda işleýär. Mysal üçin, ýokary bahalar we uniwersiteti üstünlikli tamamlamagy sebäpli, daşary ýurt dilini ýa-da başga bir dersi öwrenýän talyplar, okuwy gutarandan soň, şol daşary ýurt diline ýa-da başga derslere ünsi jemlemezler [4, 79 s.].

Daşary ýurt dilini öwrenmek üçin höweslendiriş ýagdaýynda, integral we gurallaýyn höwesiň arasyndaky tapawut kanadaly psihologlar Robert Gardner we Wallace Lambert tarapyndan hem bilinýär. Adam daşary ýurt dilini öwrenmek islände, şol diliň ýurdunyň medeniýeti, bu medeniýetiň wekilleri we diliň özi bilen gyzyklanýanlygy sebäpli, bitewi höwes hakda aýdýarys. Başga bir tarapdan, adamyň özi bu medeniýetiň agzasy bolmak isleýär, belki, bu ýurtda ýaşamak isleýär. Adam peýdalylygy sebäpli daşary ýurt dilini öwrenende, gurallaýyn höweslendirişi hakda gürleşýäris. Instrumental höwes hem okuw prosesinde peýdalydyr.

Gurallaýyn höweslendirişiň peýdalydygyny görkezýän bir mysal, gural öwrenişiniň oňyn täsirini görkezýän okuw, hatda meksikaly emigrantlaryň ABŞ-a dil öwrenmek ugrundaky integrasiýa garşy motiwasiýasyna-da degişlidir. Täze nazaryýetler integratiw we instrumental höwesiň arasyndaky tapawudy ähmiýetli hasaplamaýar, sebäbi höwesiň iki görnüşi hem okuwa oňyn täsir edip biler we höweslendirişiň hiç bir görnüşi beýlekisinden ýokary däldir. Mundan başga-da, adam hem gural, hem-de bitewi höweslendirilip bilner [2, 175 s.].

Tebigy sorag ýüze çykýar: okuwçylaryň öwrenmäge bolan höwesini nädip höweslendirmeli ýa-da ýokarlandyrmaly, mysal üçin, mugallym bu meselede nähili orny eýeleýär. Talybyň öwrenmek islegini artdyryp ýa-da peseldip biljek birnäçe şertler bar [1, 134 s.].

Bu faktorlar aşakdakylary öz içine alýar: mugallymyň roly; okuwçylaryň çykyşlary barada mugallymlaryň pikiri, baýraklar we baha berişler;

okuwçylaryň özüne bolan ynamyny artdyrýan üstünlikleri; olaryň dile bolan gyzyklanmasy, maksatlary, uzakmöhletli ugry; sapaklarda ýakymly, rahat we höweslendiriji atmosferanyň döredilmegi we ş.m. Höweslendirişiň ýokarlanmagy, okuwçylaryň "daşary ýurt dili" dersine bolan gyzyklanmasyny ösdürmek meselesiniň çylşyrymlylygy we köptaraplylygy köp usulyýetçiler tarapyndan nygtalýar we şoňa laýyklykda, bu meseläni çözmäge dürli çemeleşmeler teklip edilýär.

Çözgütler aşakdakylar bilen baglanyşykly:

– okuwçylaryň işjeňliginiň netijesini duýjak ýörite taýýarlanan maşklar ulgamyny döretmek;

– duýgy agzalarynyň okuw prosesine gatnaşmagy;

– mugallymyň pedagogik täsirleriniň tebigaty, hususan-da, höweslendiriji we güýçlendiriji enjamlaryň bolmagy;

– sapaklarda audiowizual metbugaty ulanmak;

– şahsylaşdyrmagyň ulanylmagy.

Bulardan başga-da, synlamalaryň kömegi bilen, artýan höwesiň ýüze çykýandygyny aýdyp bileris.

1. Okuwçylary synpda garaşsyz işe çekmek.

2. Kyn (çylşyrymly) meselelere we ýagdaýlara düşünmek.

3. Bilimlere we başarnyklara gözegçilik etmek.

4. Sebitleýin okuw materiallary.

5. Okuwçylaryň dostlukly garaýşy.

Okuwçylaryň synp otagynda daşary ýurt dilini öwrenmäge bolan gyzyklanmasyny saklamagyň iň amatly we täsirli usullaryna seredeliň.

**1. Synpda amatly gurşawy döretmek.** Bu usuly aýratyn bellemek isleýäris. Daşary ýurt dilini öwrenmek we özara gatnaşygy guramak dostlukly atmosferany döretmezden mümkin däl. Synpda üstünlikli ýagdaýy döretmeli.

Okuwçylara öz güýjüne ynam döretmek möhümdir. Bu mugallymyň täsirini we abraýyny hem öz içine almalydyr. Talyplar mugallymyň özleri bilen gyzyklanýandygyny hem-de olar we olaryň üstünlikleri barada alada edýändigini bilseler, özlerini gymmatly duýsa, howpsuz okuw gurşawyny döredýär hem-de pikirlerine görä bilýän biriniň öwgüsini, goldawyny almak isleýändigi sebäpli, işlemäge itergi berýär, şahsyýet hökmünde hormatlaýar.

Synpda asuda atmosferany döretmegiň birnäçe amaly usuly bar:

1. Höweslendiriş we sylag toplumy. Çaý içmek, daşary ýurt dilindäki filmlere tomaşa etmek ýa-da sapakda öwgi we öwgi bermek ýaly zatlar okuwçylary işledip biler hem-de olary maksatlaryna ýetmäge ugrukdyrar.

2. Okuwçylaryň gyzyklanmalaryny göz öňünde tutup, aýratyn meseleleri saýlamak.

3. Okuwçylary wagtal-wagtal ýerine ýetirjek işiniň görnüşini saýlamaga çagyryş.

**2. Lingwistik we sebitleýin usul.** Daşary ýurt dilini öwrenmek üçin iň möhüm höweslendiriji umumy gözýetimleri giňeltmek islegi bolup, esasy orun öwrenilýän diliň ýurdy, geografiýasy, taryhy we durmuşy bilen tanyşmak islegidir. Durmuş ýoly lingwistik we medeni tarapa, daşary ýurt dilini öwretmegiň esasy maksatlaryna, ýagny özara gatnaşygy öwretmäge gönükdirilendir. Bu ýerde, mysal üçin, geografiýa we taryh bilen dersara baglanyşyklary ulanyp, okuwçylary gyzyklandyryp bileris.

**3. Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalaryny ulanmak (IKT).** Sapaklarda we öý işini taýýarlamakda IKT-niň ulanylmagy okuw prosesini gyzykly edýär we okuwçylaryň höwesini ep-esli ýokarlandyrýar.

Sapakda wideo materiallar ulanylanda, *birinjiden*, okuwçylar gören zatlaryny başga bir ýere we wagta, başga bir söz bilen aýdylanda, synpdan daşary geçmäge mümkinçilik tapýar, *ikinjiden*, işjeňligiň üýtgemegine hem-de göwnejaý söndüriji bolmagyna kömek edýär; görenlerini ara alyp maslahatlaşmak ýa-da täze mowzuk açmak.

Talyplar diliň käbir taraplaryny ulanmagyň jikme-jikliklerine ünsi jemläp hem-de aýdylanlara düşünip, gaýtalap bilerler we hatda belligiň jogabyny çaklap bilerler. Şeýlelik bilen, lingwistik çaklama ukyplary hem ösýär we okuwçy daşary ýurt diline düşünmek üçin öz bilimini ulanyp başlaýar.

**4. Hakyky materiallar bilen işlemek.** Hat, mahabat, gündelik sahypa, telewizion programma, mahabat teksti, sowalnama, söhbetdeşlik we makalalar aragatnaşyk ukyplaryny ösdürmäge gönükdirilen hakyky materiallar hökmünde ulanylýar. Hakyky materiallaryň ulanylmagy daşary ýurt dilini öwrenmäge bolan gyzyklanmany artdyrýar, söz işjeňliginiň ähli görnüşlerini işjeň-

leşdirmäge kömek edýär we öwrenilýän diliň ýurdunyň medeniýeti bilen tanyşdyrýar.

**5. Dizaýn usuly.** Taslama çärelerine gatnaşmak bilen, okuwçylar işleriniň temasyny saýlap bilerler. Taslamalaryň üstünde işlemek okuwçylara zerur maglumatlary pikirlenmäge, özbaşdak gözlemäge, derňemäge, umumylaşdyrmaga we gaýtadan işlemäge mümkinçilik berýär. Taslama çäreleriniň dowamynda okuwçy döredijilik ukyplaryna düşünýär hem-de tankydy pikirlenmek ukybyny ösdürýär.

**6. Oýun usuly.** Okuw döwründe oýun ýagdaýlaryny döretmegiň iň gowy usullaryndan biri dil we söz oýunlarydyr. Oýun meselelerini çözmekde sözleýiş işjeňligi akyl we duýgy işjeňligi bilen utgaşýar: oýunda çalt karara gelmeli, ussatlygy hem-de ugurtapyjylygy, hyýalylygy görkezmeli we rol oýnamaly. Oýun wagtynda okuwçylar hemişe gürlemäge taýyn, mugallymy hem-de biri-birini üns bilen diňlär. Bu şertlerdäki üns hem-de ýat tutmak leksik we grammatik materiallaryň gowy özleşdirilmegini üpjün edýär.

Sanawda görkezilen usullaryň synpda yzygiderli ulanylmagy okuwçylaryň dünýägaraýyşlarynyň ösmegine goşant goşýar we olaryň daşary ýurt dilini öwrenmegine oňyn täsir edýär.

Mugallymyň ussatlygy öwrenilýän ders bilen gyzyklanmany saklamak üçin dürli usullaryň başarnykly utgaşmasyny döretmekden ybarat, sebäbi teklip edilýän usullaryň köpüsi mugallymyň öz işine zähmetsöýer garaýşyna, joşgunyna we okuwçylarda sapaga höweslenme we oňyn garaýyş döretmek islegine esaslanýar.

Şeýlelik bilen, daşary ýurt dillerini öwretmekde höweslendirişiň ähmiýetiniň örän möhümdigini bellemek bolar. Mugallym üçin muny ýatda saklamak möhümdir, okuw prosesini optimizirlemek üçin okuwçylaryň höwesini ýokarlandyrýan şertleri aýratynlykda saýlamaly.

**Türkmenistanyň Serhet instituty**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 17-nji fewraly**

## EDEBIÝAT

1. *Данильченко Т.Ю.* Информационно-коммуникативная эффективность в обучении английскому языку // Инновационные процессы в информационно-коммуникационной сфере. Сборник материалов Всероссийской научно-практической конференции. Ред. А.Н. Дулатова, О.М. Уржумова. – 2018.

2. *Данильченко Т.Ю.* К вопросу об инновации в преподавании иностранного языка как одного из аспектов формирования творческого мышления у школьников // Инновационные процессы в информационно-коммуникационной сфере. Сборник материалов Всероссийской научно-практической конференции. – Краснодар, 2019.

3. *Китова Я.В.* Мотивация студентов к самостоятельной работе в изучении иностранного языка // Интегрированные коммуникации в спорте и туризме: образование, тенденции, международный опыт. – 2018. Т. 2.

4. *Коломейцева Т.В.* Эффективный формат построения занятий по иностранному языку как фактор качественной подготовки студентов неязыковых специальностей // Казанская наука. – 2020. – №5.

### F. NURGELDIYEVA, A. KURBANOV
### THE ROLE OF MOTIVATION FOR LEARNING FOREIGN LANGUAGES

The article deals with the peculiarities of motivation for learning foreign languages, describes internal and external, integrative and instrumental motivation. Motivation formation factors are presented as well.

### Ф. НУРГЕЛЬДИЕВА, А. КУРБАНОВ
### РОЛЬ МОТИВАЦИИ В ИЗУЧЕНИИ ИНОСТРАННЫХ ЯЗЫКОВ

В статье рассматриваются особенности мотивации к изучению иностранных языков, описывается внутренняя и внешняя, интегративная и инструментальная мотивация. Также представлены факторы формирования мотивации.

**Myrat Gurbanow**

# AŞGABAT ŞÄHERINDÄKI HALKARA YLMY-KLINIKI ONKOLOGIÝA MERKEZINIŇ INŽENER-GEOLOGIÝA ŞERTLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň gurluşyk, binagärlik hem-de seýsmologiýa babatynda häzirki zaman şäher gurluşygyny ösdürmek ugrundaky tagallalary netijesinde binalaryň pugtalygyny, seýsmiki howpsuzlygyny üpjün etmek, seýsmiki howplulygyň we tötewkgelçiligiň hakyky derejesini hasaba almak, ýertitremäni deslapdan duýdurmak we netijelerini azaltmak boýunça wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu ugurda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy, Ýapon Halkara Hyzmatdaşlyk Agentligi bilen hyzmatdaşlykda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Seýsmologiýa we atmosferanyň fizikasy instituty hem-de Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag instituty tarapyndan ýertitremeleri kesgitlemek, seýsmiki howpa baha bermek, olary etraplaşdyrmak we kartasyny düzmek, gurluşyk üçin saýlanyp alnan meýdançada inženerçilik-geologiki gözlegleri geçirmek we seýsmiki ýagdaýy barada netijenamalary bermek ugrunda alnyp barylýan ulgamlaýyn işler aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda” hem-de “Türkmenistanyň seýsmiki taýdan howply zolaklarynda seýsmiki tötewkgelçiligi peseltmek Maksatnamasynda” bellenen wezipelere laýyklykda, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýatlaryň çägindäki binalary we desgalary pasportlaşdyryp, olaryň maglumat binýadyny döretmek, seýsmiki tötewkgelçiliginiň renowasiýa meýilnamasyny düzmek işleri amala aşyrylar. Muňa agzalan maksatnamalardan gelip çykýan wezipelere hem-de “Döwlet seýsmologik seljermesi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryna laýyklykda, Aşgabat şäherindäki Halkara ylmy-kliniki Onkologiýa merkeziniň inženerçilik-geologik seljermelerini geçirmek ugrunda amala aşyrylýan taslamanyň mysalynda hem aýdyň göz ýetirip bolýar. Halkara ylmy-kliniki onkologiýa merkeziniň gurluşyk meýdançasynyň tutýan ýeri Aşgabat şäheriniň demirgazyk böleginde, Çoganly ýaşaýyş toplumynda ýerleşýär. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň hünärmenleri tarapyndan (2023-nji ýylyň fewral-mart aýlarynda) geçirilen inžener-geologiýa we gidrogeologiýa barlaglarynyň maglumatlaryna görä, bu ýeriniň 8 – 30 m çenli çuňlukdaky geologiýa gurluşynda Merkezi Köpetdagyň dag etek düzlüginiň ýokarky dördünji – häzirki zaman prolýuwial döwrüniň çökündileri gatnaşýar. Litologik taýdan olar açyk-sary reňkli, tozansow, ýumşak, az derejede çygly, tozansow çägeden, ortaça dykyzlykly, az derejeden ortaça derejä çenli çygly, goňur çägeden, suwdan doýgun, 15 sm çenli toýun gatlaklary bolan hem-de goňur, tozansow, dykyz, suwdan doýgun çägeden ybarat.

Geomorfologik taýdan Onkologiýa merkeziniň gurluşyk meýdançasy Merkezi Köpetdagyň dag etek prolýuwial düzlügine gabat gelýär. Obýektiň gurluşyk meýdançasynyň tutýan ýeriniň relýefi ýapgyt, görnüşi – tehnogen. Ýeriň üstüniň meýdançasynyň umumy ýapgydy günortadan demirgazyga tarap. Meýdançadaky absolýut bellikler 188,02 m-den (№18 guýy) 194,49 m (№5 guýy) çenli aralykda üýtgeýär. Merkeziň obýektiniň gurluşyk meýdanyndaky relýefiniň üýtgäp durmagy 6,47 m bolýar.

Obýektiň gurluşyk meýdançasyndaky ýerasty suwlar guýular arkaly 7,0 m-den (№6 guýy) 12,0 m çenli (№5 guýy) çuňluklarda 8,0 – 30,0 m çuňluga çenli ýüze çykaryldy (2023-nji ýylyň fewral-mart aýlarynyň ýagdaýyna görä). Gurluşyk meýdanynyň gidrogeologik şertleri gurluşyk işlerini alyp barmak üçin onçakly amatly däl.

Onkologiýa merkeziniň gurluşyk meýdançasynda 8 m-den 30 m çuňluga çenli alnan inžener-geologiýa gözlegleriniň materiallarynyň seljermesi obýektiň esaslarynyň teýgum galyňlygynyň galapyn birmeňzeşdigini görkezýär. Ol häzirki zaman we prolýuwial topraklardan ybarat, bu bolsa ob-

ýektiň gurluşyk meýdançasynda TDS – 20522 – 96 we TDS 609 – 2003 resminamalara laýyklykda, dört sany inžener-geologik elementleri (IGE) tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Häzirki zaman ýeliň emele getiren gatlaklary (çökündileri) (vIV).

IGE – 1 – açyk-sary, tozansow, ýumşak, az derejede çygly çäge.

Ýokarky dördülenji – häzirki zaman prolýuwial (pQIII – IV) gatlaklar.

IGE – 2 – açyk-sary, tozansow, ortaça dykyz, az derejeden ortaça derejä çenli çygly çäge.

IGE – 3 – mele, tozansow, ortaça dykyz, suwdan doýgun, 15 sm çenli toýun gatlaklary bolan çäge.

IGE – 4 – mele, tozansow, dykyz, suwdan doýgun çäge.

Barlaghana işleriniň maglumatlaryny umumylaşdyryp we seljerip (kompression we süýşürýän synaglara görä), obýektiň gurluşyk meýdançasynyň çägindäki ähli ýüze çykarylan topraklar (teýgumlar) çökýän häsiýetlere eýe däldir. Onkologiýa merkeziniň binalarynyň we desgalarynyň ýerleşdiriljek ýeriniň ýokarky böleginiň meýdançasynyň topraklaryna şorlaşma derejesi boýunça betonlygyna we demirbetonlygyna (DSAL = 0,0121% – 0,1052%) hem-de agressiwligine baha bermek üçin TDS 906 – 2003 (B.12-nji tablisa boýunça) laýyklykda şorlaşmadyk topraklara degişlisi: (sulfatlaryň SO42 – = 0,0096% – 0,0936% täzeden hasaplamasyndaky düzümi, hloridleriň Cl – = 0,0025% – 0,0116% täzeden hasaplamasyndaky düzümi).

Merkeziň gurluşyk meýdançasynyň topraklary Türkmenistanyň “Gurluşyk gurnawlaryny posdan goramak” atly TGK 2.03.11 – 99* belgili gurluşyk kadalaryna laýyklykda ýüze çykaryldy.

Betonyň suw geçirmezlik boýunça W4 markasyna:

– portlandsement esasynda – agressiw dälden az agressiwlige çenli;

– goşundyly portlandsement we şlakportlandsement hem-de sulfata çydamly sement esasynda – agressiw däl.

Betonyň suw geçirmezlik boýunça W6 markasyna:

– portlandsement esasynda – agressiw dälden az agressiwlige çenli;

– goşundyly portlandsement we şlakportlandsement hem-de sulfata çydamly sement esasynda – agressiw däl.

Betonyň suw geçirmezlik boýunça W8 markasyna:

– portlandsement esasynda – agressiw dälden az agressiwlige çenli;

– goşundyly portlandsement we şlakportlandsement hem-de sulfata çydamly sement esasynda – agressiw däl.

Merkeziň gurluşyk meýdançasynyň ýerasty suwlary Türkmenistanyň “Gurluşyk gurnawlaryny posdan goramak” atly TGK 2.03.11 – 99* belgili gurluşyk kadalaryna laýyklykda:

Betonyň suw geçirmezlik boýunça W4 markasyna:

– portlandsement esasynda – güýçli agressiw;

– goşundyly portlandsement we şlakportlandsement hem-de sulfata çydamly sement esasynda – agressiw däl.

Betonyň suw geçirmezlik boýunça W6 markasyna:

– portlandsement esasynda – agressiw dällikden az agressiwlige çenli;

– goşundyly portlandsement we şlakportlandsement hem-de sulfata çydamly sement esasynda – agressiw däl.

Betonyň suw geçirmezlik boýunça W8 markasyna:

– portlandsement esasynda – ortaça agressiw.

Gurluşyk meýdançasynyň ýüze çykarylan topraklarynyň düzümindäki hloridler demirbeton gurnawlary üçin agressiw däl we sementiň ähli görnüşleri üçin betonyň suw geçirmezlik boýunça markasyna baglylykda ortaça agressiw.

Öwrenilýän Onkologiýa merkeziniň gurluşygynda inžener-geologiýa şertleriniň amatsyzlygy nazarda tutulyp, ylmy-barlag institutynyň hünärmenleri tarapyndan:

– meýdançadaky ýeriň üstüniň dikligine meýilleşdirilişine salgylanyldy;

– binalaryň we desgalaryň ýerasty böleklerini topraklaryň agressiw täsirinden goramak üçin posa garşy çäreler toplumy göz öňünde tutuldy;

– Türkmenistanyň TGK 2.02.01 – 16 belgili gurluşyk kadalarynyň 3.12, 2.62 – 2.66-njy böleklerine görä, esasyň inženerlik taýýarlygyny ýerine ýetirmeli edildi;

– agaç ekilen ýerleriň suwaryş suwlarynyň hasa-

byna topraklary syzylyp geçme arkaly öllemegiň öňüni almak, suwly kommunikasiýalardan, infrastruktura obýektleriniň astynda we obýektleriň özleriniň deformasiýalary bolan, olara golaý ýerlerde çökme prosesleri ýüze çykmaz ýaly, suw saklaýjy gaplardan suw ýitgileriniň öňüni almak boýunça Türkmenistanyň TGK 2.02.01 – 16 belgili gurluşyk kadalaryna görä, suwdan goraýyş çäreleri göz öňünde tutuldy.

Aşgabat şäherindäki Onkologiýa merkeziniň gurluşyk meýdançasynyň inžener-geologiýa şertleriniň aýratynlyklaryny seljermek we hasaba almak aşakdaky netijeleri çykarmaga mümkinçilik berdi:

1. Aşgabat şäherindäki Onkologiýa merkeziniň gurluşyk meýdançasynyň inžener-geologiýa şertleri gurluşyk etmek üçin yzygiderli öwrenildi.

2. Binanyň gurluşyk meýdanynyň tutýan ýeriniň relýefi eňňit-ýapgyt, görnüşi – tehnogen, obýektiň gurluşyk meýdanyndaky relýefiň üýtgäp durmasy 6,47 m.

3. Ýüze çykarylan topragyň galyňlygy birmeňzeş däl, bu ýerde 4 sany inžener-geologik elementler bellenendir. Meýdançanyň ýüze çykarylan topraklary şorlaşmadyk hem-de çökmeýär.

4. Binanyň gurluşyk meýdançasyndaky ýerasty suwlar 8 – 30 m çuňluga çenli ähli geçirilen işläp düzmeler esasynda 7,0 m-den (№6 guýy) 12,0 m çenli (№5 guýy) çuňluklarda ýüze çykarylandyr.

5. Obýektiň gurluşyk meýdançasynyň hasaplanan seýsmikligi topraklar seýsmiki häsiýetleri boýunça III topara degişli bolan ýagdaýynda 9,3 bal derejesinde kesgitlenendir.

Şeýlelikde, seýsmiki häsiýetleri boýunça topraklar III topara degişli bolanda, taslanylýan gurluşyk meýdançasyna seýsmiki taýdan 9 baldan ýokary baha bermek bilen baglylykda, binalaryň we desgalaryň gurnawlarynyň we esaslarynyň hasaplamalary seýsmikligi 9 baldan ýokary bolan seýsmiki sebitlerde gurluşyk etmek boýunça bar bolan kadalaşdyryjy resminamalara görä, seýsmiki täsirleri nazara almak bilen ýerine ýetiriler.

**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2023-nji ýylyň 8-nji noýabry**

## EDEBIÝAT

1. *Агаева Л.А., Байрамова И.А., Эсенов Э.М.* Просадочные и сейсмические свойства лессовых грунтов Туркменистана. II Проблемы освоения пустынь // Международный научно-практический журнал. – 2021. – №1-2.

2. *Джурик В.И., Павлов О.В.* и др. Оценка влияния грунтовых условий на сейсмическую опасность. – Москва: «Наука», 1988.

3. *Абасеев С., Атаев А.К. Ходжаев А., Эфендиев М.И.* Оценка резонансных колебаний высотных зданий по данным измерений сейсмического шума // Наука и техника Туркменистана. – 2014. – №3.

### M. KURBANOV

### ENGINEERING AND GEOLOGICAL CONDITIONS AT THE INTERNATIONAL SCIENTIFIC AND CLINICAL CENTER OF ONCOLOGY IN ASHGABAT

The article reveals the engineering and geological conditions at the construction site of the 500-bed International Scientific and Clinical Center of Oncology in Ashgabat. The need for engineering preparation of the foundation bed, as well as of water protection measures to prevent subsidence processes under all buildings and structures of the Oncology Center is indicated.

### M. КУРБАНОВ

### ИНЖЕНЕРНО-ГЕОЛОГИЧЕСКИЕ УСЛОВИЯ МЕЖДУНАРОДНОГО НАУЧНО-КЛИНИЧЕСКОГО ЦЕНТРА ОНКОЛОГИИ В Г.АШХАБАДЕ

В статье описаны инженерно-геологические условия площадки строительства Международного научно-клинического центра Онкологии на 500 мест в городе Ашхабаде. Также рассмотрены меры по инженерной подготовке основания фундамента и водозащитные мероприятия, которые рекомендуется проводить для предотвращения просадочных процессов под всеми зданиями и сооружениями центра Онкологии.

**Begli Mämmetnazarow**

# SORAG SÖZLEMINIŇ TÜRKMEN DIL BILIMINDE ÖWRENILIŞI

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Dürli ugurlar boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barmak we olaryň netijeleriniň durmuşa hyzmat etmegini, ähmiýetiniň ýokary bolmagyny gazanmak ýerine ýetirilýän ylmy işlerden edilýän esasy talaplardyr. Şu nukdaýnazardan garalanda, jemgyýetçilik we şahsy aragatnaşygyň möhüm serişdesi bolan dili öwrenmegiň uly ähmiýeti bardyr, çünki dilsiz aragatnaşygy, aragatnaşyksyz bolsa jemgyýeti göz öňüne getirmek mümkin däldir. Gutaran oý-pikiri aňladýanlygy sebäpli, gepleşigi amala aşyrmakda esasy hyzmaty ýerine ýetirýän sözlemiň aýdylyş äheňiniň (intonasiýasynyň) aýratynlyklaryny öwrenmek gyzykly ylmy meseleleriň biridir.

Türkmen edebi dilinde sözleýiş üçin kada hökmünde onuň edebi dile berk ornaşan görnüşi ulanylýar. Sözlemi (onuň aýry-aýry görnüşlerini) ylmy barlaga çekmegiň derwaýyslygy-da şol kadalar bilen baglanyşyklylykda ýüze çykýar. Eliňizdäki işde häzirki zaman türkmen dilinde sözlemleriň aýdylyş we aňladýan manylary taýyndan bölünişlerinde işjeň ulanylýan sorag sözlemini, onuň sözleýişde ulanylyş aýratynlyklaryny ylmy esasda beýan etmek maksat edinilýär.

Türkmen diliniň sorag sözlemleriniň gurluşy we sintaktik hyzmaty barada käbir ylmy işlerde, okuw kitaplarynda aýdylsa-da, onuň aýdylyş äheňi (intonasiýasy) henize çenli düýpli öwrenilmedik, derňelmedik meseleleriň biridir. Türkmen dil biliminde sorag sözlemleriniň intonasiýa görnüşleriniň aýan edilmezligi onuň bilen gyzyklanýanlara bellibir derejede kynçylyk döredýär. Şu makalada, esasan, türkmen dilinde ýönekeý sorag sözlemleriniň görnüşleri, intonasiýasy we ony hasyl edýän serişdeler barada ýazylan edebiýatlara ylmy garaýyşlarymyzy gysgaça beýan etmegi maksat edindik. Türkmen diliniň sözleýiş intonasiýasy tehniki serişdeleriň kömegi bilen, beýleki türki dillere garanda, az öwrenildi. Şu ýerde M.N.Şahnazarowanyň türkmen diliniň gepleşiginiň nota ýazgysy boýunça geçiren tejribesini we şu barada ýazan makalasyny türkmen diliniň intonasiýasyny derňemäge bagyşlanan ilkinji synanyşyk diýip bellemek bolar [10]. Şol makalada käbir sorag we buýruk frazalarynyň intonasiýasy nota belgileri bilen belgilenipdir. Bu usul bilen sözleýiş intonasiýasyny takyk hem-de dürs anyklamak mümkin däldir.

Geçen asyryň ortalaryna çenli türkmen diliniň sözlemleriniň gurluşynda, sintaktik aýratynlyklarynda, manysy boýunça toparlara bölünişinde intonasiýanyň hyzmaty barada umumy beýan ediş ýoly bilen käbir işleriň we okuw kitaplarynyň çap edilendigini aýtmak gerek. Meselem, M.Geldiýew bilen G.Alparowyň (1929), H.Derýaýewiň (1935), H.M.Baýlyýew bilen G.Sopyýewiň (1939, 1941), P.Azymow bilen H.M.Baýlyýewiň (1939, 1970) ýazan grammatikalarynda sözlemleriň manysy boýunça habar, sorag, ýüzlenme ýaly toparlara bölünýändigi barada umumy bellenilip geçilýär.

A.Ybraýymowyň "Ýönekeý sözlemleriň tipleriniň pikir aňladyş maksady boýunça bölünişleri" [9] diýlip atlandyrylan işiniň bir bölümi sorag sözlemlerine bagyşlanypdyr. Onda, esasan, sorag sözlemleriniň düzülişi, pikir aňladyşy boýunça bölünişi barada aýdylyp, sorag sözlemleriniň many taýdan on bir görnüşi görkezilipdir. Olar şu aşakdakylardan ybarat: 1) göni sorag; 2) öz pikirini tassyklamagy aňladýan sorag; 3) gürrüňdeşiniň pikirini bilmek üçin ulanylýan sorag; 4) gürrüňdeşinden maslahat soramak üçin ulanylýan sorag; 5) haýran galynyp ulanylýan sorag; 6) ýüz tutmak üçin ulanylýan sorag; 7) bir zadyň sebäbini bilmek üçin ulanylýan sorag; 8) çak edip soramagy aňladýan sorag; 9) öz pikirini orta atyp soramagy aňladýan sorag; 10) bir zady gatyrganyp soramagy aňladýan sorag; 11) zeýrenip soramagy aňladýan sorag.

Soraglaryň bu görnüşlere sözleýişde intonasiýanyň kommunikatiw we emosional hyzmatlaryna garap bölünendigini aýtmak gerek, ýagny şol bir toparda hem kommunikatiw, hem emosional manyly soraglar görkezilipdir. Şeýle häsiýet S.Kürenowyň klassifikasiýasyna hem mahsus.

Umumy beýan ediş usulynda taýýarlanan ähmiýetli işleriň ýene biri ýokary okuw mekdepleriniň türkmen filologiýasy hünäri üçin ýazylan sintaksisdir [1]. Bu okuw kitabynyň ýönekeý sözlemlere degişli bölümini A.Ybraýymowyň ýazandygyny bellemek gerek. Munda ýeke bir sorag sözlemi däl, eýsem,

beýleki ýönekeý sözlemleriň degişli intonasiýa bilen aýdylmalydygy, şol sözlemleriň düzülişi, intonasiýasy boýunça toparlara bölünişi barada gymmatly maglumatlar berlipdir. Şeýle-de, onda logiki basym hakynda aýdylyp, onuň ornunyň üýtgemegi bilen sorag sözleminiň intonasiýasynyň üýtgeýändigi bellenilýär. Alym sorag sözlemlerini toparlara ýokardaky görkezilen görnüşler boýunça bölüpdir. Bu okuw kitabynda sap intonasiýadan düzülen sorag sözlemi we onuň aýratynlyklary barada hiç zat aýdylmandyr.

1977-nji ýylda neşir edilen "Türkmen diliniň grammatikasy" atly kitapda sorag sözlemi barada bellenilip geçilýär [7]. Bu ylmy edebiýatda ýönekeý sözlemleriň pikir aňladyş taýdan bölünişleri hem-de ýönekeý sözlemleriň gurluş tipleri boýunça ýazylan bölümlerine M.Hudaýgulyýewiň awtorlyk edendigini aýtmak gerek. Alym munda, esasan, soragy hasyl edýän serişdeler (leksik, morfologik, intonasion), pikir aňladyşy taýdan sorag sözlemleriniň toparlara bölünişi barada belläpdir hem-de olary mysallar bilen delillendiripdir. Bu ylmy işde soragyň pikir aňladyşy boýunça görnüşleri şulardan ybarat diýip bellenilýär: 1) isleg-arzuw aňladýan sorag; 2) haýran galmagy, geňirgenmegi aňladýan sorag; 3) käýinmegi, nägile bolmagy, şikaýat etmegi aňladýan sorag; 4) gaharlanmagy, gyjalat bermegi aňladýan sorag; 5) göwnüýetmezçiligi aňladýan sorag; 6) şübhelenmegi, çak etmegi aňladýan sorag; 7) öz pikirini tassyklamagy aňladýan sorag; 8) bir zadyň ýa-da wakanyň sebäbini bilmegi aňladýan sorag; 9) ýüzlenmegi aňladýan sorag.

Işimiziň şu ýerinde A.Myradowyň türkmen diliniň ýönekeý sözlemleriniň semantik taýdan toparlara bölünişi barada ýazan işini belläp geçmek gerek [4]. Alym bu işinde, esasan, ýönekeý sözlemleriň gurluş-semantika taýdan hasyl bolşuny beýan edipdir. Işiň bir bölümi türkmen diliniň sorag sözlemlerine bagyşlanypdyr we onda sorag sözlemleri toparlara semantik taýdan örän oňat bölünipdir: hususy sorag, gizlin sorag, gytak sorag, oýlanyşykly sorag, geňirgeýji sorag, tassyklaýjy sorag, inkärleýji sorag, anyklaýjy sorag, heçjikleýji sorag, subutlaýjy sorag, tapmaça sorag, ritorik sorag, sorag-buýruk sözlemi, sorag-ýüzlenme sözlemi, sorag-habar sözlemi, alternatiw sorag.

Ýokarda agzalyp geçilen çeşmeleriň hemmesinde sorag sözlemleriniň sintaktik usulda derňelendigini, sintaktik alamatlarynyň aýan edilendigini bellemek gerek. Sorag sözlemleriniň intonasiýasyny häsiýetlendirmek we olaryň kommunikatiw görnüşlerini açyp görkezmek üçin hökmany suratda eksperimental-fonetik derňewiň geçirilmegi – sorag sözlemleriniň esasy tonunyň belentligini, onuň aýdylyş güýjüni, dowamlylygyny, basymyny, tembrini, pauzasyny, ritmini we tempini seljermek zerurdyr. "Türkmen dilinde ýönekeý habar we sorag sözlemleriniň intonasiýasy" [2] atly ylmy monografiýa şeýle eksperimental-fonetik derňew işleriň biridir. Onuň sorag sözlemine degişli bölümini S.Kürenow we A.Sapaýew, habar sözlemine degişli bölümini A.Nurmuhammedow taýýarlapdyr. Onda soragyň many taýdan toparlara bölünişi, soragy hasyl edýän serişdeler barada giňişleýin maglumatlar getirilipdir. Galyberse-de, soragyň many toparlaryna mysal hökmünde getirilen sözlemler ossillogramma usuly bilen derňelip, olaryň fiziki-akustik komponentlerine (esasy ton we onuň hereketi, intensiwlik, dowamlylyk) seljerme berlipdir. Bu iş, elbetde, türkmen dil biliminde sözleýşiň sorag intonasiýasyny we onuň häsiýetli aýratynlyklaryny öwrenmekde hem-de derňemekde ilkinji we ýeke-täk synanyşyk diýip aýtmak bolar. Alym soragyň dokuz sany görnüşini görkezipdir, ýöne olaryň köpüsi many toparlary bilen hem gabat gelýär. Şeýle-de, alym olary haýsy ugur, prinsip boýunça toparlara bölendigini giňişleýin hem-de düşnükli beýan etmändir.

Türkmen diliniň sözlemleriniň beýleki tiplerine degişli ýazylan ylmy monografiýalar we kandidatlyk dissertasiýalary bar. Biz olar barada hem gysgaça durup geçmegi makul bildik.

Häzirki zaman türkmen diliniň fonetik gurluşyny, onuň aýratynlyklaryny, kanunalaýyklyklaryny öwrenmekde görnükli dilçi alym A.Nurmuhammedowyň bitiren işleri örän uly. Şu ýerde alymyň "Türkmen dilinde sintagmalaryň frazanyň modal görnüşi boýunça klassifikasiýasy" [5] atly işi barada durup geçmeli. Munda, esasan, türkmen dilinde duş gelýän frazalaryň modal görnüşleri hakynda aýdylypdyr we alym işiň sözlemleriň modal hem-de ekspressiw görnüşleri hakyndaky bölümini "Modallyk bildirýän frazalaryň kommunikatiw situasiýasy we intonasiýanyň eşidiliş hili" diýip atlandyrmak bilen, modallyk bildirýän frazalaryň intonasiýasynyň akustik ýagdaýlary, gepleşikdäki häsiýetleri, aňladýan manylary, grammatik we intonasiýa usuly bilen ýasalyşy barada giňişleýin belläpdir. "Türkmen dilinde jogap we buýruk frazalarynyň intonasiýasy" [3] atly monogra-

fiýa jemi üç bapdan (jogap sözlemleriň intonasiýasy, jogap sözleriň intonasiýasy, buýruk sözlemleriň intonasiýasy) ybarat bolup, onda eksperimental-fonetik derňew usuly bilen türkmen diliniň jogap we buýruk intonasiýasynyň fiziki-akustik häsiýetleri aýan edilýär hem-de olaryň kommunikatiw toparlary görkezilýär.

A.Nurmuhammedowyň türkmen diliniň sözleýiş intonasiýasyna bagyşlanan ýene bir işi bellenilip geçilmäge mynasypdyr [6]. Bu ylmy iş eksperimental-fonetik derňew arkaly ýerine ýetirilipdir. Awtor türkmen diliniň bir we köp sintagmaly frazalarynyň umumy hem differensial alamatlaryny, olaryň melodik gurluşlaryny anyklapdyr, köp sintagmaly frazalarda sintagmalaryň intonasiýa taýdan formalanyş aýratynlyklaryny aýdyňlaşdyrypdyr, bellibir derejede grammatik hem-de intonasion serişdeleriň frazalaryň aýdylyşyna edýän täsirini ýüze çykarypdyr.

Häzirki zaman türkmen dil biliminde sözleýşiň iri kommunikatiw tipleriniň biri bolan sorag sözlemini, onuň gurluş-grammatik, intonasiýa we kommunikatiw aýratynlyklaryny öwrenmekde köp işler edildi. Muňa garamazdan, sorag sözleminiň kommunikatiw taýdan toparlara bölünişi bu meselä gaýtadan, çynlakaý hem-de has jogapkärli çemeleşmegi talap edýär.

**Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar instituty**

**Kabul edilen wagty
2024-nji ýylyň 23-nji maýy**

## EDEBIÝAT

1. Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat, 1962.
2. *Kürenow S., Nurmuhammedow A., Sapaýew A.* Türkmen dilinde ýönekeý habar we sorag sözlemleriniň intonasiýasy (eksperimental-fonetik derňew). – Aşgabat, 1977.
3. *Kürenow S., Mollaýew M., Sapaýew A.* Türkmen dilinde jogap we buýruk frazalarynyň intonasiýasy. – Aşgabat, 1981.
4. *Myradow A.* Ýönekeý sözlemleriň semantik taýdan toparlara bölünişi. – Aşgabat, 1991.
5. *Nurmuhammedow A.* Türkmen dilinde sintagmalaryň frazanyň modal görnüşi boýunça klassifikasiýasy. – Aşgabat, 1980.
6. *Nurmuhammedow A.* Türkmen dilinde bir we köp sintagmaly frazalaryň intonasiýasy. – Aşgabat, 1982.
7. Türkmen diliniň grammatikasy. – Aşgabat, 1977.
8. *Ybraýymow A.* Häzirki zaman türkmen dilinde ýönekeý sözlemleriň käbir tipleri // Ученые записи Туркменского госуниверситета. вып.13. – Ашхабад, 1958.
9. *Ybraýymow A.* Ýönekeý sözlemleriň tipleriniň pikir aňladyş maksady boýunça bölünişleri // Ученые записи Туркменского госуниверситета. вып.16. – Ашхабад, 1959.
10. *Шахназарова М.Н.* Опыт нотной записи туркменской разговорной интонации // Известия ТФАН СССР. – 1945. – №3.

**B. MAMEDNAZAROV**

**THE STUDY OF THE INTERROGATIVE SENTENCE IN TURKMEN LINGUISTICS**

The structure and syntactic service of the interrogative sentence in the Turkmen language, its intonation is one of the problems that have not yet been studied or investigated. It should be noted that until the middle of the last century, some works and textbooks with a general description of the intonation service were published in the structures of interrogative sentences in Turkmen, their syntactic features, and classification according to the meaning of sentences. In this work, the author intends to give a comprehensive analysis of the study of the phrase in the Turkmen language, the division of its colloquial forms into groups.

**Б. МАМЕДНАЗАРОВ**

**ИЗУЧЕНИЕ ВОПРОСИТЕЛЬНОГО ПРЕДЛОЖЕНИЯ В ТУРКМЕНСКОМ ЯЗЫКОЗНАНИИ**

Структура и синтаксическая природа вопросительного предложения в туркменском языке все еще недостаточно изучены и исследованы. Следует отметить, что до середины прошлого века изучению структуры туркменских вопросительных предложений, их синтаксических особенностей, классификации, роли интонации в образовании вопросительных предложений были посвящены лингвистические работы и научные исследования. Статья посвящена проблемам изучения словосочетаний и их классификации в туркменском синтаксисе.

**Jennet Gökiýewa, Kemal Hangulyýew, Ogulsuraý Hangulyýewa**

# IŇLIS DILINDÄKI NEOLOGIZMLERIŇ EMELE GELIŞ ÝOLLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan syýasy-ykdysady, sosial we ruhy-medeni ugurlarda uly ösüşlere eýe bolýar. Türkmen ýaşlarynyň döwrebap okamagy, işlemegi hem-de döretmegi üçin giň ýol açyldy. "Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy" üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ýokary we orta okuw mekdeplerinde ýaşlar her bir dili öz geljekki hünärleri bilen baglanyşykly öwrenýärler. Bu bolsa her bir daşary ýurt diliniň hünär ugry boýunça öwrenilýändigini aňladýar. Şu nukdaýnazardan, makalada iňlis dilindäki täze sözleriň, ýagny neologizmleriň emele geliş döwürlerini, ýollaryny we türkmen diline terjime ediliş aýratynlygyny beýan etmegi makul bildik.

Neologizm näme? Neologizm gadymy grek dilinde "*νέος* – täze, *λόγος* – söz" diýmegi aňladyp, olar diliň taryhynda söz gorunyň baýlaşmagyny häsiýetlendirmek maksady bilen ulanylýan adalgalardyr.

Neologizmleriň döremegine jemgyýetçilik we ylmy-tehniki ösüş, ýagny täze sosial-ykdysady gatnaşyklaryň ýüze çykmagy, ylym we tehnologiýa pudagyndaky açyşlaryň bolmagy, medeni üstünliklere ýetilmegi sebäp bolýar. Söz gysga wagtlyk neologizm bolýar. Söz işjeň ulanylyp başlananda, ol öz täzeçilligini ýitirýär we hemmeler tarapyndan ulanylýan sözleriň – umumyhalk leksikasynyň hataryna geçýär. Häzirki wagtda "*selfie>selfi*", "*smart phone>akylly telefon*" ýaly sözler neologizm däldir.

Täze dörän söz özboluşly ulanylyşa eýe bolýar, ilkinji nobatda, ol sosiallaşmagyň (jemgyýetde kabul edilmegiň) we leksikalizasiýalaşmagyň (dil ulgamynda jemlenmegiň) birnäçe basgançaklaryny geçýär, ýagny ol köpçülige ýaýradyjylar tarapyndan kabul edilýär. Sosiallaşmagyň nobatdaky döwri ene dilinde gürleýänleriň aglaba böleginiň bu sözi kabul etmegidir [4, 10 s.].

Häzirki zaman iňlis dilinde täze sözleri emele getirmegiň köp usuly bar. Söz düzümi, öwrülişik, gysgaldylan sözler, adýektiwizasiýa (sypatlaşma), mazmunlaşdyrma, ters söz emele geliş, leksik-semantik usul, sesleriň çalyşmagy we sözde basymyň üýtgemegi ýaly usullary mysal getirmek bolar. Şeýle-de, ýokardaky usullaryň hemmesi deň derejede ulanylmaýar we söz emele getiriş prosesinde olaryň hersiniň tutýan orny birmeňzeş däldir. Şeýlelikde, neologizmleri emele getirmegiň usullarynyň iň ýörgünlisi şulardyr:

- Sözleriň goşulyşmagy.
- Affiksasiýa.
- Konwersiýa.
- Gysgaltma.
- Alynma sözler.
- Ters deriwasiýa.
- Birleşdirme.
- Abbrewiasiýa.




Affiks birlikleri ähli neoplazmalaryň 24% göterimini emele getirýär we çylşyrymly sözlerden birneme pesdir. Häsiýetli aýratynlygy boýunça ol ylmy adalgalardan emele gelýär, mysal üçin, suffiks – *on* (başlangyç birlik ýa-da bölejik) käbir terminleri döretmek üçin ulanylýar: *gluon* – bu söz fizikada täze başlangyç birlik bolup, baglanyşyk "kwark" diýmegi aňladýar, *luxon* – bu nol massada elementar bölejik. Toprak ylmy taksonomiýasynda topragyň dürli görnüşlerini kesgitlemek üçin – sol (latynça "*solum*" – toprak diýmek) goşulmasy işjeň ulanylýar: *aridisol* – (amerikan iňlis dilinde) çöl toprak, *histosol* – çyg toprak, *vertisol* – toýun toprak, *hioxisol* – tropiki toprak.

Prefiks birlikleri prefiksleriň esasy hyzmatyny görkezýär. Prefiksleriň esasy çeşmesi latyn, fransuz we grek dilleridir: *acro-*, *bio-*, *micro-*, *euro-*, *tele-* we ş.m. olaryň ulanylyşy ylmy-tehniki ugurlar bilen çäklenýär. Käbir prefiksler söz düzümlerinden we goşma sözlerden aýrylýar: *dial-a* (telefon arkaly sargyt etmek hyzmaty diýmegi aňladýar) *dialphone* sözünden aýrylýar, mysal üçin, *dial-a-bus*, *dial-a-meal*.

Amerikanyň resmi däl aragatnaşygynda *mega-* prefiksi güýçlendiriji birlik bolup çykyş edýär. Soňky ýyllarda bu prefiks ýaşlaryň gepleşiginde işjeň ulanylýar. Mysal üçin, hadysanyň, wakanyň, adamyň iň ýokary derejesini aňlatmak üçin *mega-*

*dual* (*totally awesome*) sözi ulanylýar. Prefiksleriň esasy çeşmesiniň ýene biri *re-* prefiksidir. Bu prefiks bilen emele gelen söz, esasan, *"gaýtadan"* diýen mana eýe bolýar. Mysal üçin, *rebrand* (prefiks *re-* + *brand*) – haýsydyr bir guramanyň, kärhananyň ýa-da harydyň adyny jemgyýetiň gowy kabul etmegi üçin çalyşmak [5, 4 s.].

Suffiks birlikleri gündelik aragatnaşykda has köp duş gelýär we olaryň bir görnüşi *slang* ady bilen has bellidir. Şeýlelikde, iň köp ulanylýan *slang* suffiksleriň biri hem *-y/-ie* (ýaňsyly many). Onuň kömegi bilen emele gelen sözler, esasan, ýaşlaryň arasynda gepleşik leksikasynda ulanylýar. Mysal üçin: *groupie* – pop ansamblynyň ýa-da ýyldyzlaryň hemme ýerde ýoldaş bolýan muşdagy; *roadie* – enjamlary daşamak we sazlamak üçin jogapkär sazandalar toparynyň agzasy; *weapy* – sentimental film; *preppie* – aýratyn ýeňillikli mekdebiň okuwçysy; *tekky* (*techno-freak*) tehnologiýa bilen gyzyklanýan adam. Mundan başga-da, *-able* suffiksiniň kömegi bilen hem söz emele getirilýär we bu sözler, esasan, *başarnyk* diýen mana eýe bolýar. Mysal üçin, *bankable* (*bank + suffiks – able*) – pul gazanmak [5, 4 s.].

**Söz düzümleri.** Iňlis dilinde täze söz emele getirmegiň iň gadymy, ählumumy we giň ýaýran usullarynyň biri hem söz düzümleridir. Söz düzümleri iki esasyň birleşmegi – birmeňzeş söz görnüşleri bolup durýar. Mysal üçin, *carryback* – ýitginiň geçirilmegi, *think-tank* – köpçülikleýin pikir.

Söz düzümleriniň arasynda aglaba bölegi ownuk bölekler we hallar bilen emele gelen sözlerdir, esasan hem, sypatlar we işliklerdir. *Laid-back* – rahat, *buttoned-down* – konserwatiw, däp bolan, *turned-on* – aljyraňňy, öçürilen, hiç zat duýmaýan.

Soňky wagtlarda iň köp ulanylýan köp komponentli modelleriň biri *line* sözüdir: *straight-lineresponsibility* – göni jogapkärçilik; *dotted-lineresponsibility* – ikä bölünen jogapkärçilik; *bottom-line* – jemleýji; *top-of-the-line* – iň gowusy. Bu model işewür toparlaryň wekilleri tarapyndan resmi däl aragatnaşyk ýagdaýlary bilen çäklendirilýär.

Umuman, resmi däl aragatnaşykda ulanylýan köp komponentli birlikler amerikan iňlis diline mahsusdyr, mysal üçin: *tonickel-and-dime* – ownuk zatlara köp üns bermek, *meat-and-potatoes* – esasy, *nuts-and-bolts* – esasy, *quick-and-dirty* – çalt naharlanyp bolýan naharhana.

Konwersiýa sözüň bir böleginiň beýlekisine geçmegidir. Şeýle neologizmiň ähmiýetine düşünmek kyn däl. Sintaktik kontekst bir sözüň geçiş işligine degişliligini kesgitlemäge we *e-mail* (elektron poçta) sözüniň terjimesini bilmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, *e-poçta* arkaly habar ibermek. Konwersiýa täze sözleri döretmegiň usuly hökmünde işjeňligini azaltdy we söz emele getirişiniň beýleki görnüşlerinden yza galýar.

Konwertirlenen atlaryň arasynda işliklerden *poslelogy* (sözsoňy kömekçiler) emele getirmek häsiýetli aýratynlygy güýçlenýär. Täze atlaryň aglaba bölegi konwersiýanyň üsti bilen sypatlardan emele gelýär, mysal üçin: *collectbles* – üýşürmäge degişli bolan gadymy we seýrek zatlar; *cool* – özözüňe erk etmek, köplenç, *to lose one's cool, to keep one's cool* (kontrolyňy ýitirmek, saklanmak) frazalarda ulanylýar.

Esasan-da, *-ic* bilen gutarýan sypatlardan atlaryň emele gelmegi öndürijiliklidir, mysal üçin, *acrylic, transuranic, tricyclic*. Şeýle hem, atlar işlik frazalardan hem emele gelip bilýär, mysal üçin: *work-to-rule* – işçileriň zähmet şertnamasynyň ähli maddalaryny berjaý etmelidigi barada talapnamalary.

Soňky onýyllykda morfologik neologizmleri emele getirmegiň adaty däl usullarynyň arasynda iň öndümlisi gysgaltmalardyr. Gysgaltmalar neologizmleriň umumy sanynyň diňe az bölegini emele getirýändigine garamazdan, olaryň sany artýar.

Gysgaltma usuly dört görnüşinde (gysgaldylan sözler (abbrewiatura), akronomlar, gysgaltma, birleşme) agdyklyk edýär. Mysal üçin, *anchor – anchorman* – teleýaýlymlary ýa-da radioýaýlymlary utgaşdyrýan täzelik brauzeri. Bu söz amerikan iňlis dilinde ulanylýar (britan iňlis dilinde *presenter, lib < liberation*).

Bu mysallaryň arasynda has agdyklyk edýäni gazet gysgaltmalarydyr. Gysgaltmalaryň arasynda esasy wezipäni abbrewiaturalar we akronimler eýeleýär. *VCR* (*videocassette recorder*) we beýlekiler. Akronimler aýdylanda, doly sözüň özi aýdylýar. Mysal üçin, *MIPS* (*million instructions per second*) sekuntda million instruksiýa (komp-

ýuter termini) we beýlekiler. Gysgaltmalarda esasy üns akronimlere berilmelidir, sebäbi bilimde şolar ulanylýar: *TEFL* (*Teaching English as a Foreign Language*).

Başga dillerden alynma usuly neologizm emele getirmegiň iň köp ýaýran usulydyr. Bu usul terjimede meňzeş sözleriň ýoklugynda ulanylýar. Mysal üçin, *Galleria* (italýan dilinden alnan söz) – *a roofed and usually glass-enclosed promenade or court* (*as at a mall*). Ýapyk ýa-da aýna bilen örtülen balkon ýa-da meýdança (söwda merkezinde).

Ters deriwasiýa korrelýatiw atlardan suffiksiň aýrylmagy esasynda işlikleri emele getirýär. Mysal üçin, *televise* – teleýaýlymda görkezmek, *television* – teleýaýlym sözünden emele gelýär.

Birleşme usuly – gysgaldylan düýp söz bilen doly sözüň birleşmegi ýa-da iki sany gysgaldylan düýp sözüň birleşmegi:

*forex reserve* (*forex = foreign + exchange*) – daşary ýurt walýutasynda söwda etmek.

Abbrewiasiýa söz emele getirmegiň bar bolan görnüşleriniň arasynda esasy usullaryň biri inisial gysgaltmalardyr. Inisial gysgaltmada esas gurluşyň bir düzümidir. Mysal üçin, *B-unit* (*Barclays currency unit*) – bankyň halkara pul birligi "Barkleýz benk interneşnl", *Fed Wire* – federal ätiýaçlandyryş bankynyň elektron baglanyşyk ulgamy (ABŞ).

Netijede, *bir tarapdan,* soňky wagtlarda dilde täze leksikany emele getirmegiň köpdürli usullaryň (goşulmalaşdyrma, sözgurluşy, garyşma, abbrewiasiýa, konwersiýa), söz ýasaýjy we semantik ösüşleriň şöhlelenmesiniň ulanylyşy öwrenilýär. *Beýleki tarapdan,* neologizmiň semantikasynyň emele gelmegi lingwistik we döredijilik işjeňliginiň netijesidir. Makalamyzyň maksady täze söz baýlygyny öwrenmek we iňlis dilinde neologizmiň emele geliş modellerine laýyklykda häzirki zaman iňlis dilinde neologizmiň ornuny kesgitlemekdir.

Bu makalada täze sözleriň emele gelmeginiň manylaryny we sebäplerini öwrendik we olaryň birnäçesine seljerme berdik. Geljekde bu täze sözleri, ýagny neologizmleri has laýyk ulanmaga, metbugatda we ylmy işlerde ulanylyşyna baha bermäge kömek eder.

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 25-nji marty**

## EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat: TDNG, 2014.

3. Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy. – 2017.

4. *Брагина А.А.* Неологизмы в русском языке. – Москва, 1973.

5. *Мирзамова А.С.* Перевод английских неологизмов в современных экономических текстах. – Москва, 2020.

**J. GOKIYEVA, K. HANKULIYEV, O. HANKULIYEVA**

**WAYS OF FORMING NEOLOGISMS IN ENGLISH**

Neologisms are usually formed by different ways according to the laws of the corresponding language, according to its productive models of word formation. However, literary-book neologisms are sometimes created by unproductive ways of word formation. In such cases, the effective power of word-forming means becomes clearer, more visible, and more tangible. Means of formation of new words in their turn act like stylistic device.

**ДЖ. ГОКИЕВА, К. ХАНКУЛЫЕВ, О. ХАНКУЛЫЕВА**

**СПОСОБЫ ОБРАЗОВАНИЯ НЕОЛОГИЗМОВ В АНГЛИЙСКОМ ЯЗЫКЕ**

Неологизмы обычно образуются разными способами по законам соответствующего языка, по его продуктивным моделям словообразования. Однако литературно-книжные неологизмы иногда создаются и непродуктивными способами словообразования. В таких случаях действенная сила словообразовательных средств становится рельефнее, нагляднее, ощутимее. Сами же средства образования новых слов выступают часто как стилистический прием.

Orazgylyç Orazgylyjow, Ogulmaral Akmyradowa

# MAGTYMGULYNYŇ GOŞGULARYNDA SAGLYK WE KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK BARADAKY PIKIRLER

Özüniň ölmez-ýitmez şygyrlary bilen türkmen halkynyň milli guwanjyna öwrülen beýik Magtymgulynyň goşgulary şahyryň döredijilik örüsiniň juda giňdigini görkezýär, şahyr dürli temalara ýüzlense-de, hemişe sagdyn we dürs pikir ýöredýär. Akyldaryň ýüzlenýän saglyk we lukmançylyk temasy hem ýeterlik üns berilmäge mynasypdyr. Şahyr ynsan saglygynyň gymmaty, ony gorap saklamak, dürli kesellere getirip biljek zyýanly endiklerden gaça durmak barada örän şowly pikir ýöredipdir. Şol pikirler häzirki zaman lukmançylyk ylmynyň nukdaýnazarlaryna hem doly gabat gelýär. Mysal üçin: *Bar nygmatdan ýeg saglygyň mazasy* [1, 533 s.]. *Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy // Agşam ýatyp, ertir şükrün kyl ýagşy* [*Şol ýerde,* 247 s.]. *Dürdür bu janyň lezzeti, saglyk anuň soltanydyr // Ten mülküniň ser döwleti dynmaz, öter myhmanydyr* [*Şol ýerde,* 469 s.].

Jan saglygyna, on iki synanyň abatlygyna, adam bedenindäki ähli beden agzalarynyň anatomik we fiziologik taýdan bitewi bolup, dürs işläp durmagyna taý geljek hiç hili eşret ýokdur. Muny şahyryň: *Aýak bar ýörmäge, el bar almaga // Kany bende, saglyk şükrün kylmaga // Gulak bardyr eşitgeniň bilmäge // Kim düzeder, dilde söz hem bolmasa* [*Şol ýerde,* 358 s.] diýen setirleri hem tassyklaýar.

Saglyk – adamyň bedeniniň kadaly deňagramlylyk ýagdaýy [4], ýöne beýik şahyryň *"Ömre ýokdur ygtybar, ötegçi zaman içre"* [1, 517 s.] diýen goşgy setirinde belläp geçişi ýaly, garaşylmadyk ýagdaýda, bu deňagramlylygyň daşky we içki kesel döredijі sebäpleriň täsiri astynda bozulmagy mümkin. Şeýlelikde, adam bedeninde haýsy hem bolsa bir kesel ýüze çykýar. Iň bir gynandyrýan zat, adamlar sag gününde öz saglyklaryna ýeterlik üns bermeýärler, şol kesel döredijі sebäpleriň öňüni wagtynda almaýarlar, olar saglygyň gadyr-gymmatyna diňe kesele duçar bolanlaryndan soň düşünip galýarlar: *Çekmedikler hassalygyň zähmetin // Bu gözel saglygyň gadryn näbilsin* [*Şol ýerde,* 183 s.].

Magtymguly şahyr öz halkyny jan saglygyň gadyryny öz wagtynda, ýagny ony ýitirmänkäň bilmäge çagyrýar. Muny şahyryň eserlerinden alnan mysallar arkaly görkezmek bolar: *Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmasdan burun* [*Şol ýerde,* 524 s.]. Bu goşgy setiri lukmançylykda häzirki güne çenli dowam edip gelýän "Keseliň öňüni almak ony bejermekden aňsatdyr" diýen düşünjäniň gös-göni manydaşydyr. Şeýlelikde, şahyryň goşgularynda kesellериň öňüni almak meselesine uly üns berilýär. Onuň üçin, ilkinji nobatda, kesellери döredip bilýän sebäpler aradan aýrylmalydyr.

Ýokarda getirilen anyk mysallardan görnüşi ýaly, şahyr öz döwründe kesellериň köpelmeginiň öňüni almak babatda sagdyn pikirlerini jemgyýetçilik köpçüligine ýetiripdir. Şahyryň saglyk we kesellериň öňüni almak baradaky goşgularynyň ideýasy adamlary ruhubelentlige, päklige, arassa ahlaklylyga, watansöýüjilige çagyryşy bilen sazlaşykly beýan edilýär. Diýmek, şahyryň goşgularynda beýan edilişi we lukmançylyk ylmynyň "Sagdyn bedende – sagdyn ruh" diýip öwredişi ýaly, kesellериň bolmazlygy üçin, ruhy tämizligiň juda zerurdygyna, aň-düşünjäniň ýetmezliginiň, ruhy garyplygyň kesellериň köpelmegine getirýändigine beýik şahyr berk ynanypdyr. Elbetde, kesellere ýolukmazlyk, olardan gutulmak üçin, ilki bilen, "ruhy kesellerden" saplanmak, ýagny kalbyňy tämizlemek juda zerurdyr.

Şahyr kesellериň öňüni almagyň, köplenç, adamyň özüne baglydygyna gowy düşünipdir. Şonuň üçin hem, kesellere getirip biljek zyýanly endiklerden gaça durmagy maslahat berýär: *Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil // Ne bar manysyz söz uzamak bilen!* [*Şol ýerde,* 521 s.]. Köp iýmegem, köp ýatmagam, hatda, köp geplemegem adamyň saglygy üçin zyýanly häsiýetlerdir. Iýmit siňdiriş, endokrin we ýürek-damar ulgamlarynyň agyr kesellerine getirýän sebäpleriň biri adamyň nädogry iýmitlenmegi (kadadan köp iýmit kabul etmegi) bilen baglanyşyklydyr. Köp ýatýan adamlar bolsa agras bolýarlar, olarda beden agzalarynyň sazlaşykly işlemegi bozulýar. Köp gepleýän adamlaryň bolsa nerw ulgamy uzak wagtlap dartgynly ýagdaýdadyr.

Şahyryň "Durasyň geler" atly meşhur goşgusynda arassaçylygy berjaý etmeýän aýal maşgalalaryň

diňe bir özleri üçin däl-de, ähli maşgala agzalary üçin hem oňaýsyz ýagdaýy döredýändigini belleýär, olary berk ýazgarýar: *Artmaz-ýuwmaz tabagyny, daşyny // Sylamaz atasyn, ene, ýaşyny* [*Şol ýerde,* 363 s.]. Häzirki döwürde bolsa “Arassaçylyk saglygyň girewidir!” diýen şygar ýaşlaryň terbiýesinde işjeň ulanylýar.

Beýik şahyr goşgularynda ynsan saglygyna zeper ýetirýän çilim çekmek, nas atmak, beden üçin zyýanly içgileri içmek ýaly endikleri berk ýazgarýar. Magtymgulynyň çilim çekmegiň zyýanlydygyny halk köpçüligine düşündirmäge bagyşlanan birnäçe goşgularynyň bardygy biziň ýokarky pikirimizi subut edýär.

Lukmançylyk ylmynda çilimiň saglyga edýän täsiri, esasan, onuň tüssesiniň düzümine girýän maddalaryň bedene ýetirýän zyýanly täsirleri bilen düşündirilýär. Şahyr “Çilim çekmegil” diýen goşgusynda: *Her zaman zäherin salar iniňe // Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil* [3, 105 s.] diýmek bilen, bu endigiň adam bedenine täsirini şahyrana beýan edýär.

Häzirki zaman lukmançylygynda çilim tüssesiniň düzüminde adamyň saglygyna zeper ýetirýän 30-dan gowrak zäherli maddanyň bardygy ylmy taýdan subut edilendir. Olardan *nikotin* beden agzalarynyň köpüsine, ýagny nerw, ýürek-damar we dem alyş ulgamlaryna zyýan ýetirýän güýçli zäherlenmeleri döredip bilýär. Mundan başga-da, çilim tüssesiniň düzüminde *ugar gazy, piridin esaslary, sinil turşusy, kükürt turşusy, kömür turşusy, ammiak, azot, efir ýaglary* ýaly saglyga zyýanly täsir edip bilýän himiki maddalar bardyr. Olar diňe bir çilim çekýäniň özüne däl-de, eýsem, onuň töweregindäki adamlaryň, maşgala agzalarynyň saglygyna hem uly zyýan ýetirýärler.

Lukmanlaryň bellemeklerine görä, çilim, ilkinji nobatda, merkezi nerw ulgamyna täsir edýär, nerw ulgamyny gyjyndyrýar, soňra bolsa oňa togtadyjy täsir edýär. Uzak wagtlap çilim çekýän adamlaryň ýatkeşligi we ünsi gowşaýar, işe ukyplylygy peselýär. Olaryň köpüsiniň ukusy bozuk, nerw ulgamy gowşak, durnuksyz, durmuşyň kynçylyklaryna çydamsyz bolýar. Şeýle ýagdaýlaryň ýüze çykýandygy baradaky pikirler şahyryň setirlerinde özboluşly beýanyny tapýar: *Kuwwatyň kemelder, güýjüň azdyrar // Keýpi kellä gelse, aklyň azdyrar // Süňňüňi syzdyrar, etiň gyzdyrar // Bir nyşana budur sende, çilimkeş* [1, 303 s.].

Şahyr çilim çekmegiň dem alyş ýollarynyň we öýkeniň kesellerine getirýändigine aýratyn ünsi çekýär. Tüssäniň bellibir mukdarynyň dem alyş ýollarynyň nemli bardalarynda çökýändigi sebäpli, çilim çekýän adamlaryň hemmesi diýen ýaly dowamly üsgürýärler. Şahyr çilim çekýän adamyň üsgülewügini has üýtgeşik, täsirli beýan edipdir: *Kah-ka eýläp her zaman, ol görkezer bet roýuny* [*Şol ýerde,* 309 s.].

Çilim çekmeýän adamlara garanyňda, çilimkeşlerde öýkeniň we bronhlaryň dowamly keselleriniň ýüze çykmagy 10 esse ýokarydyr. Uzak ýyllaryň dowamynda çilim çekýänler, köplenç, dem alyş ýollarynyň ötüşen (hroniki) kesellerine ýolugýarlar. Çilim tüssesiniň dem alyş ýollaryna yzygiderli düşüp durmasy netijesinde, öýkeniň dokumalary düýpli özgerýär: *Her zaman düýt ýuwtduryp, öýkeniňiz daş eýleýir // Bary gapyl olmaňyzlar, şeýle betkärdir çilim* [*Şol ýerde,* 310 s.].

Wagtyň geçmegi bilen, öýkende dokumalaryň gatamagy – Magtymgulynyň dilinde “öýkeniňiz daş eýleýir” diýlip häsiýetlendirilýän *pnewmoskleroz* ýüze çykýar. Bu keseliň esasy alamaty näsagyň hereketine baglylykda güýçlenýän demgysmasydyr. Kähalatlarda öýkenden gan gatyşykly iriňiň gaýtmagy hem *bronhoektaz* keseliniň ýüze çykandygyny alamatlandyryp biler. Muny şahyr şeýle düşündirýär: *Süňňüňi syzdyrar, eliň gyzdyrar // Bir nyşana budur sende, çilimkeş* [*Şol ýerde,* 303 s.].

Çilim tüssesindäki zyýanly maddalaryň birnäçesi *kanserogen* bolup, olar öýkende we beýleki synalarda howply täze döremeleriň döremegine hem sebäp bolýarlar. Çilim çekýän adamlarda *işemiýa keseli* we *miokardyň infarkty, kelle beýnisinde gan aýlanyşygynyň ýiti bozulmalary* has ýygy duş gelýär. Häzirki wagtda çilim çekmegiň adamyň ömrüni on ýyla golaý gysgaldýandygyny lukmançylyk ylmy subut etdi. Bu hem şahyryň iki asyrdan gowrak mundan ozal ýazylan goşgularynda anyk görkezilipdir: *Wagty ýetmän soldurup, bu jismiňiz läş eýleýir* [*Şol ýerde,* 310 s.].

Şahyr “Nas atan”, “Naskeş” diýen şygyrlarynda nasyň adamyň saglygyna ýetirýän zyýanly täsirini, arassaçylyk we gigiýena şertlerini gödek bozýandygyny beýan edip, bu zyýanly endigi taşlamaga çagyrýar: *Temmäki diýip, her işige ýortar sen // Gola kakyp, üç mysgalyn atar sen // Bir sümgürip, ýanbaşyňa sürter sen // Haram bolar üsti-başyň, nas*

*atan* [*Şol ýerde,* 305 s.]. Nasyň düzümine owradylan temmäki, söndürilen hek, agaç küli we ösümlik ýagy girip, olaryň ynsan bedenine edýän ýaramaz täsiri ylmy tarapdan ykrar edilendir.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Onkologiýa ylmy-kliniki merkezinde geçirilen ylmy barlaglarda nasyň täze döremelere getirmek howpunyň ýokarydygy subut edildi. Geçirilen barlaglaryň görkezişine görä, merkezde agyz boşlugynyň howply täze döremeleri sebäpli, bejergi alan 157 näsagyň 76-sy (48,4%) 15 – 45 ýylyň dowamynda bu zyýanly endik bilen ýaşapdyr. Täze döremeleriň, köplenç, nasyň galtaşýan ýerinde döreýändigi subut edildi.

Iýmit siňdiriş agzalarynyň howply täze döremeleriniň ýaýran sebitlerinde geçirilen barlaglar iýmit siňdiriş agzalarynyň, aýratyn hem, agyz boşlugynyň, damagyň, gyzylödegiň we aşgazanyň howply täze döremeleriniň ýüze çykmagynda, beýleki sebäpler bilen bir hatarda, nas atmagyň hem uly orun tutýandygyny görkezdi [3].

Magtymgulynyň goşgularynda adamyň saglygyna zyýan ýetirýän ýaramaz endikleriň hatarynda spirtli içgileri içmek hem berk ýazgarylypdyr. Şahyr şerap içmegiň, aýratyn-da, ony endik edinip, şeýle endigiň uzak wagtlap dowam etmeginiň adamyň psihikasyny üýtgedýändigine ünsi çekipdir: *Datma şerap, uzak içseň, ol azdyr* [1, 221 s.]. *Her il dessur etse şerap içmäge // Ol ýurtda tawan durmana gelgeý* [*Şol ýerde,* 214 s.].

Spirtli içgi merkezi nerw ulgamyna täsir edip, adamyň şahsyýet hökmünde akyl we fiziki taýdan tapdan düşmegine alyp barýar, olarda iýmit siňdiriş ulgamynyň, esasan hem, bagryň we aşgazanasty mäziň, ýürek-damar ulgamynyň agyr keselleri, şeýle hem madda çalşygynyň bozulmalary örän ýygy duş gelýär.

Umuman, Magtymguly Pyragynyň öwüt-nesihat häsiýetli, temmäki önümleriniň we alkogolly içgileriň ynsan saglygyna ýetirýän zyýany baradaky goşgulary jemgyýetçilik durmuşynda adamlaryň arasynda duş gelýän zyýanly endiklere baş goşýanlary ýazgarýar we olary ruhy hem beden taýdan sagdynlyga, arassa ýaşaýşa, owadan durmuşa çagyryşdyr. Şahyryň saglyk we keselleriň öňüni almak baradaky goşgulary, halkymyzyň, hususan hem, ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmekdäki terbiýeçilik işlerini alyp barmakda örän uly ähmiýete eýedir.

**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty 2023-nji ýylyň 2-nji noýabry**

## EDEBIÝAT

1. *Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1976.
2. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. II jilt. – Aşgabat, 2013.
3. *Nummaýew G.* Nas iýmit siňdiriş agzalarynyň howply täze döremelerine eltýän howply-hatarly sebäpleriň biridir // Türkmenistanyň lukmançylygy. – 2004. – №5.
4. Здоровье здорового человека / под ред. *А.Н.Разумова, В.И.Покровского.* – Москва, 2007.

**O. ORAZGYLYJOV, O. AKMYRADOVA**
**THOUGHTS ABOUT HEALTH AND DISEASE PREVENTION IN MAGTUMGULY’S POEMS**

Among the broad creative themes of the great poet Magtymguly, the theme of health and medicine deserves sufficient attention. The following article is dedicated to the study of theme of healthcare and lifestyle are considered. The poet calls upon avoiding bad habits that can lead to various diseases. The most important thing to note is that these ideas are fully consistent with the views of modern traditional medicine.

**О. ОРАЗКЛЫЧЕВ, О. АКМЫРАДОВА**
**МЫСЛИ О ЗДОРОВЬЕ И ПРОФИЛАКТИКЕ БОЛЕЗНЕЙ В СТИХАХ МАХТУМКУЛИ**

Данная статья посвящена исследованию темы здоровья в творчестве великого поэта Махтумкули. Рассматриваются основные аспекты здоровья и образа жизни. Поэт призывает беречь свое здоровье и избегать вредных привычек, которые могут привести к различным заболеваниям. Необходимо отметить, что эти идеи полностью соответствуют взглядам современной традиционной медицины.

Seýýara Saparowa

# MAGTYMGULYNYŇ WATANÇYLYK GOŞGULARYNYŇ HÄZIRKI ZAMAN ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmekde alyp barýan parasatly içeri we daşary syýasaty, amala aşyrýan özgertmeleri ylym-bilim ulgamyny milli ýörelgelerimiz esasynda has-da kämilleşdirmäge, ýaşlara dünýäniň öňdebaryjy ýurtlaryndaky ýaly hünär, terbiýe bermeklige giň mümkinçilikleri döredýär. Hormatly Prezidentimiz: "...Magtymguly Pyragynyň eserleri dürli döwürler üçin bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlykdyr... Onuň watançylyk, ynsanperwerlik, il-halka wepalylyk, halallyk, belent adamkärçilik düşünjelerine ýugrulan eserleri ideýa-mazmun taýdan güýçli bolmak bilen, ýokary terbiýeleýjilik ähmiýete eýedir" [1, 191 s.] diýip, merdana halkymyzyň uzak taryhynyň dowamynda döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryny, şol sanda, akyldar şahyryň nusgalyk edebi mirasyny çuňňur öwrenmeklige, olary wagyz-nesihat etmeklige, şeýle hem ýaşlaryň terbiýesinde ýakyndan peýdalanmaklyga uly ähmiýet berýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: "Onuň ýaş nesli edep-terbiýä çagyryşly şygyrlaryndaky: *Ulalanda iş hoş ýakmaz // Ýaşlykda köýmän ýigide* ýa-da: *Hudaý berse sagadatly bir perzent // Garrygan çagyňda ýaş eder seni*. Şonuň ýaly hem: *Ýagşy oguldan rehnet arygy akar // Lagnatkerde ogul dogdy-dogmady* – diýen ýaly setirleri munuň aýdyň mysallarydyr" [*Şol ýerde*, 191 s.] diýen parasatly sözlerinden ruhlanyp, bilim işgärleri ýaş nesillerimiziň edep-terbiýesine, zehin-başarnygyna, döredijilik ukybyna aýratyn ähmiýet berýär.

Gahryman Arkadagymyz terbiýeçilik işinde milli gymmatlyklarymyza daýanmalydygyny aýratyn nygtaýar: "– Terbiýeçilik işinde, ilkinji nobatda, milli gymmatlyklarymyzdan we bähbitlerimizden ugur almaly" [2, 6 s.].

Ýokary okuw mekdeplerinde hemmetaraplaýyn ösen, ylymly-bilimli, hünärine ussat ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek üçin berkarar döwletimizde ähli şertler döredilýär. Ýaş nesliň güýjüne uly ynam bildirilip, olara aýratyn üns berilmegi döwrüň hem geljegiň möhüm ruhy-intellektual galkynyşyny kemala getirýär. Şeýle ajaýyp işleriň milli ruhy ýörelgeler esasynda alnyp barylmagynda türkmeniň meşhur şahsyýetleriniň, akyldarlarynyň, şahyrlarynyň, ýazyjylarynyň, söz ussatlarynyň eserleriniň uly hyzmatynyň bardygyny taryhy tejribeler görkezýär. Alymlarymyz hem bu pikiri goldaýar: "Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy, şygryýet dünýäsi halkymyzyň milli ruhunyň sarsmaz binýadydyr. Bu mukaddesliklere daýanmazdan, olara sežde etmezden hem sygynmazdan, ýaş össürimlerde milli aňyýetiň esaslaryny kemala getirmek, olarda watansöýüjiligi, ynsanperwerligi, adamkärçiligi terbiýelemek mümkin däldir. ...Onuň çuň manyly pelsepewi şygyrlarynda milli terbiýäniň taglymat esasy çugdamlanandyr" [2, 6-7 s.].

Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň eserleri, üstünden taryhy döwürleriň, ýagny üç asyryň geçendigine garamazdan, bilim-terbiýeçilik işlerindäki häzirki zaman ähmiýeti bilen tapawutlandyrylýar. Şahyryň döredijiliginde watançylyk, gahrymançylyk, edermenlik baş temalardyr. Magtymguly gahrymançylyk babatda hezreti Ala, Rüstem Zala, Görogla aýratyn sarpa goýýar. "*Görogly dek dagdan-daga ugrasam*" diýýän şahyr watançylyga, edermenlige iň arzyly gymmatlyk hökmünde garaýar.

Şahyryň "Türkmeniň" goşgusy halkymyzyň gahrymançylyk, edermenlik, edep-ekram, ahlak päkligi baradaky şahyrana waspnamadyr. Onda türkmenleriň edim-gylymyna, däp-dessurlaryna, tebigatyna degişli beýan edilýän pikirler häzirki döwürde hem uly ähmiýete eýedir.

Magtymguly şahyr elmydama halkyň arasynda ýaşaýar. Şoňa görä-de, beýik akyldaryň daş ýaryan ýiti zehininiň örküni durmuşa baglan eserleri ýyl-ýyldan beýgelýär, gadyr-gymmatynyň çägi giňäp, dünýä meşhur bolýar. Sazandalaryň sazy, şahyrlaryň şygyrlary, bagşylaryň şirin owazy Magtymguludan ylham alyp, ony öz beýikligine göterýär. Şol beýiklik esasynda bolsa ýaş nesliň ruhy ösüşi kemala getirilýär.

Magtymgulynyň ölmez-ýitmez eserleri halk, şol sanda, onuň ýaş nesli üçin örän uly terbiýeçilik ähmiýetli mekdepdir. Ol mekdepde arassa ahlak, päk söýgi, watançylyk, gahrymançylyk barada gyzykly söhbet açylýar, nesilleri watançylyk, gahryman-

çylyk, päk ahlaklylyk ruhunda terbiýelemäge üns berilýär.

Şahyryň goşgulary dürli temalara bagyşlanyp, olary degişli ýerinde peýdalanmak we onuň terbiýeçilik ähmiýetini ýüze çykarmak mugallymyň ukyp-başarnygyna baglydyr. Magtymgulynyň watançylyk goşgularynyň terbiýeçilik ähmiýeti barada sapakda-da, sapakdan daşary geçirilýän maksatlaýyn çärelerde hem ýaşlara düşündirilýär.

Ýokary okuw mekdeplerinde ýigitleriň arasynda geçirilmegi däbe öwrülen “Gerçek ýigit – goç ýigit”, şahyryň şygyrlaryny çeper, keşpli okamak boýunça bäsleşikleri guramak, sowal-jogap, edebiýat agşamlaryny geçirmek, şahyryň setirlerini tanamak boýunça ýaryşlary guramak ýaly maksatlaýyn çärelerde watançy şahyryň goşgularynyň häzirki zaman ähmiýeti has-da aýdyň ýüze çykarylýar. Magtymgulynyň şahyrana pikirlerinde arassa ahlak duýgulary, belent adamkärçilik, ynsap hakyndaky pikirler watançylyk, il-ýurdy söýmek, halka hyzmat etmek baradaky ideýalarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. “Gadryn näbilsin” şygrynda:

*Aýralyk oduna ýanyp bişmegen,*
*Zalymlar elinden ülke aşmagan,*
*Watandan aýrylyp, ýalňyz düşmegen,*
*Ülkesinde il gadyryn näbilsin* [3, 184 s.]

diýip, ene toprakdan uzakda, ýat illerde ýaşamagyň näderejede kyndygy, Watandan aýrylmagyň hupbatlydygy, şonuň üçin-de, il-günüň gadyryny bilmegiň zerurlygy nygtalýar.

Magtymguly watansöýüjiligi, ahlak düzgünlerini ündäninde, wagyz-nesihat etmek tärinden peýdalanýar. Şahyr Watana bolan çuňňur söýgüsini ýaşaýşa, durmuşa, onuň tükeniksiz gözelliklerine bolan guwanjy bilen sazlaşykly şahyrana setirde, çeper beýan edipdir. Şahyr:

*Magtymguly, bu Watany hiç terk kylyp ýörmegil,*
*Hüýru-peri, gulman-beşer, ança janany bardyr*

[*Şol ýerde,* 121 s.] diýip, Görogluda jemlenen gahrymançylygy söweşjeň türkmen ýigitleriniň hemmesinde görmek isläpdir.

Magtymgulynyň biziň günlerimize gelip ýeten eserleri Watanyňy, il-ýurduňy, ene topragyňy söýmegiň, ony gözüň göreji ýaly goramagyň nusgawy mekdebidir. Munuň özi jemgyýetçilik terbiýesiniň kemala getirilmeginde we ösdürilmeginde beýik şahyryň bitiren hyzmatlarynyň uludygyny görkezýär. Şeýlelikde, Magtymguly Pyragynyň gahrymançylyk, il-ýurt, agzybirlik, birleşmek hakyndaky şygyrlary onuň döredijiliginde görnükli orunlaryň birini



eýeleýär. Bu temada Magtymguly "Türkmeniň", "Ýeli Gürgeniň", "Depe nedir, düz nedir", "Öňiardy bilinmez", "Döker bolduk ýaşymyz", "Gidiji bolma", "Gözlär men", "Başy gerekdir", "Mert bolmaz" ýaly birnäçe goşgulary döredipdir.

Hormatly Prezidentimiziň jaýdar nygtaýşy ýaly: "Beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy geljek nesillere baý edebi miras galdyrypdyr. Onuň döredijiligi, sözüň doly manysynda, türkmen halkynyň milli baýlygyna, ruhy hazynasyna öwrüldi. Şahyryň eserleri indi üç ýüz ýyla golaý wagt bäri halka hyzmat edip gelýär. Şeýle hem, ol edebiýat meýdanynda ençeme şahyrlar, şol sanda edebiýat bilen meşgullanýan türkmen ýaşlary üçin hem uly döredijilik mekdebine öwrüldi" [1, 192 s.].

Alymlaryň pikiriçe, Pyragynyň watançylyk goşgulary ýaşlar üçin terbiýeçilik mekdebidir. Bu gün külli türkmeniň Magtymguly atamyzyň arzuwlan zamanasynda – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe agzybirlikde, bitewülikde, keramatly "Watan" sözüne sežde edip, "Öňe, öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!" atly şygar astynda, parahat hem asuda durmuşda ýaýnap ýaşaýandygyny, watansöýüjilik duýgusynyň ata Watanyňa, ene topragyňa, mähriban halkyňa, ulus-iliňe, kyblaňdyr käbäňe bolan mähir-söýginiň eriş-argaçlygynda we bir bitewüliginde kemala gelýän mukaddes duýgudygyny alymlar ýazýar [2, 298 s.]. Şeýle milli duýgularymyzy, onuň terbiýeçilik ähmiýetli çeşmelerini bilim ulgamynda düýpli özleşdirmegiň gazanylmagy, bilim bermegiň hilini ýokarlandyrmakda sanly ulgamyň, ösen tehnologiýalaryň, internet hyzmatlarynyň giňden peýdalanylmagy we bu ugurda alnyp barylýan işleriň has-da kämilleşmegine ýardam edýän serişde hökmünde (ulanmak bilen) şahyryň watançylyk goşgularynyň häzirki zaman ähmiýetiniň ýüze çykmagy tejribelerde görülýär.

Şeýlelikde, döwrebap dünýäde ýurdumyzyň bilim ulgamy milli ruhda, Magtymgulynyň etnopedagogik garaýyşlaryndan ugur alýan giň dünýägaraýyşly, ýokary taýýarlykly ýaşlary kemala getirmekde esasy hyzmaty ýerine ýetirýär. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe üstünlikli dowam etdirilip, ýaş nesillerimiziň ynsanperwerlige, adalata, pähim-paýhasa, röwşen geljege bolan ynamyny şahyryň ölmez-ýitmez ideýalaryna daýanmak bilen has-da berkidýär.

**Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 15-nji apreli**

## EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

2. *Gurbangeldiýew Ç.* Ýagşyny älem arzuwlar. – Aşgabat: "Ylym", 2023.

3. *Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: "Türkmenistan", 1976.

4. *Muhanowa G.* Ýaşlary ruhlandyryjy nusgawy mekdep // Mugallymlar gazeti. – 2024. – 28 fewr.

**S. SAPAROVA**

## THE POETIC AND HEROIC FIGURE OF MAGTYMGULY

The article describes the educational significance of Magtymguly Pyragi's poems about patriotism in the modern era. Basically, in these poems heroism was analyzed as inner, spiritual state and development of human being. The poet glorifies in poetic lines heroism and bravery of Turkmen people, the beauty of the nature of his Motherland. The theme of patriotism always played an important role in the poet's creativity. Magtymguly's patriotic poems are of great importance.

**С. САПАРОВА**

## ПОЭТИЧЕСКО-ГЕРОИЧЕСКАЯ ФИГУРА МАХТУМКУЛИ

В статье описывается воспитательное значение стихотворений Махтумкули Фраги о патриотизме в современную эпоху. В основном, в этих стихотворениях героизм анализируется как внутреннее, духовное состояние и развитие человека. Поэт воспевает в поэтических строках героизм и мужество туркменского народа, красоту природы родной земли. Для Махтумкули Фраги патрио тизм проявляется в любви к своей Родине, в единстве туркменской земли. Тема патриотизма всегда оставалась одной из самых важных в творчестве великого поэта.

**Baýramsoltan Gurbanowa**

# TÜRKMEN PALASYNY DOKAMAGYŇ MILLI TEHNOLOGIÝASY

Türkmen palaslary halkyň medeni durmuşynyň aýrylmaz bölegi bolup, düşeklik we öý, zenan goşlarynyň bir görnüşi hökmünde ulanylýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: “Kilim – palas milli amaly-haşam sungatymyzyň örän gadymy görnüşleriniň biridir. Ol halydan tapawutlylykda, öýdelip dokalýar” diýip, bu hünäriň sungatlyk derejesine ýokary baha berýär [1, 130 s.].

Türkmen haly-palaslary, owadanlygy bilen birlikde, nagyşlarynyň ölçeginiň takyklygy, gyralarynyň pugtamasynyň berkligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Palaslaryň gyrasynyň takyk göni bolmagynda onuň “gyra çylawyna” möhüm orun degişlidir. Palasyň gyrasyna ýörite oralyp tutulýan ýüplük Günbatar Türkmenistanda “gyra çylaw”, “gyrçalaw” ýaly sözler bilen atlandyrylýar. Munuň özi, onuň gyra jylawyny çekip, göni saklamak manysynda düşündirilýär. Ahal sebitlerinde palasyň gyrasyna dolanmagy bilen baglanyşykly, oňa *gyra dolaw* diýilýär.

Palaslar haly ýaly ýüwürdilse-de, il içinde “haly ýüwürtdim” diýlişi ýaly, “palas ýüwürtdim” diýilmän, “palas sapdym” diýilýär. Şeýle beýan ediliş aýratynlygy palasyň haly ýaly çitilip däl-de, ýüplükleriniň sapylyp dokalýandygy bilen baglanyşyklydyr. Palas sapylyp, toprak kakylandan soňra, palasyň iki gyrasyna – uzaboýuna tä kesiljek ýerindäki topraga çenli gyra çylaw oralýar. Palasyň gyra nagyşlary gyra çylawyň iç tarapynda galýar, gyra çylaw palasyň iki gyrasynyň berkligini üpjün edýär. Palasyň beýleki ýüplükleri bilen birlikde, gyra çylawyň ýüpüne aýratyn talaplar bildirilýär. Gyra çylaw palasyň iki gyrasynyň gaýymlygyny üpjün edip, köplenç halatda, onuň ýüplügi saryja goýnuň uzyn ýüňüne geçiniň çöpüri goşulyp egrilýär we iki gat bükdürilip (tow berilýär) taýýarlanylýar (käbir ýagdaýlarda uzyn ýüňüň ýa-da geçi çöpüriniň sap özünden hem edilýär). Ýüplük bükdürilende, oňa tow berlişiniň endiganlygyna, towunyň örän köp ýa-da azlygyna uly üns berilýär. Bükdürilen ýüpe örän köp tow berilse, ýüpde ownuk halkajyklar emele gelip, olar gyra çylawyň tekiz düşmezligine getirýär we uzagy bilen şol halkajyklar sürtülmek bilen bolýar. Towy az bolsa hem, ýüplügiň ýumşak bolandygy üçin, ol berkligini ýitirýär.

Gyra çylaw sargysy palasyň tutuş dokalýan döwründe dokmanyň daş tarapynda saklanýar. Gyrada ýerleşýän sekiz sany ýüwürdim erşi jübüt-jübütden dört sany gyra çylaw oralýan erişler hökmünde ulanylýar. Ol jübüt ýüwürdim erişleriniň biri dartyly eriş (küjülenmedik eriş), biri küjüli eriş (küjülenen eriş) bolýar. Bir dartyly, bir küjüli erşi bilelikde alyp, gyra çylaw, birinji argaç alnanda, palasyň daş ýüzündäki iki jübüt gyra çylawlyk erşiň aşagyndan, ikinji argaç alnanda bolsa, şol iki jübüt gyra çylawlyk erşiň ýokarsyndan geçirilýär we dokmanyň daş tarapynda 7 – 8 sm gyra çylaw ýüpi sargysyndan çykarylyp, galan ýeri sargynyň içinde durýar.

Sargy dolulygyna gyra çylawa diräp duranda, içgeçiri (argajy) alnanda, zyýan etmez ýaly, şeýle görnüşde goýulýar. Palasyň içgeçiri alnanda, halylardan tapawutlylykda, ilki dartyny (ýüwürdim erişleriniň arasyny açmak üçin ulanylýan ýörite gural, ol palasyň ininden her tarapa 20 sm inli bolmaly) itip, erişleri basyp, aşaky küjüli eriş ýokarda, dartyly eriş bolsa aşakda wagtynda içgeçiri geçirilip, darak kakylýar. Ol endigan ýerleşdirilenden soňra, dartyny çekip, eýýäm küjüli eriş aşakda, dartyly eriş ýokarda wagtynda ikinji hatary düzýän içgeçiri geçirilip, darak kakylýar.

Her sapar argaç alnanda, ol (argaç) gyradaky gyra çylawlyk erişleriniň birini içgeçiri öz içine alýar, şol içgeçiriniň içine alynýan ýeke eriş birinji öýdümiň içgeçiri geçirilende, küjüli eriş, ikinji öýdümiň argajy alnanda bolsa, dartyly erşi düşýär. Içgeçiri geçirilende, gyra çylawlyk jübütden bir erşiň öz içine alynmagy gyra çylawyň palasdan üzňe bolmazlygyny üpjün edýär we palasyň esasy bölegi bilen ony birikdirýär. Gyra çylaw oralanda, gaty dartyp (çekdirip) ýa-da gaty döke (erkin) oramazlyk zerurlykdyr, sebäbi darta (çekdirilip), gaty oralanda, palasyň ini dogry barýan hem bolsa, in gaçan (palasyň ini ýarym santimetr kiçelen) ýaly görünýär, emma döke oralanda, in çykan (palasyň ini ýarym santimetr töweregi ulalan) ýaly görünýär. Bu palasyň, hakykatdan-da, görküni alýar, şeýle-de, gyra çylawyň aşa gaty ýa-da aşa ýumşak

bolmagyna getirýär. Argaç alnanda hem, endigan, siňňitli geçirmek we darak kakmak esasy talapdyr. Aşa darta (çekdirilip) dokmanyň ini girýär ýa-da in gaçýar, palasyň ini ölçeglerden kiçelýär. Argaç aşa döke (erkin, çekdirmän) alynsa, palasda in çykýar, ýagny palasyň ininiň ölçegleri öňki dokalyp gelşinden inli bolup gidýär. Umuman, palas dokalanda, argaç almaklyga, haly dokalandaka garanyňda, has ünsli we has jogapkärli çemeleşilýär. Halkyň arasynda palas dokamagyň, aýratyn-da, gyra tutmagyň, gyra sürmegiň (palasyň iki gyrasynda oturyp dokamak) has uly jogapkärçiligi we ökdeligi talap edýändigi, onuň has ökde dokmaçylara ynanylýanlygy bilen baglanyşykly şeýle nakyl bar: "Palasy uz dokar, halyny – ç e p e r", ýagny palas dokalanda, çeper bolmakdan ötri, hökman has üşükli, ökde – uz bolmaly.

Gyra çylaw ediljek ýüplük, esasan, gara reňke boýalýar. Käbir ýagdaýlarda zenanlar, ozal dokalan birnäçe dokmalaryndan galan bölek-büçek we azly-känli mukdardaky ýüplükleriň isrip bolmazlygy üçin, bar bolan ýüplerinden kiçiräk kilimjikleri (palasyň kiçi ölçeglerde dokalan görnüşleriniň nagşyna ähmiýet bermezden "kilimjik" diýilýär) dokaýarlar. Şolar ýaly ýagdaýlarda gyra çylawyň gara reňke ýakyn – doýgun, goýy gyzyl, gara goňur, gara ýaşyl, gara gök reňkler bilen edilen nusgalaryna gabat gelinýär, ýöne uly sep palaslarda (durmuşa çykýan gyza atasynyň öýünden berilýän hökmany iri öý goşlarynyň biri) bu ýagdaýa ýol berilmeýär.

Palasyň gyra çylawyna gaty agram bermezden darak kakylýar. Palaslarda baslyk urmak (iki hatar doly çitimden (öýdümden) soňra, erişleriň arasyndan öl hasa ýa-da mata bölegini geçirip, dokmanyň syk bolmagy üçin, deňagramly, batly darak kakmak) kän bir zerurlyk bolmasa-da, her göl ortalanda we bitende (göl doly dokalyp bolnanda), baslyk urulýar, ýöne ol, halydaky ýaly, ýygy-ýygydan urulmaýar. Palas dokalanda, onuň iki gyrasyny tutýan çäginiň ölçeginiň ýerine düşmegi (uly ölçeglerdäki palaslar dokalanda, köplenç, ony birnäçe dokmaçy zenanlar



dokaýarlar we iki gyrada oturýan dokmaçylara "gyrasyny tutýan dokmaçy" diýilýär) dokmaçylaryň has ezber bolmagy talap edilýär. Ony, palas dokalanda, halydan aýratynlykda, palasyň gyrasyny – inini göni alyp gitmegiň aýratyn kynlygy, gyra çylawyň endigan oralmagy, gyra nagyşlaryň çylşyrymlylygy bilen düşündirip bolar.

Palas sapyljak (ýüwürdiljek) bolnanda, onuň, ilki bilen, guramasynyň dört burçunyň deňölçegliligine, diagonalynyň takyk bolmagyna aýratyn üns berilýär. Gurama (palas dokalýan enjam, desga) gurlanda, haýsy-da bolsa bir ýumagyň ujuny alyp, iki sany dokmaçy (hersi bir tarapda) guramanyň dört burçu-

nyň simmetrik ýerleşişini ölçeýärler. *Birinjisi*, dokmanyň başlanýan (sapylýan) ýerinde guramanyň sag burçunda ýüplügiň ujuny saklaýar, *ikinjisi*, ýumagy dokmanyň kesiljek tarapyna, ýagny gutarýan çep burça tarap äkidip, ol iki aralygyň (diagonalynyň) uzynlygyny ölçeýärler we bellibir uzynlygyny alyp, ýüplügiň şol ýerinde kiçijik düwünjik daňýarlar.

Dokmaçylaryň has ezberleri düwün daňman, ýüplügiň şol ýerini diňe barmaklarynyň arasynda gaýym saklaýarlar we ýüplügiň şol bölegini ölçeg guraly hökmünde ulanyp, ikinji burçy hem garşylyklaýyn (diagonaly) ölçeýär we gurama gerek ölçeglere çenli süýşürilýär. Şeýle hem aram-aram palasyň her iki-üç göli bitende (tamamlananda), palasyň dokalan böleginde hem guramanyň diagonalynyň ölçeniş usulynda palasyň diagonaly ölçenip durulýar. Şol bir wagtyň özünde, palasyň ini, her 25 – 30 sm bölegi dokalanda, iki gyradaky dokmaçylaryň hersi bir ujuny saklap, ýüplük deňäp görmek arkaly dokmanyň göni barýandygyny ýa-da in girip, in çykýanlygyny (in gaçyp, in gaçmaýanlygy) gözegçilikde saklaýarlar. Ölçegleriň ýene-de biri bolsa, iki sany gyra sürýän (gyra tutýan) dokmaçynyň yzygiderli – günde-günaşa hersiniň özi tarapyndan palasyň başlanýan ýerindäki toprakdan şu wagt dokalan ýerine çenli dikligine edýän ölçegleridir. Bu ölçegler hem palas nagyşlarynyň – gölleriniň beýikli-pesli bolman, palasyň gölleriniň, aragölleriniň uzaboýuna deň ölçegde bolmagyny üpjün edýär. Sebäbi palasyň üstünde dokmaçylaryň hersiniň dokan bölegi dürli ölçeglerde bolsa, ýagny biriniň dokan ýeri yza galýan bolsa, "öňi çökýär" diýilýär, biriniň öňi beýigräk, biraz öňe gidýän bolsa, "öňe gaçýar" diýilýär. Şeýle ýagdaý dokmanyň dokalyp barýan ýeriniň tekizliginiň bozulmagyna we gölleriň – nagyşlaryň beýikli-pesli bolmagyna getirýär.

Dokmaçylaryň hersiniň dokaýan bööleginiň endigan we gyradeň bolmagy üçin, has ezber dokmaçylar, beýleki dokmaçylaryň argaç alşyna, argajy darak kakyp siňdirişine, aşa döke ýa-da aşa darta argaç bermesine aýratyn üns berip, maslahat berip gözegçilik edýärler. Argaç berlişi endigan bolmasa, palas kesilende, ýüzünden mese-mälim bildirip durýar, sebäbi palasda çitim ýüpler bolmansoň, onuň her bir kemçiligi derrew ýüzüne çykýar. Argaç darta berlende, diňe bir palasyň ininiň ölçegleri bozulman, palasyň ýüzünde zire-zire bolup, ýüwürdim erişler hem görnüp durýar we palasyň gelşigini alýar.

Şeýlelikde, palas dokamagyň örän inçe aýratynlyklary bardyr. Häzirki döwürde palas dokamak däpleriniň goralyp saklanylmagyna, nesilden-nesle geçirip, dowam etdirilmegine ýurdumyzda uly ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda türkmen palasy ýaly halkyň medeni mirasynyň görnükli nusgalary umumadamzat gymmatlyklary derejesinde ykrar edilendir.

**Türkmen döwlet medeniýet instituty**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 13-nji fewraly**

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. – Aşgabat: TDNG, 2015.

2. *Мошкова В.Г.* Племенные «гёли» в туркменских коврах // Советская этнография. – 1946. – №1.

3. *Пугаченкова Г.А.* Искусство Туркменистана. Очерк с древнейших времен до 1917. – Москва: «Искусство», 1967.

**B. KURBANOVA**

## EVENNESS OF TURKMEN RUG

The article discusses ancient methods and ways of producing Turkmen rugs. The technology of waving and secrets of the evenness of patterns and edges of the rugs themselves are revealed.

**Б. КУРБАНОВА**

## ТЕХНИКА ТУРКМЕНСКОГО ПАЛАСА

В статье рассматриваются старинные способы и методы изготовления туркменского паласа. Также описана технология исполнения и секреты равномерного распределения нитей узоров и краев паласа.

**Sonajemal Begmyradowa**

# KÖRPELERDE DIL MEDENIÝETINI ÖSDÜRMEK

Häzirki döwür Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň körpe nesil, olaryň erkana ösmegi, sagdyn ulalmagy üçin örän uly aladalar edýänligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Gahryman Arkadagymyz hem bu meselä aýratyn üns-alada bilen garaýar we "Ömrümiň manysynyň dowamaty" atly kitabynda şeýle belleýär: "Ynsan bezegi üçin ýüzlerçe ýagşy häsiýetler bar. Gowy häsiýetleriň içinde hem iň gowularynyň biri ýagşylyk etmek, birini begendirip bilmekdir. Bu garaýyş halkymyzyň aňyna hem-de däbine şeýle bir siňipdir, durmuş tejribelerine parasat nazary bilen garaýan halkymyz ony ýagşylygy ündeýän düşünjeleriň süňňüne ymykly ornaşdyrypdyr. Döwletliligiň aýrylmaz kadasy hökmünde kabul edipdir. Nesillerini hem şol ruhda terbiýeläpdir" (*Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysynyň dowamaty. – Aşgabat: TDNG, 2023. 35 s.). Terbiýeçilik ähmiýetine ýugrulan bu ajaýyp sözler diňe bir jemgyýetimiziň uly ýaşly raýatlaryna degişli bolman, ýaş nesliň terbiýesine gatnaşýan terbiýeçiler, usulyýetçiler üçin hem ulanarlyklydyr. Ata-babalarymyzyň süňňüne ornan milli häsiýetler körpe nesliň terbiýeçilik işine ornaşdyrylmaga degişlidir. Dil çagalara terbiýe bermegiň esasy serişdeleriniň biridir.

Terbiýeçi çaga bilen işläninde, iki ýol bilen: dili özi ulananda, görelde bolmak we çagada dil medeniýetini terbiýelemek bilen, onuň ahlak terbiýesini gazanyp biler. Çaga dil medeniýetini öwretmek, çaganyň her gün bir täzelik tapyp, çalt ösýän sözleýiş dili körpejäniň akyl ýetirijiligine oňyn täsir edýär, sözleýşiniň ösmeginiň başlangyjy bolup çykyş edýär.

Terbiýeçi körpeleriň dil medeniýetini ösdürmekde maşgala bilen sazlaşykly iş alyp barmalydyr. Bu mekdebe çenli edaralaryň işiniň üns berilmeli tarapydyr. Çaganyň dili maşgalada hem kämilleşýär, çagalar bagynda hem körpejäniň dilini ösdürmegiň üstünde işlemek dowam etdirilýär. Çaga terbiýäni ilki ata-enesiniň ýagşy görüm-göreldesinden, sypaýy, süýji sözlerinden, mähirli gatnaşyklaryndan alýar. Ulularyň kiçilere hormaty, kiçileriň ýaşuly nesli sylamak duýgusy, maşgalanyň söýgüsi, mylakatlylyk, güler ýüzlülik, açyk göwünlilik ýaly ynsan häsiýetleri bilen terbiýelenýär.

Maşgala gurşawynda çaga üçin ulanylýan we olara öwredilýän mylaýym, ýönekeýje sözler, mysal üçin, "Salam!", "Sag bol!", "Minnetdar!", "Berekella!", "Haýyş edýärin!", "Ertiriňiz haýyrly bolsun!", "Gijäňiz rahat bolsun!" ýaly leksika (çaga terbiýesinde) dil medeniýetiniň başlangyç esaslaryny goýýar. Şeýle görnüşde sözleýşiň ösdürilmegi, çaganyň dil medeniýetiniň kemala getirilmegi bilen bir wagtda, onuň içki medeniýetiniň, ruhy gözelliginiň şinelemegine we kem-kemden ösüp, owadan ýürekli, päkize kalply, watansöýüji, il-ýurda mähirli şahsyýet hökmünde ösmegine getirýär. Munuň tersine, çaga gödek äheň bilen, "Göreňokmy?!", "Eşideňokmy?!", "Saňa diýýän!" diýilse ýa-da çaga ululara özüni gyzyklandyrýan bellibir sorag bilen ýüzlenende: "Azar berme!", "Işim köp!", "Bilemok!" diýen ýaly sözler bilen jogap bermek olarda dil medeniýetiniň kemala gelmegine oňaýsyz täsir edýär.

Köpýyllyk iş tejribelerimiz we dürli çeşmelerden, durmuşdan öwrenýän maglumatlarymyz körpeleriň dil medeniýetiniň kemala gelşinde özleşdirilýän sözleriň mukdaryny ýatlap geçmeklige hem esas berýär. Çaganyň sözleýşi özleşdirýän iň işjeň döwri mekdebe çenli ösüş döwrüdir. Has takygy, çagalaryň söz baýlygy 1,5 ýaşynda 10 – 30 söz aralygynda, 1,5 ýaşdan 1 ýaş 8 aýa çenli aralykda 20 – 60 söz, 2 ýaşda 200 söze golaýdyr. 3 ýaşda çaganyň söz baýlygy 900 – 1000 (1500) söze çenli bolup, bu ýaşdaky körpeje öz pikirini sözlem arkaly aýtmagy başarýar. Eger-de görkezilen derejede çaganyň sözleýşiniň ösüşinde durgunlylyk ýüze çykýan bolsa, onda terbiýeçilerdir ata-eneler bilelikde körpeleriň dil medeniýetini ösdürmegiň üstünde işlemelidir.

Munuň üçin dürli usullardan we çagalar üçin ýörite çeşmelerden peýdalanmak ýokary netijelere getirýär. Çaganyň diliniň arassa, dürs bolmagy üçin, olaryň 10 aýlyk döwründen 1,5 ýaşyna çenli ata-eneler körpejäniň we onuň söz baýlygynyň ösüşini üns merkezinde saklamalydyr. Olaryň aýtmaga ymtylýan sözlerini gaýtalamagy öwretmelidir, sesleri dogry aýtmagyna kömekleşmelidir. Körpeje bilen şol bir sözi birnäçe gezek gaýtalamaga ýaltanmaly däldir.

Türkmen halk döredijiliginde “Üç ýaşyna ýetende, saýrap duran dil biter” diýilýän hem bolsa, bu ýaşda çaganyň söz baýlygy entek çäklidir. Körpeler 4 ýaşa ýetenlerinde, ene dilinde sözleýiş endikleri kemala gelip, olaryň aýdylýan zatlary kabul ediş başarnyklary kämilleşýär, ýady durguşan bolýar. Tejribeleriň görkezişi ýaly, çaganyň sözleýşiniň ösüşi 5 ýaşa çenli dowam edýär, çaga bilen talabalaýyk hem ýeterlik işlenilende, 5 ýaşynyň içinde onuň sözleýiş endikleri kadalaşýar, arassa gürlemäge başlaýar. Çagalarda dil medeniýetini terbiýelemekde, olaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda, çeper kitaplary okap bermek, ertekileri, nakyllary, dürli sanawaçlary, goşgulardyr ýaňyltmaçlary aýtdyrmak ýokary netije berýär.

Edebi mirasymyzyň dessanlardyr rowaýatlarynda gahrymançylyk, watansöýüjilik, halallyk, ynsanperwerlik, myhmansöýerlik, edermenlik, zähmetsöýerlik ýaly naýbaşy ruhy gymmatlyklar jemlenendir, bulary körpelere okap bermek, diňletmek, olara çeper tekstlerden bölekleri, goşgulary, aýdymlary ýat tutdurmak sözleýiş endiklerini ösdürmekde we dil medeniýetini kämilleşdirmekde tejribeden geçen ýaramly usullardyr. Ýaş aýratynlyklaryna görä saýlanyp alnan dürli folklor eserleri çaga terbiýesine, dil medeniýetine oňaýly täsirini ýetirýär.

Halk döredijiliginiň şahyrana eserleri körpeleriň ýatkeşlik, pikirleniş ukyplaryny ösdürýär, ýaňyltmaçlaryň dili ýençmekde uly ähmiýeti bar.

Körpelere ene dilinde sözleýiş öwredilende, olaryň ýatkeşligi, üns berijiligi, aň-düşünjesi, pikirini bir ýere jemlemek, özlerine erk edip bilmek başarnyklary ösdürilýär. Olarda watansöýüjilik, ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik duýgularyny terbiýelemek ýaly wezipeleri hem çözmek mümkindir. Bu döwrümiziň talabydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe körpe nesli mynasyp terbiýelemäge ýurdumyzda hemme mümkinçilikler döredilendir. Ýaş neslimiz hakynda atalyk aladalaryny edýän hormatly Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Aşgabat şäherindäki 132-nji çagalar bakja-bagy**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 5-nji apreli**



**Nurjan Amannepesow**

# PYRAGY BILEN OKAN AHUN

Ynsanperwer, filosof, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň halkara derejesinde bellenilen 300 ýyllyk baýramy jahanyň şahyrana ruhuny ýokary göterdi. Biz şu makalamyzda Magtymguly Pyragynyň okan Şirgazy medresesinde okyjylaryň köpüsine mälim bolmadyk wakalar barada gürrüň bermekçi. Hywa hany Şirgazy özüniň adyny dakan medresesini 1719 – 1726-njy ýyllarda gurdurypdyr. Medresäniň talyplar ýaşar ýaly 50 sany hüjresi bolupdyr. Her hüjre bir talyba niýetlenip gurlupdyr, “hüjre” sözi “otag” manysyny aňladýar.

Şirgazy medresesinde zehinli şahyr, filosof Pahlawana Mahmyt hem okapdyr. Onuň goşgulary köp dillerde neşir edilipdir. Pahlawana Mahmydyň aramgähi öz döwrüniň arhitektura däpleri boýunça üýtgeşik, owadan öwüşginler bilen bina edilipdir, “Pälwan pir” diýen ýazgy-da ýazylypdyr. Bu barada Pyragy “Şypa ber” şygrynda şeýle ýazýar:

*Hywanyň ýurdunda ýatan jenanlar,*
*Ýa Ismahmyt, är Päliwan, şypa ber!* (*Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat, 1976. 105 s.).

“Şypa” sözi “kömek”, “peýda”, “derman” manylaryny aňladýar. Magtymguly Pyragynyň okan medresesi meşhur bolupdyr. Hywa şäherinde Pyragynyň okan döwründe 17 sany medrese bar eken. “Hiwa” atly kitabyň Şirgazy medresesi hakyndaky ýazgysynda Magtymgulynyň “Gözel Şirgazy” diýen goşgusynyň aşakdaky 8 setiri rus dilinde çap edilipdir:

*Mekan eýläp üç ýyl iýdim duzuňy,*
*Gider boldum, hoş gal, gözel “Şirgazy!”.*
*Ötürdim gyşyňy, bahar-ýazyňy,*
*Gider boldum, hoş gal, gözel “Şirgazy!”.*

*Hakdan bize buýruk, baglydyr bilim,*
*Sende tälim aldy, açyldy dilim,*
*Gelsin diýip garaýyr ol gerkez ilim,*
*Gider boldum, hoş gal, gözel “Şirgazy!”*
(*Şol ýerde*, 240 s.).

Magtymguly medresede okan döwründe Hojanazar ahun bilen goňşy hüjrede ýaşapdyr. Magtymguly gijelerine goşgy goşupdyr. Hojanazar ahun boş wagtlary Pyragynyň ýanyna gelip, onuň täze ýazan goşgularyny üns bilen diňlemäge endik edipdir. Şonda ahun Magtymgulynyň öz döwründe türkmen halkynyň örän baý jemgyýetçilik pikirini alamatlandyryp biljek täze edebiýat, dil döretmek hakynda örän ýiti pikiri öňe sürýändigine göz ýetirýär. Halk diline ýüzlenmek bilen, Magtymguly ondan diňe edebi diliň çeperçiligine we baýlaşmagyna hyzmat edýän tärleri seçip alypdyr.

Akyldar şahyr durmuşy dogry, çeper suratlandyryp görkezýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynda şygryýet ägirtleriniň hataryndadygy äşgär edildi. Magtymgulynyň watançylygy halkyň bagtly we şatlykly ýaşamagy hakynda arzuw edip gelendiginden ybarat bolupdyr. “Türkmeniň” goşgusynda Watany, halkyňy, onuň tebigatyny söýmegiň wajypdygyny öwüt-nesihat edýär:

*Hak sylamyş, bardyr onuň saýasy,*
*Çyrpynşar çölünde neri, maýasy,*
*Reňbe-reň gül açar ýaşyl ýaýlasy,*
*Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň*
(*Şol ýerde*, 12 s.).

Bu setirlerde türkmeniň ajaýyp tebigaty kino lentasy ýaly bolup göz öňüňe gelýär. Magtymgulynyň türkmen edebi diliniň meselelerine mydama üns berendigi, özüniň her bir sözüne talabedijilik bilen çemeleşendigi sebäpli, onuň goşgulary okyjylara düşnükli. Şonuň üçin Magtymgulynyň goşgulary dogruçyllyk bilen ýazylan çeper eserler, düşnükli sözler. Ol sözler hiç wagt könelmez.

Hojanazar ahun Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Bişykyr diýen obasyndan bolmaly. Bişykyr diýilmeginiň manysy: oba çägesöw ýerde ýerleşenligi üçin, ýöräniňde, aýagyň sesi çykmaýar, hiç zat şykyrdamaýar. Şol sebäpli oňa şeýle at dakylypdyr. Şu setirleriň awtorynyň çagalyk döwri-de şol obada geçdi. Obanyň häzirki ady Türkmenistanyň halk şahyry Durdy Gylyç adyndaky daýhan birleşigi.

Hojanazar ahunyň kowumlaryna “mollanyňkylar” diýer ekenler. Olar obasynda öz harajatlaryna mekdep açyp, oglan-gyzlary mugt okadypdyrlar. Mekdebi tamamlanlara molla derejesiniň patasy berlipdir. Olardan Mele molla adygan, sylagly adamlaryň biri bolup, häli bu güne çenli halkyň dilinden düşenok.

Häzir Begjan, Hojanazar ahunlaryň nebereleri Tekeberdi Saparow, Oguldurdy Saparowa we beýlekiler Daşoguz welaýatynyň Şabat etrabynyň Magtymguly adyndaky daýhan birleşiginde ýaşaýarlar. Buhara şäherinde okap, ahunlyk derejesini alan Begjan ahun Hojanazaryň Şirgazy medresesine okuwa gitmegine sebäp bolýar. Hojanazaryň derslerini özleşdirişi Begjan ahunyň maňzyna batýar. Netijede, Hojanazary Hywa okuwa ugradýar. Bu wakalary dädem Amannepes Baýçaýew gürrüň beripdi.

Magtymguly hakyndaky gürrüňler, ýatlamalar haýsy temada bolsa-da, islendik adamyň ünsüni özüne çekýär, çünki Magtymguly kalplary, köňülleri, pikirleri birleşdirýän şahyrdyr. Magtymgulynyň ady bilen türkmen halkynyň kalbyna gapy açylýar. Şol gapynyň açary hem hezreti Magtymguludyr. Magtymgulynyň goşgulary türkmen kalbynyň soňlanmajak aýdymydyr, türkmen milletine, onuň ynam-ygtykatyna, kalbynyň ajaýyplygyna, milli özboluşlylygyna bagyşlanan odadyr. Magtymgulynyň goşgulary etnopedagogikanyň hem egsilmez hazynasydyr. Mugallym ol goşgulardan terbiýäniň islendik görnüşinde-de üstünlik bilen peýdalanyp biler. Watançylyk, ahlaklylyk, ynsanperwerlik terbiýesi, jemgyýetde özüňi alyp barmagyň kadalary akyldar şahyrymyzyň setirleri bilen ýaş nesliň kalbyna guýulýar. Beýik adamlaryň ýaşaýyş-durmuşy hem nesiller üçin nusga alarlyk bolýar. Akyldar şahyrymyzyň ýaşaýşy, okan we gezen ýerleri, okan medreseleri hakyndaky gürrüňleriň hem terbiýeçilik ähmiýetine baha ýetmez. "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda, akyldar şahyryň 300 ýyllyk ýubileýiniň bellenilmäge taýýarlyk görülýän döwürlerinde eşidenlerim hakydama geldi. 1968-nji ýylyň 31-nji dekabrynda okuwçylarymy Hywa şäherine syýahata äkitdim. Men şol wagt 29 ýaşymdadym. Şonda okuwçylar bilen Magtymgulynyň ýaşan hüjresiniň gapysynyň öňünde surata düşdük.

Mekdepde *edebiýat dersinden* sapak guranymda, Magtymguly Pyragy barada täze eşiden maglumatlarymy okuwçylara düşündirýärin. Düşnüksiz sözleri sözlük depderlerine ýazdyrýaryn. Şeýle düşündirilende, häzirki zaman türkmen dilinde seýrek ulanylýan sözler okuwçylara-da, okyjylara-da düşnükli bolýar.

**Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen umumybilim berýän 13-nji mekdep**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 15-nji maýy**

## MAGTYMGULYNYŇ OKAN MEDRESELERINI BILÝÄRSIŇIZMI?



Magtymguly Pyragy başlangyç bilim-terbiýäni kakasy Döwletmämmet Azadydan alýar. Bu barada şahyryň: "Ylym öwreden ussat-kyblam pederdir" diýen setiri bar. Magtymguly ilki oba mekdebinde okaýar. Soňra Halajyň Gyzylaýak obasyndaky Idris baba medresesine okuwa girýär. Bu medresede birnäçe wagt okandan soň, Buharanyň Gögeldaş medresesine okuwa gidýär, onda iki ýyl okaýar. Şahyr şol medresede ders berýän siriýaly türkmen Nury Kazym ibn Bahr bilen tanyşýar, onuň bilen dostlaşýar.

Magtymguly Pyragy sowatly adam bolupdyr. Şahyryň Hywa şäherindäki Şirgazy medresesinde okandygy baradaky maglumatlary biz orta mekdepde bilim alýan döwrümizde öwrenýäris. Şirgazy öz döwründe Özbegistanyň ady belli bilim ojaklarynyň biri hasaplanypdyr. Medresäniň taryhyna degişli maglumat çeşmelerinde onuň 1719-njy ýylda Şirgazy han tarapyndan gurdurylandygy baradaky maglumata duşmak bolýar. Şeýlelikde, Şirgazy medresesi Hywanyň gadymy hem-de uly binalarynyň biri hasaplanýar.

Şirgazy medresesiniň öňki bölegi iki gatly, beýlekileri bir gatly binadyr. Bu medrese dört eýwany bolan içerki howludan hem-de okuw üçin niýetlenilen ýörite otaglardan ybarat bolupdyr. Bu ýerde Merkezi Aziýa we dünýä belli alymlar, şahyrlar bilim alypdyrlar. Olaryň hatarynda beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragy hem bar. Şirgazy medresesine şahyr şeýle setirleri bagyşlapdyr: "*Ylym-tälim algan seni unutmaz... Daýym unutmaz men tylla gapysyn... Kämil bolup, serenjamlyk kylyp men... Mekan eýläp, üç ýyl iýdim duzuňy...*".

Hywa şäherindäki Şirgazy medresesi häzirki wagtda oňa gezelenje, zyýarata barýan myhmanlar üçin Hywanyň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biri hasaplanylýar.

**Taýýarlan:** *Gülşat Hanmämedowa,*
"Bilim" žurnaly.

Döwran Ýalkanow

# TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY SAPAKLARYNDA OÝUNLARDAN PEÝDALANMAK

Hormatly Prezidentimiz ýaş nesli terbiýelemekde ata-babalarymyzyň asylly ýörelgeleriniň, parasatly sözleriniň ähmiýetiniň uludygyny yzygiderli nygtaýar. Munuň özi bilim işgärleriniň öňünde täze wezipeleri goýýar, çagalara bilim we terbiýe bermegiň döwrebap usullaryny gözlemäge, döredijilikli işlemäge itergi berýär.

Her bir ugurda bolşy ýaly, häzirki döwürde çagalara bilim-terbiýe bermekde hem ata-baba ýol-ýörelgelerinden peýdalanylýar. Her bir mugallym sapakda çagalara bilim berjek ýöne bir mugallym däl, eýsem, täze gurluşa, täze dünýä, täze durmuşa ýol görkezijiler hem bolmalydyr (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – Aşgabat: TDNG, 2011. 91 s.).

Öwretmegiň, okatmagyň, tälim bermegiň ata-babalarymyzdan gelýän iň ygtybarly we ynamly usullarynyň biri çagalara oýun arkaly bilim bermekdir. Has irki döwürlerde-de çagalara edep-ekramyň, kada-kanunlaryň oýun üsti bilen düşündirilendigi, terbiýe berlendigi köplere mälimdir. Elbetde, munuň özi, öňi bilen, tälim alýanyň – çaganyň psihologik aýratynlyklaryna esaslanýan pedagogik şertleri talap edýär (*Basarow B.* Pedagogik psihologiýa. – Aşgabat: TDNG, 2017.). Uly adamyň hem ýüreginiň töründe çaga edähedine görä oýun etmek, degişmek, gülüşmek ýaly ruhy gözelligiň alamatlarynyň bardygy öz-özünden düşnüklidir. Belli pedagoglaryň aýdyşy ýaly, oýun okuwçylaryň ýatkeşligini, dostluk, ýoldaşlyk duýgularyny ösdürýär, olar üçin özleşdirilýän ylymlaryň nätanyş çäklerini açýar, adaty okuw sapaklaryna täze garaýyşlary ýüze çykarýar, mekdep okuwçysynda okuw dersine bolan gyzyklanmany güýçlendirýär. Şeýlelikde, bilim bermek has netijeli işe öwrülýär (*Atdaýew E.* we başg. Pedagogika II. – Aşgabat: TDNG, 2017.). Oýun usulyndan peýdalanmak sapagyň dowamynda bellibir amaly endiklere eýe bolmaga, olary herekete getirmek arkaly berkitmäge, özleşdirilen bilimlere amal etmäge ýardam edýär. Didaktik oýunlardan peýdalanylýan terbiýeçilik meseleleri hem özüniň çözgüdini tapýar. Mysal üçin, oýun sabyrlylygy we çydamlylygy terbiýeleýär, tertipdüzgüni ýola goýýar, başlanan işi taşlaman, soňuna çenli dowam etdirmek häsiýetini, ýoldaşlaryňdan yza galmazlyk üçin okgunly hereket etmek islegini kemala getirýär.

Topar bolup iş alnyp barlanda, okuwçylar ýoldaşlarynyň edýän belliklerini diňläp, agzybirlikde işlemek endiklerini artdyrýar. Köpçüligiň arasynda çykyş etmek başarnygyny ösdürýär. Şonuň üçin sapagyň dowamynda oýun usulyna ýüzlenmek maksadalaýykdyr. Sapagyň dowamynda okuwçylara töwerekleýin sorag bermek, soraglara jogap almak, kynçylyk çekýän halatynda ýardam etmek bilen, mugallym oýny has-da işjeňleşdirmäge çalyşmalydyr.

Türkmen dili we edebiýaty sapaklarynda saýlanyp alnan oýun berilýän bilimiň baş maksadynyň merkezinde goýulýar. Şu nukdaýnazardan, oýnuň düzüminiň gurluşyna aýratyn ähmiýet berilmelidir, şeýle hem şahsyýetiň özüniň köpçüligiň agzalarynyň biri hökmünde dolulygyna gatnaşygyny gazanmak maksadynda goýulmalydyr. Mesele okuwçyda oýna höwes döretmelidir, ol muňa meýletin gatnaşmalydyr. Hususan-da, çekeleşikli ýagdaý döredip, her kimiň häsiýetli aýratynlygyny, ukyp-başarnygyny, döredijilik gözleglerini ýüze çykarmaly. Oýnuň ähmiýetine, özüne çekiji we höweslendiriji taraplaryna okuwçynyň ünsüni çekmeli we sapaga doly gatnaşygyny gazanmaly. Okuwçylaryň oýnuň üsti bilen özüne gerek maglumatlary toplamaklaryny gazanmak üçin mugallym didaktik serişdeleriň dürli görnüşlerinden ýerlikli peýdalanmalydyr. Okuwçylar oýnuň üsti bilen berilýän tekstiň mazmunyny özleşdirmelidir, akyl ýetirijilik ukybyny ösdürmelidir, şular bilen birlikde, akyl we fiziki zähmetini hem ele almalydyr (*Atdaýew E.* we başg. Pedagogika III. – Aşgabat: TDNG, 2017.).

Beýleki oýunlardan tapawutlylykda, usulyýete degişli oýunlar özboluşly, ýagny öwrenijilik babatda anyk bellenen maksatlara ýetmek we degişli netijeleri gazanmak häsiýetine eýedir. Şunda oýun okuwçylaryň nazary bilimlerini amaly ýagdaýda özleşdirmeklerine ýardam bermelidir. Özleşdirilýän her bir maglumat, tekstiň bölegi, ýordum aýratynlygy esaslandyrylmalydyr. Şeýle ýagdaýda okuwçylar

oýnuň üsti bilen berilýän maglumatlaryň biri-biri bilen utgaşykda anyk bir manyny berýändigine göz ýetirmelidir.

Başlangyç synplarda oýunlary kitaplardan alnan tekstleriň bölekleri boýunça baglanyşdyryp, olardaky aýry-aýry, ýagny manysy kyn sözleri multimedia enjamynyň ekranyna çykaryp, görkezip düşündirmeli. Şeýle hem ýönekeý animasiýalary döredip, hereketiň üsti bilen oýundaky gahrymanlaryň dil aýratynlygy özleşdirilse, sapak ýerine düşer.

Sapaklarda ýönekeý amallar, mysal üçin, haýwanjyklaryň, guşlaryň goşulyşmagy bilen emele getirilýän arifmetik sanlaryň jemini tapmak ýaly, sanlar, atsyz sanlar baradaky bilimler özleşdirilende, okuwçylara şeýle ýumuşlar tabşyrylmalydyr. Şeýlelik bilen, türkmen dili sapagy matematika sapagy bilen baglanyşdyrylsa, okuwçylaryň düşünjeleriniň artmagyna, gözýetiminiň giňelmegine, aýdýan zatlaryna ynam etmeklerine täze mümkinçilikler açylýar. Şunda okatmagyň görkezme esbaplar, ýazmaça ýumuşlar, soragnamalar, tapmaçalar görkezip okatmak usullary giňden ulanylmalydyr.

Saýlanyp alynýan oýunlar geçilýän temanyň mazmuny bilen baglanyşdyrylmalydyr. Okuwçylara hödürlenýän maglumatlar delillendirilmelidir. Subut edilen nazary-amaly çözgütleriň gazanylyşy okuwçylara bölekleýin morfologik usulda düşündirilmelidir. Okuwçylara başlangyç synplarda kitaplardan özlerine gerek tekstleri tapyp okatmak, bolup geçýän hadysalara düşünmek esasynda gürrüň berdirmek, ýönekeý ýumuşlary ýatdan çözdürmek ýaly guralyp bilner. Şeýlelikde, sapakda dürli döredijilikli ýumuşlar, görkezme esbaplar, ýazmaça we dilden maglumatlar, kompýuter, multimedia we beýleki çeşmeler bilen işjeň ýagdaýda iş geçirilmelidir.

Sapaklarda okatmagyň işjeň usulyny ulanyp, dürli oýunlardan peýdalanylyp, aşakdaky ugurlara üns bermeli:

– didaktik maksat okuwçylaryň öňünde oýun şekilinde goýulmaly;

– sapak oýun kadalarynyň esasynda guralmaly;

– oýnuň esasynda okuw serişdeleriniň dürli görnüşleri ulanylmaly;

– didaktik wezipäniň ýerine ýetirilişiniň üstünlikli bolmagy oýnuň netijesi bilen baglanyşdyrylmaly.

Uly ýaşly mekdep okuwçylary bilen guralýan oýun sapagynyň aýratynlyklary olaryň köpçüligiň öňünde özlerini görkezmek, ykrar etdirmek höwesi, zähmetiniň miwesini görmek islegi, degişme äheňi, oýun etmäge ýykgyn etmegi bilen baglydyr. Şonuň üçin hem bu ýaşda okuwçylara işjeň oýunlar uly täsir edýär.

Işjeň oýunlar okuwçylara täze temany düşündirmekde we berkitmekde, döredijilik ukyplaryny ösdürmekde, okuw başarnyklaryny kemala getirmekde toplumlaýyn wezipäni çözmek üçin peýdalanylmalydyr. Oýunlar öwredilýän temany okuwçylara dürli görnüşde düşündirmäge we öwretmäge mümkinçilik berýär.

6 – 10-njy synplarda edebiýat sapagynda işjeň oýunlaryň höweslendiriji, amaly, sahna ussatlygy ýaly görnüşlerini peýdalanmak oňat netije berýär. 10-njy synpda Aman Kekilowyň "Söýgi" romany öwrenilende, okuwçylaryň Beýik Watançylyk urşy ýyllarynyň ruhy ahwalatyna düşünmekleri üçin, frontda söweşijileriň we tylda zähmet çekýänleriň başyna düşen kynçylyklaryň hötdesinden gelýän edermenlikleri, gaýduwsyzlygy we tutanýerliligi wideomateriallaryň üsti bilen janly şekillerde görkezilse düşnükli bolar. Okuwçylar bu eseriň şol döwrüň keşbini açyp bilmegi üçin sorag-jogap alyşmalydyr.

Başga bir mysal. Sapakda "Sahna ussatlygy" diýen oýun arkaly durmuşyň haýsy-da bolsa bir pursady tehnologik enjamlar arkaly açylyp görkezilse, okuwçylaryň şol pursadyň ruhy ahwalatyna hereketleriň üsti bilen düşünmeklerini ýeňilleşdirer. Bu ýerde okuwçylar özüniň tutuş ukyp-başarnygyny, bilimini orta goýup, ekranyň üsti bilen adamlaryň iş hereketi boýunça olaryň ruhy dünýäsine aralaşmaga mümkinçilik tapýarlar. Bu usulyň esasy wezipesi okuwçylaryň berilýän maglumatlara düşünmek ukybyny ösdürmäge, gözýetimlerini giňeltmäge, dürli ýagdaýlardan baş alyp çykmaklaryna, deň-duşlarynyň hereketini bahalandyrmaga mümkinçilik berýär. Şu toplumlaýyn maglumatlaryň we çäreleriň üsti bilen okuwçylaryň durmuş hadysalaryna töwerekleýin düşünmeklerini şertlendirýär. Şular ýaly ýagdaýlary emele getirmek üçin, "Sahna ussatlygy" oýnunyň gurluş taslamasy döredilmeli we meýilnamasy taýýarlanylmaly. Onda ýerine ýetirilmeli wezipeler, oňa gatnaşyjylaryň borçlary anyk bellenilmeli.

Sapagyň dowamynda pikir alyşmalar guralmalydyr. Şunda okuwçylar öz pikir-garaýyşlaryny delillendirmelidir, toplan maglumatlary boýunça çykyş etmelidir. Sapagyň soňunda mugallym gazanylan netijeleri yglan edýär, ahyrky netijäni çykarýar. Sapakda ulanylan keşpleriň deňeşdirmesiniň hakykat ýüzündäki şahslar bilen meňzeşligine üns berilýär, okuw dersiniň mazmunynyň oýun bilen arabaglanyşygy guralýar. Sapaga dogry we dürs saýlanyp alnan oýunlar girizilýär. Didaktik oýunlaryň sapaga girizilmegi okuwçylaryň işjeňligini artdyrýar. Has takygy, oýunlaryň okuwçylaryň diňe sözleýiş ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsem, olaryň bilimleriniň kämilleşmegine we dünýägaraýyşlarynyň giňelmegine ýardam berýändigine iş tejribämizde göz ýetirdik.

“Türkmen dili sapaklarynda mekdep okuwçylarynyň ukyp-başarnyklaryny nähili ýol bilen ösdürmeli we kämilleşdirmeli?” diýen kanuny sorag ýüze çykýar. Elbetde, şu ýerde oýun görnüşlerini okuw maksatnamasynyň her bir ugry boýunça seçipsaýlap almak mümkinçiliginiň bardygyny aýratyn bellemekçidiris. Oýunlar okuwçylara bilim berlişini işjeňleşdirmekde amatlydyr. Olary (sapagyň başynda ýa-da täze temany düşündirmäge girişmezden öňinçä) “höweslendiriji çäre” hökmünde ulanyp, okuwçylaryň bilim derejelerini çuňlaşdyryp bolar. Sapagyň soňunda öwrenilenler boýunça geçilen temany berkitmek üçin sorag-jogap alşylmalydyr, emma kähalatda tutuş sapagy hem oýun görnüşinde guramak mümkindir.

Türkmen dilini öwretmekde diňe bir okuwçylaryň sözleýiş we ýazuw başarnygyny ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem, sözleri dürs aýtmagy başarmak, manysyna düşünmeklerini gazanmak hem wezipe edip goýulmalydyr. Şonuň üçin hem mugallym okuwçylarda doly we dürs okamak, sözleri dogry aýtmak, söz baýlygyny artdyrmak, gepleşikde sözleri ýerlikli ulanmak, labyzly okuw endiklerini hem başarnyklaryny kemala getirmek, sözden many çykarmak, pikiriň çuňlugyna düşünmek ýaly endikleriň üstünde yzygiderli iş alyp barmalydyr (*Nyýazow S., Mätiýew H.N.* Türkmen dilini okatmagyň usulyýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat: “Ylym”, 2019.). Munuň üçin sapagyň dowamynda “Türkmen dilinde dogry sözläliň!” ady bilen gysga wagtlyk höweslendiriji çäreler guralmalydyr.

6 – 10-njy synplaryň okuwçylaryna hödürlenýän ýumuşlar mazmuny boýunça dil biliminiň dürli bölümlerini öz içine almalydyr. Mysal üçin, “Tekst düz we ony daşyňdan oka”, “Duz-tagam hödür etmek”, “Habarlary taýýarlamak we ýaýratmak”, “Frazeologizmleriň hyzmaty”,“Alypbaryjylaryň bäsleşigi”,“Nakyllary dowam et”, “Terjimeçi”, “Kim çalasyn?”, “Taýyny tap”, “Sözlär bolsaň, söz aslyna ýet ýagşy”, “Sözleriň bir we köp manylylygy”, “Soňky sese söz ýasa”, “Manydaş sözleri tap”, “Geografik atlar”, “Has atlar”, “Kim köp söz bilýär?”, “Bilgirje”, “Kim bilmeşek” we ş.m. Sapaklarda krosswordlary, rebuslary çözmek ýaly oýlanmagy talap edýän ýumuşlar hem hödürlenip bilner. Alnan bilimleri, geçen sapaklarda öňde goýlan wezipeleri okuwçylaryň näderejede özleşdirendikleri barlanylmalydyr.

Sapagyň başynda mugallym okuwçylaryň ünsüni sapaga çekmek üçin gyzykly oýunlardan, mysal üçin, olara “Nakyllary dowam etdir”, “Sonorly çekimsizlere başlanýan sözleri tapyň”, “Sözlük diktanty” ýaly oýunlary hödürläp, olarda gyzyklanma döretmelidir. Çekişme görnüşli guralýan şeýle oýunlar okuwçylara başganyň pikirini diňlemäge, öz pikirini delillendirmäge, subut etmäge, hakykata göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Sapagyň soňunda okuwçylara öýde işlemek üçin, “Oýunly erteki”; “Çöpleme çöplemek”, “Kökdeş sözler” ýaly dürli mazmundaky ýumuşlar tabşyrylsa, ýerlikli bolar.

Sapak wagtynda okuwçylaryň birine ertekini aýtdyrmaly. Keşp tabşyrylan okuwçylar gürrüň berilýän waka görä hereketlerini, sesini şekillendirip görkezýärler. Öz şekillendirmeli keşplerini gowy ýerine ýetiren okuwçy ýeňiji hasaplanýar. Sapaklarda bu hili oýunlary guramagyň pedagogik ähmiýeti uly bolup, sazlaşykly ösen ýaş nesli kemala getirmäge ýardam edýär (*Pirliýew G.* Etnopedagogika we häzirki zaman terbiýesi. – Aşgabat: “Magaryf”, 1995.).

Elbetde, häzirki döwürde Watanymyzyň şöhratly taryhyny mundan beýläk hem äleme ýaýjak nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bilim işgärleriniň öňünde goýýan wezipesine jogap edip zähmet çekmek her bir bilim işgäriniň borjudyr.

**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 23-nji maýy**

Nurýagdy Suwhanow

# MAGTYMGULY ŞAHYRYŇ FILOSOFIÝASYNYŇ YNANÇ WE BILIM ESASLARY

Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň we adamzadyň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmakda bahasyna ýetip bolmajak işleri ýerine ýetiren, egsilmez ruhy mirasy döreden akyldardyr. Bu gün adamzadyň öňünde duran düýpli meseleleri çözmek üçin, şol mirasy düýpli aňlamak we ýol-ýörelge hökmünde özleşdirmek döwrüň talabydyr. Şahyryň akyl ýöredişi barada alym Arkadagymyzyň eserindäki:

*Alynmyşdyr asmanlaryň keramatly belligine,*
*Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy*

(Türkmenistan. – 2023. – 18 awg.) diýen pähimi barasynda oýlansak, bu hakykatyň, ýagny akyldar şahyryň pähim-paýhasynyň "asmanlaryň keramatly belligine" alynmagy, onuň öňe süren oý-pikirleriniň, beýan eden bilimleriniň diňe biziň ýaşaýan dünýämiziň däl, eýsem, ahyret ynanjynyň, keramatlylyklaryň we mukaddeslikleriň hem hakykylygyny açýandyklaryny aýdyň aňlarys.

Bu ýerden hem Magtymguly şahyryň filosofik mirasynyň türkmen medeniýetiniň ýokary manylylygyny düzýänligini hem-de onuň adamyň we adamzadyň ýaşaýyş paýhasy bolup çykyş edýänligini ynamly aýtsa bolar.

Onda ýaşaýyş paýhasy bolup çykyş edýän beýik akyldaryň filosofiýasyna dini we ylmy garaýyşlaryň häsiýetlidigini hem göz öňünde tutmaly bolýar. Olaryň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny bilen baglanyşykly meseleleriň örän giň we düýplüdigini bellemelidiris. Şonuň üçin biz gürrüňimizi Magtymguly şahyryň filosofiýasynyň ynanç we bilim esaslary barada dowam edeliň, ýöne bu meselä girişmezden öň, olaryň baglanyşygynyň filosofik esaslaryny aýdyňlaşdyrmaga çalşalyň.

Şu maksat bilen Galkynyş döwründe kemala gelen we XIX asyryň aýagyna çenli dowam eden adama bolan özboluşly garaýşa ünsi çekeliň. Onda öňe sürülýän pikire görä, adam öz ýaşaýşyna degişlilikde çäksiz häkimlige eýedir we dünýäniň ýokary häkimdarydyr.

Şol garaýyş adamyň dünýäni boýun etmek, kämilleşdirmek, ruhlandyrmak ukybyna we wezipesine eýedigini nygtaýar. Bu ýerden bolsa jemgyýetiň üznüksiz paýhaslaýyn we ahlaklaýyn ösüşine, ýeňillik bilen ajaýyp ýaşaýşy gurmak mümkinçiligine bolan perwaýsyz ynamly garaýyş döreýär. Şonuň esasynda ruhsuz, suwjuk-paýhaslaýyn ynsanperwerlik, köplenç, esaslandyrylmadyk jemgyýetde ähli oňaýly gymmatlyklary amal etmek adamyň ilkibaşky tebigy aýratynlygy bilen mümkin bolýar diýen pikirler öňe sürülýär, ýöne "Eger adamyň ýagşylyga we gowulyklary amal etmäge ukyby jemgyýetiň onuň nebsini öjükdirýän isleglerine garşy durup bilmedik ýagdaýynda nähili bolar?" diýen soragyň jogaby gözlenilmedi.

Magtymguly şahyryň ynsaply ýaşaýyş taglymatynyň hut şu sowalyň çözgüdi bilen bagly bolýandygy sebäpli, bu ýerde ýüze çykýan meselelere ýüzleneliň. Şahyr sopuçylyk filosofiýasynyň çäginde adamyň jemgyýetiň hapasyndan päklenip, Hudaýyň huzuryna barmak barada bu filosofiýanyň talaby bilen bir hatarda, öz ýaşaýan (adamy hapalaýan) jemgyýetinde adamyň mynasyp ýaşamagy bilen bagly ýoluň gözlegine düşende, hut ýokarky sowala jogap bermeli bolýar. Onda-da bu jogaby ynanja we bilime esaslanyp tapmaly bolýandygyny göz öňünde tutup, biz olaryň adamyň ýaşaýşynda tutýan orny barada pikirimizi aýdyňlaşdyrmak maksadyna eýerip, seljermämizi dowam edeliň.

Ýokarky sowalyň jogaby barada oýlanylanda, adamy, onuň tebigy ýagdaýynda Hudaýa deňemegiň hökman ahlaksyzlyga, nigilizme getirýändigini aýtmak bolar. Adam çäklendirilmedik hökümdar bolýan bolsa, ol şeýle hökümdar hökmünde öz ahlagynyň üstünden hem hojaýyn bolýan bolmaly. Şeýle ýagdaýyň jemgyýetde eden-etdilige getirjekdigi gümansyzdyr.

Biz Magtymguly şahyryň dünýägaraýşy barada dürli garaýyşlar we onuň filosofiýasy barada pikir ýöredýändigimiz sebäpli, şu ýerde beýleki dünýä we ähli transsendentlige akyldaryň garaýşyny aýdyňlaşdyrmagyň garaýan meselämizi seljermek üçin peýdaly boljaklygyny belläliň. Şu maksat bilen biz geçen asyryň magtymgulyşynaslarynyň biriniň şol garaýyş babatda öňe süren bir sowalyna ünsi çekeliň. Ýazary köp wagtyň dowamynda ynjalyksyzlandyrýan bu sowal:

“...Ynam-ygtykaty taýdan kimkä biziň klassygymyz (Magtymguly Pyragy – N.S.): pany jahany özüne ýük bilip, taňrynyň wysalyna howlugýan hudaýhonmy ýa-da real paýhasyň çäginden çykýan zatlaryň hemmesini inkär edýän hudaýsyzmy, ýa-da kalbynda ajaýyp surat çyzyp, hut “öz” hudaýyny gözläp tapjak bolýan derwüşmi” (*Durdyýew H.* Akyl gämisi (Magtymguly hakynda oýlanmalar). – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1987. 79 s.) diýlip beýan edilýär we bu soragyň jogabyna, hatda Omar Haýýamyň rubagylarynda Ýaradana degişlilikde “sanjylan tikenler” diýip aýdylan pikire salgylanyp hem delil gözlenýär.

Ony aýdyňlaşdyrmak üçin biz edebiýatçy alym A.Şyhnepesowyň pelegi, ýagny onuň atlandyryşyna görä, wagty häsiýetlendirişine gulak asalyň. Ol Dünýä hem Pelek, ýagny wagt bilen baglanyşykly suratlaryň Magtymguly şahyryň çeper filosofik pikirlenmesinde uly orun eýeleýändigini we wagtyň manysyna wagtlaýynlyk-bakylyk garşydaşlygy boýunça seretseň, oňat düşünip boljakdygyny belleýär. Alym wagty, diýmek, pelegi saraý diýip atlandyrýar. Şahyr hem:

*Magtymguly, bu ne jaýdyr,*
*Ajap bu kerwensaraýdyr...*
*Dünýä bir saraýdyr – saz bilen söhbet*

(*Şyhnepesow A.* Magtymgulynyň älemi. – Aşgabat: TDNG, 2014. 145 s.) diýip, wagtyň kerwensaraýdygyna, ýagny wagtlaýyn ýaşalýan ýerdigine ünsi çekýär. Adamlar kerwensaraýda hemişelik ýaşamak islemeýärler, ýöne dünýä weli müdimi gelendirin öýdýärler. Bu ýerden bolsa adamyň bu dünýädäki ömrüniň wagt taýdan çäklendirilendigini, munuň hem şahyryň oýlanmalarynda pelegiň işi hökmünde görkezilýändigini aýtmak bolar. Onda pelegi şahyr wagt manysynda ulanýar we onuň bu dünýäniň hökümdary bolýandygyny belleýär hem-de adamyň şol “saz bilen söhbetli dünýäde” neneň mertebeli ýaşamagy barada oýlanýar. Indi ýokarda getirilen hudaýlylyk we hudaýsyzlyk baradaky oýlanmalardan many çykarmaga çalşalyň.

Şu gözlegimizde rus filosofy S.Frankyň (1877 – 1950): “Adam onuň sussuny basýan ähli mümkinçiliklere eýe bolan Hudaýyň öňünde adamçylygyny ýitirýär, ýöne adam özüniň Hudaýa bolan gatnaşygyny ýitirip, Hudaýdan aýralykda pikir ýöredip, özüni adam hudaý diýip ykrar edýär hem adamçylygyny ýitirýär” (*Франк С.Л.* Реальность и человек. – Санкт-Петербург, 1997. 229-231. с.) diýen pikirine ünsi çekeliň. Soňky ýagdaý filosofyň aýtmagyna görä, häzirki döwrüň ähli çökgünlikleriniň sebäbidir. Şu ýagdaýdan çykmak üçin hudaýly adamlylyga gaýdyp gelmeli. Şu nukdaýnazardan Magtymguly şahyryň “Il bolmaz” atly goşgusynda öňe sürlen pir pikire ünsi çekeliň. Onda:

*Gybat bilen ýüzüň derisin soýma,*
*Hergiz şeýtan bile nebsiňe uýma,*
*Zynhar, är sen, hakyň adyny goýma,*
*Hakyň adyn aýdan adam, bil, ölmez*

(*Magtymguly.* Şygyrlar. Üç tomluk. II tom. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1994. 35 s.) diýip, Hudaýa eýermegiň adamda adamçylygy hem, bakylyga bolan islegi hem kanagatlandyrmaga, onuň ýaşaýşa bolan ynanjyny berkitmäge esas döredýänligi, şeýle ynanja eýe bolan adamyň ölmejekligi bellenilýär. Bu ýerde ölmezlik bakylyga eýe bolmaklygy aňladýar.

Şu ýerde ynanç bilen bilimiň arabaglanyşygy barada oýlanylsa, onda filosofiýanyň hem bu ýerdäki ornuny kesgitlemeli bolýar. Şonda ol meseleler bilen däl-de, syrlar bilen iş salyşýar diýen pikiriň ýörgünlidigini belläp, bu mesele barada oýlanmaly bolýar. Bu ýerde sungatyň syrlary döredýändigi, filosofiýanyň olary açýandygy baradaky pikire eýerip, diniň syrlar bilen iş salyşýandygyny ynamly aýtmak bolar. Syr barada “bilýän” däl-de, habarly bolmak mümkin. Syryň hakykylyga eýe bolmaýşy ýaly, ony gutarnykly ele almak hem mümkin däl. Syrlar elmydama syrlygyna galýar, olar meselä öwrülmeýärler, taglymata asla hem olar gutarnyksyzdyr. Haçan-da adam “Ertir haýsy gün? Mugallym haýsy dersi okadýar? Üçburçlugyň burçlarynyň jemi nämä deň?” diýen soraglary berende, ol takyk jogaba garaşýar, ýöne haçan-da “Ruh ölümsizmi? Hudaý adalatlymy?” diýip soranda, düýpgöter başga zada garaşýar, takyk jogaplar ony agyr ýagdaýa getirýär.

Her bir adam üçin bilim özüne çekiji. Ol hiç kişiniň bilmeýän we hemmeler üçin peýdaly boljak zady biljek bolýar. Bilmek ynançdan tapawutlanýar. Ynanç görünmeýän zatlary açyp görkezmäge çalyşýan bolsa, bilim görünýän zatlary açýar. Bilim ynanjy ýok edip ýa-da çalşyp bilmeýär. Bu ýagdaý eýýäm psihologik derejede görünýär: yl-

myň adamlary, mysal üçin, dürli ynançlara eýe: ösüşe, tebigatyň kanunalaýyklygyna, kanunlaryň hökmanylygyna we başgalara ynanýar. Hatda nazary bilimiň bitewüligine we ýokarylygyna hem diňe ynanyp bolýar. Ylmyň ilkinji başlangyçlary başga zady, filosofik esaslandyrmany talap edýär. Ylym öz kökleri bilen çuňluklara gidýär, ýöne ony ylmyň özüniň üsti bilen seljerip bolmaýar.

Ynanjy bilim bilen çalşyp ýa-da çäkläp bolmaýar. Syry diniň çäginde paýhaslaýyn (rasionallaýyn) derňemäge bolan çemeleşme şowsuzlyga getirýär. Dini paýhasyň çägine ornaşdyrmak bolsa, ony birýanly öwüt-nesihata öwürýär. Umuman, bilim hem ynanç bilen çalşylyp bilinmez, ynanjyň üsti bilen ylmy meseleleri çözüp bolmaýar. Eger ynanç erkin edermen hereket bolýan bolsa, onda nazary bilim irginsiz zähmet bolýar.

Şu ýerde diniň çäginde paýhaslaýyn derňewiň we dini paýhasyň çägine ornaşdyrmagyň şowsuzlyga getirýänligi barada getirilen pikiriň Magtymguly şahyryň ynsaply ýaşaýyş taglymatynyň kemala gelşini düşündirmäge bellibir esaslary döredýändigini belläliň we sopuçylyk filosofiýasynda jemgyýetiň adamy hapalaýanlygy, adamyň şol hapadan arassalanyp, Hudaýyň huzuryna barmalydygy barada ýöredilýän pikire gaýdyp geleliň. Şonda jemgyýetiň hapasyndan nebsi çäkläp arassalanmalydygy barada hem aýdylýandygyny belläliň. Hawa, adam nebsini çäklemeli. Onuň üçin bolsa jemgyýetiň nebsi öjükdirýän lezzetlerine garşy durmaly bolýar. Diýmek, hasaply ýaşamaly, edýän işleriňe hasap bermelidigini bilmeli we oňa ynanmaly. Adamda şu hili bilimiň we ynanjyň döremegi we täsirli bolmagy bilen bagly soraglary seljermek biziň garaýan meselämiz üçin örän gerekli. Şol gereklilikden ugur alyp, seljermämizi dowam edeliň.

Biz bu ýerde, ilki bilen, alym Arkadagymyzyň ahyret ynanjy barada biziň garaýan meselämiz üçin örän ähmiýetli oýlanmalaryna ünsi çekeliň. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow "Ömrümiň manysy" eserinde: "Ahyret ynanjy ynsanyň öz hereketlerine jogap bermek duýgusyny ýiteldýär, ahlak kämilligini üpjün edýär. Ynsandaky ölüm gorkusynyň onuň ruhy dünýäsine etjek ýaramaz täsiriniň öňüni alýar. Şeýle hem ahyret ynanjy ynsany kynçylyklardan halas bolup, baky hözire gowuşmak barada çyn tagalla etmäge iterýär, onuň ýaşaýşyna güýç-kuwwat berýär" (*Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – Aşgabat: TDNG, 2022. 147 s.) diýip belleýär.

Bu ýerden görşümiz ýaly, ynanç diňe görünmeýän zatlar, Hudaý bilen arabaglanyşygy aýdyňlaşdyrmak bilen çäklenmeýär. Ol adamyň şu dünýädäki ýaşaýşyna hem ynamlylygy döredýär. Daşky dünýäniň bar bolmagynyň özi hem diňe ynanç bilen tassyklanýar. Bilimde ähli başlangyç esas subutsyz, başlangyç gönümel berilmeýär, oňa ynanylýar.

Bilimiň ähli pudaklarynda şu hili kynçylyklar bar, ähli ýerde biz paýhasa mümkin bolmadyk bir eredilmeýän galynda – adama, taryha, tebigata akyl ýetirmekde gabat gelýäris. Mysal üçin, sebäplilik ýörelgesini alyp göreliň. Eger dünýäde ähli zatlar sebäpli-netijeleýin baglanyşyklar bilen häsiýetlendirilýän bolsalar, onda sebäpliligiň gerekliligi gutarnyksyzlyga gidýär we ilkinji sebäbi göz öňünde tutýar, diýeli Hudaýy. Başga sözler bilen aýdylanda, biziň paýhaslaýyn beýan edip bilmeýän derejämizi. Adam meselesinde, adamyň dogulmagyny fiziki-himiki, biologik kanunalaýyklar bilen düşündirse bolar, ýöne adamyň ýüze çykmagy akyla sygmaýan syr bolýar.

Şu nukdaýnazardan, Magtymguly şahyryň sopuçylyk filosofiýasynyň çäginde adamy hapalaýan jemgyýetde adamyň ýaşamagy, onda-da mynasyp ýaşamagy barada oýlananda, özüniň mistiki akyl ýetirişini, ýagny ynanja esaslanýan garaýşyny paýhaslaýyn, ýagny bilimlilige eýe bolmak garaýşy bilen baýlaşdyrmagyň gerekligini aňlanlygyny aýtmak bolar. Bu bolsa şahyryň ruhy dünýäsinde bolup geçen düýpli öwrülişik bilen bagly bolmaly. Şonda şahyr adamyň, *bir tarapdan*, jemgyýetiň ýetirýän hapasyndan arassalanmak üçin Beýik Biribara bolan beýik ynanja eýermelidigini, *ikinji tarapdan*, onuň şol hapalaýan jemgyýetde mynasyp ýaşamagynyň ýoluny görkezmeli bolýar. Onuň üçin bolsa şol jemgyýet barada bilimlere eýe bolmaly.

Indi şu ýerde ýokarda Magtymguly şahyryň (adamy hapalaýan) jemgyýet barada bilime eýe bolmaly bolýar diýen pikirimizi dowam etsek, onda beýik akyldaryň beýleki dünýäni duýmagy başdan geçirip, synaga eýe bolandygyny aýtmaly. Beýik şahyryň ruhy ösüşinde bolup geçen düýpli

öwrülişik onuň jemgyýetde adamyň ýaşaýşyna düýpgöter täze garaýşy esaslandyrmaga ynanjy, mümkinçiligi döredýär diýsek, hakykylykdan daş düşmeris.

Şu meseläniň biziň seljermämiz üçin wajyplygyny göz öňünde tutup, ýokarda salgylanan magtymgulyşynasymyzyň öz döwrüniň ideologiýasyndan ugur alýan pikirini hem diňläliň. Alym beýik akyldaryň bu ýerde sopuçylyk taglymatyna degişlilikde etjek hereketini häsiýetlendirip: "Ol bu taglymatdan özüniň Hudaýa derek real adamy wasp etmek, asmanyň "keramatyndan" ýeriň "keramatyny" ileri tutmak baradaky ýaşyryn maksadyna ýetmegiň ýollaryny gözleýär" (*Durdyýew H.* Akyl gämisi. – Aşgabat: "Türkmenistan", 1987. 79 s.) diýip, biziň ýokarda garan, XIX asyryň aýagyna çenli Günbatar filosofiýasynda täsirli bolan adam baradaky garaýşa ýakyn pikiri öňe sürýär. Soňra alym: "...Mistiki dünýäniň jümmüşinde seýran etmek onuň paýhasyny güýmese güýmändir, emma ynandyryp, özüne kökerip bilmändir" (*Şol ýerde*, 91 s.) diýip, beýik akyldaryň sopuçylyk filosofiýasyna garaýşy barada gelen ýokarky şübheli garaýşyny berkidýär. Alymyň bu pikiri bilen doly ylalaşyp bolmaýar. Sebäbi Hudaýy inkärläp, adamy keramatlamagyň nähili netijä getirýänligini biz ýokarda bellibir derejede beýan edipdik. Bu ýerde bu pikiri dowam edeliň.

Haçan-da diňe gerekliligiň kanunlary bilen bagly maddy dünýä bar bolup, başga mümkinçilikler ýok bolsa, onda ähli zat adatylyk bolýar. Adatylyk diňe mümkingadarlyga ýol berýär. "Adatylyk – adamyň öz güýjüne daýanýan ýeri bolýar, bu ýerde, rus filosofy N.Berdýaýewiň aýtmagyna görä, ynanç ýok. Ynanjyň hereketinde bilimde bolup bilmeýän ähli zatdan ýüz öwürmek bar. Bu subutnamany, goralyp saklanmagy, mejburlygy talap etmeýän erkin yşkyň işi. "Men Hudaýa, onuň barlygynyň subut edilenligi, ony kabul etmegiň mejburlygy, ýokardan goralmak jogapkärligi üçin däl-de, Ony söýýänligim üçin ynanýaryn" (*Бердяев Н.* Собрание сочинений. – Париж, 1989. 46 с.) diýip, filosof belleýär.

Magtymguly şahyryň ynsaply ýaşaýyş taglymaty adamyň diňe öz ruhy gerekligi üçin beýik Biribara ynanja eýe bolmak bilen çäklenmän, eýsem, şu dünýäde öz gerekliligini kanagatlandyranda hem, şol ynançdan ugur almagyň gerekliligi bilen hem bagly bolýar. Bu ynanç – şahyryň ynsaply ýaşaýyş filosofiýasy ähli zady paýhas çeşmesine eltýän pikir ýöretmäniň täze ölçegi bolýar. Adam şu dünýäde diňe ynsaply ýaşap, akyldaryň belleýşi ýaly, dünýä mülküniň soltany şasy (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: TDNG, 2020. 196 s.) bolup bilýär. Şu hili ýaşaýyş, ýokarda bellenilişi ýaly, adamyň bakylyk arzuwyna hem esas döredýär, Magtymguly şahyryň ynsaply ýaşaýyş taglymatynyň şu aýratynlygy, onda adamyň Alla bolan beýik ynanjynyň we dünýewi jemgyýetde bilime daýanylýanlygynyň, adama we adamzada şu dünýäde mynasyp ýaşamaga güýç-kuwwat berýändigini göz öňünde tutulanlygy bilen baglydyr.

Onda Magtymguly şahyryň filosofiýasy baky dünýäni döredýän paýhas giňişligi hökmünde häsiýetlendirilse bolar. Şahyryň filosofiýasy adamyň öňünde diňe mümkin bolan ýaşaýyş hereketiniň ugurlaryny açyp görkezýär. Şonuň üçin Magtymguly şahyryň ynsaply ýaşaýyş taglymaty diňe bir türkmen halkyna bagyş edilen taglymat bolman, eýsem, bütin adamzada niýetlenen, oňa goýlup gidilen, ähmiýeti hiç haçan öçmejek paýhas ýörelgesi bolýar.

Bu hem häzirki döwürde adamlaryň, milletleriň, adamzadyň beýik akyldaryň öňe süren ýaşaýyş ýörelgelerine eýermäge hem esas bolýar diýsek ýalňyşmarys. Şeýlelikde, Magtymguly Pyragy bu gün "Ähli mekan-zamanlaryň çyn-hakyky raýaty" (Türkmenistan. – 2023. – 18 awg.) hökmünde kabul edilýär.

Biz hem makalamyzy – Magtymguly şahyryň filosofik mirasy, onuň ynsaply ýaşaýyş taglymaty baradaky seljermämizi alym Arkadagymyzyň: "Ynsap jemgyýetiň baş gymmatlygydyr. Ynsaply ýaşaýyş raýat jemgyýetiniň, demokratik döwletiň iň ýokary kemala gelmesi bolup durýar" (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: TDNG, 2020. 196 s.) diýip, beýik akyldaryň ynsaply ýaşaýyş taglymatynyň şu günki ähmiýetine beren ýokary bahalamasy bilen jemläliň.

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 31-nji ýanwary**

**Oguljan Aşyrowa, Şamuhammet Rahmanberdiýew**

# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGI NESIL TERBIÝESINIŇ NUSGALYK ÝOLUDYR

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň şöhratly taryhynda beýik akyldarlarymyzyň geljegi nazarlaýan parasatly pikirlerine esaslanýan öňdengörüjilikli, ynsanperwer syýasaty işjeň durmuşa geçirilýär we ýaş nesilde ruhy-ahlak medeniýetini kemala getirmek ýaly wajyp meseleler döwrebap çözülýär. Ýaş nesli aňly-düşünjeli şahsyýet hökmünde kemala getirmekde eserleri türkmen nusgawy edebiýatynyň genji-hazynasy bolan, ýiti zehini bilen äleme ady dolan, türkmen jemgyýetini kämillige ugrukdyryjy ynsanperwerlik, watançylyk ruhly söz gudratyny döreden Magtymguly Pyragynyň şygyrlary nusgalyk mekdepdir.

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow "Ynsan kalbynyň öçmejek nury" atly kitabynda bu barada şeýle belleýär: "Magtymgulynyň öz döwründe dünýä, ynsan, ýaşaýyş baradaky halka ýaýan oňyn pelsepewi garaýyşlary, jemgyýetiň, adamlaryň ruhy kämilligi baradaky eden wesýetleri öz halkyna bolan çäksiz söýgüsiniň netijesidir" (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat: TDNG, 2014. 51 s.). Bu paýhasly jümle Magtymguly atamyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesi, milletiň kalbynyň owazy, synmaz ruhunyň subutnamasydyr.

Magtymguly Pyragynyň çuňňur parasatlylyga, ynsanperwerlige we watansöýüjilige ýugrulan dürdäne setirleri adamzat kalbynda ajaýyp duýgulary oýarýar. Şahyryň eserlerinde dünýewi, pelsepewi pikirler gozgalyp, türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuşy, däp-dessurlary, dünýägaraýşy, edep-ekramy barada gymmatly maglumatlar berilýär. Adamyň gylyk-häsiýeti, ahlagy barada "Görüm görülmegen ýerde" atly goşgusynda beýan edilýär:

*Akly ýagşylar unutmaz,*
*Gury agaja ýaprak bitmez,*
*Akylly är mesgen tutmaz*
*Hulky söýülmegen ýerde*

(*Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: "Türkmenistan", 1976. 352 s.).

Adamyň iň gowy gylyk-häsiýetleri – ýagşylyk, akyl-parasatlylyk barada aýdylan bu pähimler dilden-dile geçip, halkyň aňyna siňdi. Şahyryň "Märekä barmaz" şygrynda ynsanyň gylyk-häsiýeti görkezilýär:

*Akylly az gürlär, gorkar tilinden,*
*Namart aýyp gözlär dogan ilinden,*
*Bilbil jyda düşse gyzyl gülünden,*
*Gülün arzuw eýlär, asala gonmaz*

(*Şol ýerde,* 434 s.).

Şahyryň goşgularynda edep-terbiýe, ynsanperwerlik, sylag-hormat, watansöýüjilik, wepalylyk, dost-doganlyk, halallyk bilen baglanyşykly öwüt-nesihatlar çeper beýan edilýär. Munuň özi jemgyýetiň geljegi bolan ýaş nesli döwrebap terbiýelemekde gorly hazynadyr. Mysal üçin, şahyryň "At ýanynda bellidir" goşgusynda şeýle setirler bar:

*Döwlet gonsa goç ýigidiň başynda,*
*Hemaýatly ili gerek daşynda,*
*Ýigit özün maglum eder işinde,*
*Gylyjynda, zybanynda bellidir*

(*Şol ýerde,* 270 s.).

Bu goşgy setirlerinde ýigidiň edep-terbiýesiniň nähili bolmalydygy aýdylýar. *Mertlik – namartlyk, husytlyk – jomartlyk, nebis – iman, akmak – akylly, dana – nadan* ýaly gapma-garşylykly jübüt pikirlerine özakymlaýyn dialektik çemeleşýär. Şahyr gapma-garşylykly pikirleri özara çaknyşdyryp, üçünji bir pikiri – hakykylygy tapmak usulyny ussatlyk bilen ele alan adamlara gerek pikir gymmatlyklaryny düşündiripdir. Mysal üçin, "Sil biläni" goşgusynda:

*Namart içde syr saklamaz,*
*Akylsyz hiç söz beklemez,*
*Mert ýigit baryn ýoklamaz,*
*Her iş gelse il biläni* (*Şol ýerde,* 404 s.)

diýen setirlerinde ynsanyň hakyky adamkärçilik sypatlaryny, gylyk-häsiýetini deňeşdirip tapawutlandyrmak bilen, adamlary inçe duýgular, dana pähim-paýhaslar bilen terbiýelemäge çalşypdyr. Şahyr "Düýşüne degmez" şygrynda ynsan ahlagyny açyp görkezýär:

*Ynjatsa ogul-gyz ene-atasyn,*
*Toba kylmaý, Taňrym geçmez hatasyn,*
*Döwran gelse, bilmez ne iş tutasyn,*
*Her kimiň her işden başyna degmez*

(*Şol ýerde,* 299 s.).

Bu setirlerde atalarymyzdan miras galan, adamzat üçin möhüm gylyk-häsiýetleriň biri bolan ýaşulular

hormat goýmak, ata-enäniň sarpasyny belent saklamak, olary ynjytmazlygyň zerurlygy örän täsirli beýan edilýär. Magtymguly atamyz döredijiliginde özüňi alyp barmagyň kada ussatlyk bilen beýan edipdir. Dana şahyrymyzyň döredijiliginde hakyky adamkärçilik sypatlaryny terbiýelemegiň ähli ugurlaryny özünde jemleýän, öwüt-nesihata, baý many-mazmuna eýe bolan täsirli setirlerinde adamzadyň iň beýik wekillerine mahsus arassa ahlak sypatlary wesýet edilipdir. Magtymguly Pyragy asylly ýörelgeleri wagyz etmek bilen bir hatarda, diňe ýagşylyklary ündeýär. Şahyr gowy häsiýetleri ündände, ýaramaz häsiýetleri ýazgaryp, garşylyklaýyn häsiýeti ýüze çykaryp, deňeşdirmek usulynyň üsti bilen gowy gylyk-häsiýetleri adamyň bezegi hökmünde düşündirýär. Şahyr bu temada "Söhbet ýagşydyr", "Durasyň geler", "Il ýagşy", "Gerekdir", "Janyna degmez" ýaly onlarça şygyrlary döredipdir.

Akyldar şahyryň "Mala seretmez" goşgusyndaky aşakdaky setirlere üns bereliň:

*Köne dünýä muhannesiň öýüdir,*
*Süýthor bolan kesiň dowzah jaýydyr...*

(*Şol ýerde,* 215 s.).

Halal ýaşamagy wagyz etmek, haramy ýazgarmak terbiýäniň gözbaşydyr. Magtymguly Pyragynyň "Duz hem bolmasa" diýen goşgusy hem terbiýeçilik ähmiýetli, öwüt-ündewlere baý bolan eserleriniň biridir. Onda şeýle setirler bar:

*Ýum gözüňi, gysyp gezgin dişiňni,*
*Ýaza ýetseň, unutmagyn gyşyňny,*
*Tôwekgel et, Taňra tabşyr işiňi,*
*Sabyr bilen biter, tiz hem bolmasa*

(*Şol ýerde,* 358 s.).

"Sabryň düýbi sap altyndan bolarmyş" diýlişi ýaly, sabyr etmek, sabyrlylyk ýaly häsiýetleriň adamlaryň iň naýbaşy häsiýetleriniň biridigi bu goşgy setirlerinde beýan edilýär. Terbiýeçilik ähmiýetli setirlere "Golda bary bolmasa" atly şygryndan aşakdaky setirleri mysal getirmek bolýar:

*Dünýäde aňlardan aňlamaz kändir,*
*Bilmezler beladyr, bilenler jandyr;*
*Ol ýigitler adam tilli haýwandyr,*
*Söz aňmasa hem ykrary bolmasa*

(*Şol ýerde,* 301 s.).

Akyldar şahyr bu setirleriň üsti bilen çuňňur manyly terbiýeçilik ähmiýetli pikirleri ussatlyk bilen beýan edipdir. Goşguda söz aňlamaýan ýa-da söze düşünmeýän adamlar adam dilli haýwanlara meňzedilip, ýazgarylyp görkezilýär. "Ýör biläni" goşgudan aşakdaky setirlere ünsi çekeliň:

*Ýaman hiç nesihat tutmaz,*
*Ýagşy söze gulak güýtmez,*
*Hiç bir sözüň örä gitmez*
*Näkes, suhanşor biläni*

(*Şol ýerde,* 356 s.).

Bu setirleriň üsti bilen durmuşda özüne mynasyp orun tapyp bilmedik adamlaryň ömrüniň manysynyň bolmaýandygyna, ýagşy bilen ýaman gylykly ynsanyň köpçülikde tapawutlandyrylýandygyna seljerme bermek bilen, ýaman gylyk-häsiýetleri ýazgarýar.

Magtymgulynyň özünden soňky nesillere goýan döredijiligi jemgyýetçilik tertip-düzgüniniň saklanmagynda, ýaş nesli milli ruhy gymmatlyklarymyz esasynda döwrebap terbiýelemekde baý edebi çeşmedir. Ol diňe bir türkmen halky üçin däl, eýsem, umumadamzat gymmatlyklaryny döreden akyldardyr. Şahyryň şygyrlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti we bütin adamzadyň durmuşynda tutýan orny barada türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow şahyryň terbiýeçilik pähimli şygyrlaryna ýokary baha berýär: "Adamlary paýhaslanmaga, özüne düşünmäge, millet hökmünde özüni tanamaga ugrukdyrdy. Öz iliniň asuda, parahat durmuşda ýaşamagyny, ylymly-bilimli bolmagyny, medeniýetiniň beýgelmegini arzuwlan beýik şahyr halkyna pähim-parasatdan we şirin duýgulardan püre-pür bolan ajaýyp şygyrlar hazynasyny miras galdyrdy. Bu ajaýyp şygyrlardaky ýugrumy ýeten, sagdyn pikirler diňe bir türkmen halkynyň geljegi üçin däl, bütin adamzadyň durmuşy we ruhy zerurlyklary üçin mynasyp ýol-ýörelge boldy" (*Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. I jilt. – Aşgabat: "Ylym", 2013. 4 s.). Gahryman Arkadagymyzyň bu ajaýyp sözleri makalada beýan edilenleri bir ýere jemläp, has-da sagdynlaşdyryp, pikir aýdyňlygy, çugdamlygy bilen halka ýetirýär.

Akyldar şahyrymyzyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý hem-de gymmatly edebi mirasynyň üstünden asyrlar geçse-de, ähmiýeti peselmeýär, sebäbi ol şygyrlarda türkmen halkynyň mizemez milli ruhy aýdyň şöhlelenýär.

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 31-nji ýanwary**

**Aýgözel Naýipowa**

# INKLÝUZIW BILIMIŇ AÝRATYNLYKLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda häzirki we geljekki nesilleriň bagtyýarlygynyň bähbidine gönükdirilen ýaşlar baradaky alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugruna öwrüldi.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň "Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasyna", "Çaga zähmetini gadagan etmek we onuň iň ýaramaz görnüşlerini ýok etmek boýunça gaýragoýulmasyz çäreler hakynda", "Çaganyň hukuklary hakynda", "Maýyplygy bolan adamlaryň hukuklary hakynda" halkara Konwensiýalaryna, ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky Şertnamalara işjeň goşulyp, öz ýaş raýatlarynyň bilim almagynyň ýokary hilli bolmagyny üpjün etmek bilen bagly meselelere örän jogapkärçilikli çemeleşýär. Şu maksat bilen zerur bolan halkara ülňülere, kadalara laýyklykda, okuw maksatnamasyny gaýtadan işlemek we üstüni ýetirmek, durmuş başarnyklarynyň, ukyplarynyň ösüşini goldaýan tejribelere laýyklykda inklýuziw bilim ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär.

Durnukly ösüş maksatnamasynyň 4-nji wezipesi "Ýokary hilli bilim" bolup, onuň 4 – 5-nji wezipesinde: 2030-njy ýyla çenli bilim ulgamynda gender deňsizligini ýok etmek we ilatyň saglygy çäkli toparlarynyň, şol sanda, maýyplar üçin bilimiň we hünär tehniki taýýarlygyň ähli derejeleriniň deň elýeterliligini üpjün etmek; 4.a: ähli çagalaryň bähbitlerini, maýyplaryň aýratyn zerurlyklary we gender jähetini göz öňünde tutýan okuw mekdeplerini döretmek we kämilleşdirmek we hemmeler üçin okuwyň howpsuz, zorluk we durmuş päsgelçilikleri bolmadyk we netijeli gurşawyny üpjün etmek, 4.a.1: Şular bilen, ýagny: a) elektrik energiýasy; b) okuw maksatlary üçin internet hyzmatlar; ç) okuw maksatlary üçin kompýuterler; d) maýyp okuwçylar üçin uýgunlaşdyrylan infrastruktura we materiallar; e) agyz suwunyň binýatlyk çeşmesi; ä) aýrybaşgalanan, pes derejede enjamlaşdyrylan hajathanalar; f) eliňi ýuwmak üçin binýatlyk serişdeler bilen (BSSG başlangyçlarynyň görkezijileriniň kesgitlemelerine laýyklykda) üpjün edilen mekdepleriň paýy, 4.c: 2030-njy ýyla çenli hünärli mugallymlaryň sanyny ep-esli artdyrmak, şol sanda, ösüp barýan ýurtlarda, aýratyn hem gowşak ösen ýurtlarda we adalardaky ösüp barýan kiçi döwletlerde mugallymlary taýýarlamakda halkara hyzmatdaşlygy arkaly köpeltmek, 4.ç.1: işe başlamazyndan öň ýa-da işläp ýören wagtynda, iň bolmanda, şol ýurtdaky degişli derejede iň pes guramaçylykly hünärli mugallymçylyk taýýarlygyny (mysal üçin, pedogogik taýýarlygy) geçen, a) mekdebe çenli edaralarda, b) başlangyç mekdepde, ç) orta mekdepde işleýän mugallymlaryň paýy, agzalan wezipeler, bilim ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek üçin esas çeşmesi bolup hyzmat edýär.

► Adamyň gymmaty onuň başarnyklaryna we üstünliklerine bagly däldir.

► Her bir adam pikirlenmegi we duýmagy başarýandyr.

► Her bir adamyň aragatnaşyk saklamaga we gepini düşündirmäge hukugy bardyr.

► Hemme adamlar biri-birine baglydyr.

► Hakyky bilim diňe hakyky aragatnaşyklaryň bar bolan ýagdaýynda bolup biler.

► Adamlaryň ählisi ýaşdaşlarynyň goldawyna we dostlukly gatnaşyklaryna mätäçdir.

► Her bir okuwçynyň üstünligi, ilkinji nobatda, onuň nämäni başarmaýandygy däl-de, nämäni başarýandygy bilen kesgitlenýär.

► Köpdürlülik durmuşyň ähli taraplaryny güýçlendirýär.

Ýurdumyzda inklýuziw bilim almak üçin ähli şertler döredilendir. Inklýuziw bilim öwrenijiniň (çagalaryň we ýaşlaryň) hukuklaryny we borçlaryny ykrar edýän hem olara hormat goýýan, bilim ojagynda olaryň hukuklaryny berjaý etmek üçin zerur şertleri döredýän, jemgyýetde we maşgalada gurşawy özgertmäge ýardam berýän, ähli öwrenijilere hoşniýetli garaýan ulgamdyr. Inklýuziw mekdeplerde okuwçylaryň we mugallymlaryň adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy boýunça bilimi barlanylýar. Şeýle-de, mekdep binalaryna howpsuzlyk we heläkçilere durnuklylyk görkezijileri boýunça baha berilýär. Şeýle orta mekdepleriň sany ýurdumyz boýunça 30-a golaý bolup, Aşgabat şäherindäki 89-njy we 90-njy umumybilim berýän, Türkmena-

bat şäherindäki 29-njy umumybilim berýän mekdep hoşniýetli-inklýuziw mekdepleriň aýdyň mysalydyr. Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Aşgabat şäherindäki Mehanika-tehnologik orta hünär okuw mekdebine (maýyplygy bolan adamlara) hünär öwretmegiň inklýuziw usullary üstünlikli ornaşdyryldy. Dikeldiş merkezli okuw-terbiýeçilik toplumlarynyň binýadynda ösüşinde bozulmalary bolan çagalar bilen işlemek boýunça synag geňeş beriş nokatlary hereket edýär. Olaryň umumybilim berýän mekdepde döredilmegi şikesli okuwçylary adaty toparlara goşmaga hem-de inklýuziw okuw gurşawyny döretmäge mümkinçilik berýär. Bu hyzmatlar çagalaryň geljekde durmuşa uýgunlaşmagyna we adaty gurşawa goşulyp gitmegine ýardam edýär.

Bagtly çagalygyň we arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdunda Milli Liderimiziň irginsiz aladalary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan ynsanperwer syýasaty döwletimiziň geljegi bolan ýaş nesliň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, olara hemmetaraplaýyn goldaw bermäge gönükdirilendir. Hossarlyk – öçmez umyt, howandarlyk jebisligi döredýär. Ynsanperwer ýörelgelere esaslanyp, türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy esasynda 2021-nji ýylyň mart aýynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredildi. Geçen gysga döwrüň dowamynda gaznanyň hasabyna howandarlyga mätäç çagalara paýtagtymyzyň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň lukmançylyk edaralarynda dürli operasiýalary geçirmäge, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen we inklýuziw mekdeplerde, mekdep-internatlarda terbiýelenýän çagalaryň bejergi almaklary, lukmançylyk maksatly serişdeleri satyn almaklary üçin pul serişdeleriniň bölünip berilmegi yzygiderli häsiýete eýedir.

Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen esaslandyrylan bu gazna geljegimiz bolan ýaş nesliň hemmetaraplaýyn kadaly ösüşini üpjün etmek baradaky Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan ynsanperwer işleriniň netijesidir.

**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 5-nji apreli**

## KITAP – PAÝHAS UMMANY

Türkmen halkynyň kitaba goýýan hormaty öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýar. Kitaplar adamzadyň iň gadymy we iň gymmatly hazynalarynyň biridir. Halkyň köpasyrlyk taryhy, milli gymmatlyklary, däp-dessurlary baradaky baý maglumatlar kitaplarda saklanýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi” eseriniň ikinji kitabynda kitaplar we olaryň biziň durmuşymyzdaky ähmiýeti barada şeýle belleýär: “Kitap dünýäni açýar. Aslynda, dünýä kitaba öwrülmek üçin ýaşaýar. Kitaplar asyrlaryň taryhyny, durmuşyny, ruhuny özüne siňdirýändigi bilen şöhratlanýar. Çünki kitap döwrüň waspçysy, paýhas ummany. ...Kitap okap, hakykata göz ýetirmek, pähimli pikirlere uýmak ähli ynsanlary birleşdirýär. ...Kitap ylmyň miwesi, medeniýetiň gülüdir. Kitaplar köp neşir edilse, ylym hem güllär, medeniýetem” (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. – Aşgabat: TDNG, 2018. 4-5 s.).

Köp sanly çuňňur many-mazmuna ýugrulan kitaplary halkymyza we dünýä halklaryna peşgeş beren Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň mukaddeslik saýylan kitaplary miras galdyran alymlaryň, şahyrlaryň, ýazyjylaryň, owal-ahyr danyşment-ulamalaryň Watanydygyny hemişe nygtaýar. Kitaplaryň iň irki nusgalary daşdan, palçykdan ýa-da agaçdan taýýarlanypdyr. Ilkinji papirus kitaplary, takmynan, 3500 ýyl ozal Müsürde papirus atly ösümlikden ýasalypdyr. Ilkinji kagyz kitaplar biziň eýýamymyzyň II asyrynda Hytaýda peýda bolýar. Olar agaçlardan alnan sellýulozadan edilipdir. XV asyrdan – çaphanalar döredilenden soň, kitaplar köpçülikleýin neşir edilip başlanýar.

Internet maglumatlaryna görä, häzir dünýäde 500 müňden gowrak neşirýat bar. Dünýä boýunça bir ýylda kitaplaryň 1 milliard 275 million nusgasy çap edilip, bu ugurda ABŞ öňdeligi eýeleýär.

**Taýýarlan:** *Guwançmyrat Nurlyýew,*
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.

Aýnagözel Tekäýewa

# OKUW SAPAGYNYŇ PEDAGOGIK NUKDAÝNAZARDAN TOPARLARA BÖLÜNIŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň innowasion ösüşleri çaltlandyrylýar, bu ugurda alnyp barylýan işlere döwlet derejesinde uly üns berilýär. Hut şonuň üçin-de, bilim ulgamynyň ösüşini pugtalandyrmak, bäsdeşlige ukyply bilimi kemala getirmek bilen baglanyşykly işler durmuşa ornaşdyrylýar.

Bilimde innowasiýalary ornaşdyrmakda we olaryň işjeňligini gazanmakda, bäsdeşlige ukyply bilim giňişligini döretmekde pedagogik nukdaýnazardan guralýan işleriň ähmiýeti uludyr. Bilimiň dürli basgançaklary üçin niýetlenen okuw sapaklary şeýle işleriň biridir.

Ýokary okuw mekdeplerinde okuw dersleri boýunça mugallymyň sapagy guramagynyň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Olaryň umumy okuw, amaly okuw, ýörite ders, seminar sapagy, ylmy-amaly maslahat sapak ýaly görnüşleri has işjeňdir.

Dürli ölçeglerine görä, dersler boýunça okadylýan sapaklary toparlara bölmek pedagogikanyň esasy hem-de ýerine ýetirilmegi çylşyrymly bolan wezipesidir. “Sapak” diýen düşünjäniň çylşyrymlydygy sebäpli, bu meselä dürli döwürleriň usulyýetçi alymlary köp sanly ylmy, usuly işleri bagyşladylar. Olar boýunça öňe sürülýän garaýyşlaryň jemi babatda, umumylaşdyrylanda, aşakdakylary bellemek bolar.

**Sapaklar toparlara bölünýär.**

1. Didaktik maksady boýunça okuw sapaklarynyň bölünişi:

– talyplara täze okuw maglumatlaryny öwretmek (habar bermek, tanyşdyrmak);

– öwrenilen maglumatlary berkitmek;

– talyba öz ukyp-başarnyklaryny açmagy, ulanmagy öwretmek;

– bilimleri jemlemek we ulgamlaşdyrmak başarnyklaryny emele getirmek;

– bilimleri we başarnyklary emele getirmek, başarnyklara gözegçilik etmek, olary düzetmek;

– garyşyk sapak.

2. Umumylaşdyrylan mazmuny bermek maksatly sapaklar:

– öwretmek;

– ösdürmek;

– terbiýelemek.

Pedagogik ulgamda işleýänleriň okuw sapagy baradaky döwrebap düşünjelerine laýyklykda, sapagyň mazmuny boýunça mugallym şu üç sany maksadyň bitewüligini göz öňünde tutýar. Ol maksatlar zynjyr ýaly berk baglanyşyklydyr we biri-birine ýakyndan täsir edýär. Sapakda öwretmek, ösdürmek we terbiýelemek maksatlary bitewüleşdirilýär. Mugallym sapagyň mazmunyny talyplara ýetirende (öwredende), bu maksatlar hasyl bolýar. Olar bitewüligi bilen talyplaryň akyl ýetiriş mümkinçiligini sazlaşdyrýan esasy (mehanizmi) bolup, okuw işiniň netijesini ýüze çykarýar.

**I. Sapagyň döwürleri.** Sapagyň dürli görnüşlerini öwretmek üçin, sapak döwürlere bölünýär. Sapagyň döwürleri didaktik maksada hem-de okatmagyň kanunalaýyklyklaryna görä emele getirilýär. Sapagyň döwrüni emele getirmekdäki hyzmatynda didaktik maksadyny göz öňünde tutup, okuw sapaklaryny aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolar:

– ilkinji okuw maglumatlaryny öwretmek we ýatda saklatmak;

– bilimlerden toplumlaýyn peýdalanmak;

– garyşyk maksat;

– bilimleri, başarnyklary jemlemek we ulgamlaşdyrmak;

– bilimleri, başarnyklary döwrebaplaşdyrmak (aktuallaşdyrmak);

– bilimlere hem-de başarnyklara gözegçilik etmek.

Okuw sapaklary gurluşy boýunça maglumatlary özleşdirmegiň logikasyna laýyk getirilmelidir. Munuň üçin sapagy guramagyň netijeli usullaryny gözlemek, tapmak we olar boýunça başarjaňlyk bilen işlemek mugallymyň paýyna düşýär.

**II. Sapak guramagyň esasy usullary.** Olary aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolar:

– söhbetdeşlik;

– umumy sapak;

– gezelençler;

– talyplaryň özbaşdak işi;
– laboratoriýa işleri;
– aýratynlykdaky iş;
– dürli usuly görnüşleriň bilelikde ulanylmagy.

**III. Sapagyň düzümi.** Belli bolşy ýaly, mazmun bilen şekil biri-birinden aýry bolup bilmeýär. Sapagyň mazmuny diýlip, onuň dowamynda amala aşyrylýan işiň görnüşleri göz öňünde tutulýar. Işine ussat mugallym sapaga taýýarlyk görýän döwründe "Mazmunyň özeninde näme bar?", "Şol mazmuny öwretmek näme üçin gerek?" hem-de "Nähili edip öwretmeli?" diýen soraglara jogap gözleýär we olary tapýar. Şol soraglara berilýän jogap sapaga bildirilýän umumy talaplaryň ödelmegi bilen şertlendirilýär. Şeýle talaplary umumylaşdyryp:

– öwrenilýän (şu) sapakda bilim bermegiň wezipelerini we onuň düzüm bölekleri kesgitlemek, olaryň ösdüriji hem-de terbiýeçilik maksatlary bilen baglanyşygyny bilmek;
– takyk alnan sapagyň sapaklar ulgamyndaky ornuny kesgitlemek;
– sapagyň netijesinde, talyplaryň özleşdirip biljek bilim-terbiýe başarnyklaryny çaklamak;
– iň amatly usullary, tärleri we serişdeleri seçip almak, olaryň sazlaşygyny gazanmak ýaly görnüşde häsiýetlendirmek bolar.

Talyplaryň biliminiň kämilleşmeginde bilimiň mazmunyna esasy orun degişlidir. Sapagyň maksady we wezipeleri mugallymyň okuw sapagynyň barşynda çözmegi göz öňünde tutýan wezipesine baglydyr.

"Bilimiň mazmuny" diýlip, sapagyň düzüm böleklerini (onuň wagtyna görä) mugallymyň iň oňaýly görnüşde ýerleşdirip bilşine, olaryň arasyndaky baglanyşygy guraýşyna düşünilýär. Dünýä tejribesinde, şol sanda, biziň ýurdumyzda hem, umumy kabul edilişi ýaly, sapagyň düzüm bölekleri şulardan ybaratdyr:

• öňki alnan bilimleri döwrebaplaşdyrmak;
• täze bilimleri emele getirmek;
• öwrenilýän bilim maglumatlarynyň esasynda ukyp-başarnyklary kemala getirmek.

Bilim işiniň bu bölekleri, takmynan, şeýle tertipde paýlanylýar:

► guramaçylyk döwri (sapagyň maksadyny okuwçylara ýetirmek, öýe tabşyrylan işleriň ýerine ýetirilişini barlamak, öň öwrenilen maglumatlary aktuallaşdyrmak, ýagny öwrenilen bilim-başarnyklary ulgamlaşdyrmak, täze öwrenilenleri berkitmek);

► täze maglumatlary talyplaryň dykgatyna ýetirmek. Okuw maglumatlaryny akyl ýetirip özleşdirmek, täze maglumatlary ilkinji gezek berkitmek;

► öwrenilen maglumatlary iş ýüzünde ulanmaga türgenleşmek, ýagny gönükmeleri işlemek;

► maglumatlaryň özleşdirilişini barlamak;

► öýe berilýän işleriň şertlerini maslahatlaşmak;

► sapagy jemlemek.

Talyplaryň işleýiş usullary babatdan sapaklaryň "çyzykly" hem "çyzykly däl" görnüşleri bolýar. Talyplaryň aglaba köplügi şol bir işi ýerine ýetirýän bolsa, şeýle sapak "çyzykly", yzygiderli hasaplanýar. Talyplary toparlara bölüp, dürli ýumuşlar ýerine ýetirdilýän bolsa, "çyzykly däl" sapak diýilýär, oňa "parallel sapak" hem diýilýär. Ikinji görnüşdäki sapakda talyplaryň işi dürli-dürli bolýar, şol sebäpli hem, şeýle sapak has gyzykly geçýär.

Guramaçylyk döwrüniň esasy aýratynlygy okuwçylarda höwes döredilýändigindedir. Sapagyň bu döwründe okuwçylaryň şahsy we işewür gatnaşyklary, olaryň baha berýän gymmatlyklary, ahlak kadalaryny berjaý edişleri we gyzyklanmalary aýdyňlaşdyrylýar. Höwes döretmegiň birnäçe görnüşlerini agzamak bolar.

**1. Deslapky höwes.** Bu tapgyrda öwrenilen maglumatlar, gazanylan üstünlikler ýatlanylýar. Biz geçen temany özleşdirmek üçin gowy işledik, zerur bolan ýagdaýynda kemçiliklere üns çekilýär, şeýle hem bolsa, bir möhüm zady ünsden düşürdik. Şu günki öwreniljek maglumatlara talyplaryň ünsi çekilýär, emma şol ünsden düşüren zadymyzy bilmek mundan buýanky materiallary öwrenmek üçin örän möhümdir: mysal üçin, ortak işligiň işlikden we kem işlikden tapawudy. Şeýle höweslendirmeler talyplary täze maglumatlary kabul etmäge taýýarlaýar. Sapaga höweslendirmeleri üç sany uly topara bölmek bolar.

**2. Gönüden-göni işe ugrukdyrýan höweslendirmeler.** Şeýle höweslendirmeler mugallymyň ussatlygyna baglydyr. Usulyýet boýunça işlerde şeýle höweslendirmelere aşakdakylar degişli edilýär: 1) öwredilýän maglumatlaryň gündelik ýaşaýyş, ylmyň we tehnikanyň gazananlary bi-

len bagly bolmagy; 2) meseleleýin (çylşyrymlylaşdyrylan) ýagdaýyň emeli taýdan guralmagy; 3) çeper hem ylmy-köpçülikleýin edebiýatyň, sungat eserleriniň ulanylmagy; 4) deňeşdirmeleriň ulanylmagy; 5) taryhy maglumatlar bilen tanyşdyrylmagy; 6) işewür oýunlardan peýdalanylmagy we beýlekiler.

**3. Geljekde durmuşda gerek boljak maglumatlary öwrenmäge höweslendirmeler.** Mugallym täze öwredilýän maglumaty düýpli özleşdirmezden, indiki maglumatlary öwrenip bolmajakdygyny düşündirýär. Şeýlelikde, talyplarda okamaga höwes döreýär.

**4. Akyl ýetirip öwrenmäge höwes döretmek.** Öňde goýlan meseläni çözmäge gönükdirilen akyl işiniň barşynda talyplaryň maglumatlary, meseläni çözmegiň täze usulyny öwrenmäge bolan höwesi artýar.

Bilimleri döwrebaplaşdyrmak (aktuallaşdyrmak) döwri.

Bu döwürde talyplar täze bilimleri özleşdirmäge taýýarlanýarlar. Mugallym bu döwürde olaryň özleriniň täze maglumatlary öwrenmegini gazanmaga çalyşmaly.

**1. Okuw ýagdaýyny döretmeli.** Bu ýagdaýda talyplar näme öwreniljekdigi bilen tanyşdyrylmaly. Bu döwürde şu usuly tärler ulanylyp bilner:

a) öň geçilenleri özleşdireniňden soň, talyplaryň öňünde çözüp boljak mesele goýmaly;

b) geçiljek temanyň möhümligi barada söhbetdeşlik guramaly;

ç) talyplary meseläniň çözülişiniň taryhy bilen tanyşdyrmaly.

**2. Okuw maksadyny beýan etmeli.** Okuw ýagdaýynda dörän gapma-garşylyk we ony çözmegiň ýollary baradaky meseleleri ara alyp maslahatlaşmaly. “Maksatsyz başlanan iş başa barmaz” diýen pedagogik ýörelgeden ugur alynmaly.

**3. Öz-özüňe gözegçilik etmek we baha bermek.** Sapagyň maksady kesgitlenenden we oňa talyplar düşünenden soňra, işiň meýilnamasy ara alnyp maslahatlaşylýar. Talyplar şonda geljekde näme etjekdiklerine göz ýetirýärler.

Sapagyň maksady näme? Sapagyň netijeli bolmagy üçin, onuň maksady aýdyň kesgitlenilmelidir. Sapagyň maksadyny üç topara bölmek bolar: bilim beriş maksady, ösdüriş maksady we terbiýeçilik maksady. Bu maksatlara pedagogik edebiýatda köp sanly işler bagyşlanandyr.

**Sapagyň wezipeleri.** Sapagyň bilim beriş wezipelerini aýdyňlaşdyrmak, onuň esasy maksadyny we şol maksada ýetmegiň serişdelerini kesgitlemekdir. Başgaça aýdylanda, talyplaryň öwrenmeli maglumatyny kesgitlemekdir.

**Sapagyň bilim beriş wezipeleri.** Talyplar bellibir möçberdäki bilimi özleşdirmelidir. Olarda täze bilimleri özleşdirmek başarnygy emele getirilmelidir.

**Umumy okuw başarnyklary.** Okuw-maglumat başarnyklary. Talyp ýazuwly tekstleri işlemegi, internet ulgamyndan zerur maglumatlary almagy we gysgaça ýazgysyny taýýarlamagy başarmalydyr.

**Okuw-logiki başarnyklar.** Talyp berlen ýa-da öwrenilýän maglumaty derňemegiň we beýan etmegiň, seljermegiň, subut etmegiň hötdesinden gelmelidir.

Sapakda ele alynmaly başarnyklar:

– birnäçe çeşmeden peýdalanyp, maglumatlary taýýarlamak;

– haýsydyr bir mesele barada öz pikiriňi beýan etmek;

– seljermäniň netijesinde jemleýji netije çykarmak;

– toparda işlemek başarnygyny gazanmak;

– özüňiň hem ýoldaşyň taýýarlygyna obýektiw baha bermegi başarmak we ş.m.

**Bilimlere gözegçilik etmek we baha bermek.** Bilimlere baha bermek dürli görnüşde bolup biler, ýagny mugallymyň hem-de okuwçylaryň biri-biriniň işine, olaryň öz-özlerine baha bermegi.

**Öýe berilýän tabşyryk.** Sapak döwründe öýe tabşyryk bermek aýratyn orunda durýar. Bu döwür “öý işi”, “öýe iş” ýaly atlandyrylýar. Bu iş toparda başlanyp, öýde özbaşdak dowam etdirilýär. Öýe berilýän ýumuş dilden we ýazuwly bolup, alnan ilkinji bilimleri berkitmäge gönükdirilýär. Ol döredijilikli, her talyp üçin aýry-aýrylykda berilýän ýa-da umumy topar üçin, wagty çäklendirilmedik görnüşinde bolup biler. Bu ýumuşlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik hem toparlaýyn ýa-da ýekebara bolup biler.

**Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 6-njy apreli**

**Bahar Bekmyradowa, Gülälek Garryýewa, Zinaida Amanmyradowa**

# TALYPLARA LATYN DILINI HÜNÄRE GÖNÜKDIRILEN GÖRNÜŞINDE ÖWRETMEK

Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen barha giňelýän hem ösýän ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary netijesinde Watanymyzyň dünýä jemgyýetçiligindäki abraý-mertebesi günsaýyn artýar. Bu bolsa ýurdumyzda daşary ýurt dillerini öwretmegiň kämilleşdirilmegini, dil öwretmegiň döwrebap usulyýetleriniň özleşdirilmegini talap edýär. “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny” üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, köp sanly durmuşa ýaramly çözgütler kabul edilýär, çünki ýaşlaryň daşary ýurt dillerini suwara bilmekleri, munuň bilen bir hatarda, hünär dilini özleşdirmekleri bilim-terbiýeçilik ulgamynda esasy wezipeleriň hatarynda durýar.

Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda gepleşik dili görnüşinde ulanylmaýan latyn diliniň roman-german dillerine uly täsir edendigi hem bellidir. Muny türkmen diliniň sözlük düzümine dürli ýollar bilen başga dillerden geçen sözleriň ençemesiniň latyn köklüdigi (mysal üçin, uniwersitet, institut, kommunikasiýa, kredit, kurator, kongres, obserwatoriýa, ekwiwalent we beýlekiler) hem subut edýär.

Latyn dili (*lingua Latina*) hindi-ýewropa diller maşgalasynyň italiýa toparyna degişli bolup, ol dünýäde iň gadymy dilleriň biridir. Häzirki döwürde latyn dili alymlar tarapyndan “öli diller” diýlip atlandyrylýan dilleriň hataryndadyr. Häzirki zaman dilleriniň arasynda latyn dili bellibir millete degişli ösýän dil hasaplanmasa-da, ol öz ähmiýetini ýitirmän gelýär, çünki ylmyň köp pudaklarynda, esasanam, lukmançylykda latyn diliniň kär-hünär sözleri, adalgalary giňden ulanylýar. Şol sebäplide, hünäri üçin zerur bolan kär-hünär sözlerini, adalgalary we işjeň ulanylýan söz düzümlerini talyplara öwretmegiň zerurlygy ýüze çykýar (*Amanow G., Haýydowa R.* Türkmençe-latynça-rusça anatomik okuw sözlügi. – Aşgabat, 2015.).

Latyn dili öwredilende, lukmançylyk ugurly talyp toparlarynda sapak geçilende, ilkinji okuw sapaklarynda onuň elipbiýi (sesler, harplar, olaryň aýdylyşy, ýazylyşy ýaly) we orfografik endikler bilen bilelikde, mugallym latyn diliniň taryhy baradaky gysgaça maglumatlary hem berip biler. Mysal üçin, latyn diliniň ähmiýeti, onuň ösüşi baradaky we bu diliň gadymy Rim imperiýasynyň taryhy bilen berk baglydygy, latyn diliniň häzirki Rim şäheriniň töweregindäki Lasio welaýatynyň ilatynyň gepleşik dili bolandygy, şonuň üçin olaryň “latynlar” diýlip atlandyrylandygy baradaky maglumatlar talyplarda öwrenilýän dile gyzyklanma döretmek maksady bilen ulanylyp bilner (*Байрыев Ч.Б., Давлекамов М.Х.* Латино-русско-туркменский словарь медицинских терминов. – Ашхабад, 1962.).

Dil dersleri usuly taýdan dogry okadylmalydyr. Öwrenilýän dile söýgi, gyzyklanma döretmek üçin, mugallym sapagyny şol daşary ýurt diliniň taryhy, medeniýeti, ilaty, däp-dessurlary bilen baglanyşykly okadanda, şeýle sapaklaryň netijesiniň ýokary bolýandygyny köpýyllyk iş tejribeleri görkezýär.

Taryhy maglumatlara görä, biziň eýýamymyzdan öňki VIII asyrda Rim patyşalygy döredilipdir, onuň döwlet dili latyn dili bolupdyr. Rim patyşalygy goňşy halklary özüne tabyn edip, olara öz medeniýetini, dilini ornaşdyrypdyr. Şunlukda, latyn dili Lasio welaýatynyň çäginden çykyp, halkara diline öwrülip başlapdyr. Rim döwletinde dürli ylymlar ösüp, örän ýokary derejelere ýetipdir. Orta asyrlarda ylym ösdürilipdir we latyn dili ylym-bilimiň dili bolupdyr. Lukmançylyk we beýleki ylymlar aýratyn ösüşlere eýe bolupdyr.

V asyrda Rim imperiýasy gutarnykly dargapdyr, emma latyn dili ýok bolup gitmändir. Şol döwürde Günbatar Ýewropada latyn dili iň kämil dil hasaplanypdyr. Ozalky Rim imperiýasynyň çäklerinde dörän taýpalar ilkibaşda (birnäçe asyrlap) döwleti dolandyrmakda latyn ýazuwyny we sözleýiş dilini ulanypdyrlar. Ozalky Rim imperiýasynyň ýerinde ýaşaýan taýpalaryň dillerine latyn diliniň güýçli täsir edendigi sebäpli, häzirki iňlis, nemes, fransuz, ispan, portugal we şuňa meňzeş dillerde latyn sözleri örän köpdür. Şeýle-de, ol halklar latyn elipbiýiniň esasynda milli elipbiýlerini hem döredipdirler. Latyn dili okadylanda, şular ýaly ylmy taýdan esaslandyrylan, bellibir ylmy çeşmelerden alnan takyk maglumatlar talyplarda

uly gyzyklanma döredýär, olaryň ünsüni sapakda berk saklamaga ýardam edýär. Öwredilen okuw maglumatlary talyplaryň ýadyna oňat ornaşýar we köp wagtlap ýatda galyjy bolmagyna getirýär.

Ýokarda-da bellenilip geçilişi ýaly, lukmançylyk ylmynda ulanylýan adalgalaryň aglabasynyň latyn kökli bolmagy lukmançylyk adalgalarynyň esasy aýratynlygyny ýüze çykarýar. Başgaça aýdylanda, latyn diliniň sözleriniň, söz düzümleriniň lukmançylyk adalgalarynyň düzüminde örän işjeň ulanylýandygy aýratyn hasaba alynmalydyr, öwrenilmelidir. Muny lukmançylyk ylmynyň atasy hasaplanýan Gippokratyň ýaşan döwründen biziň günlerimize gelip ýeten "*Invia est in medicina via sine Lingua Latina*" (Latyn dilsiz lukmançylykda ýol ýok) diýen jümle hem doly tassyklaýar.

Lukmançylyk ugurly hünärlerde bilim alýan talyplara latyn dilinden geçen adalgalar, esasan, anatomiýa, farmasewtika we klinika bölümlerinde öwredilýär. Talyplar bilen latyn diliniň sözleýişde ulanylyşy, leksik birlikleri we grammatik aýratynlyklary özleşdirilýär. Anatomiýa bölüminde (1-nji slaýd) adam anatomiýasyna degişli bolan aşakdaky ýaly adalgalary öwretmek bolar (*Худайбердиев Д*. Латино-русско-туркменский словарь анатомических терминов. – Ашхабад, 1974.).

**1-nji slaýd**

***vertebra*** – oňurga, ***costa*** – gapyrga, ***cavum*** – boşluk, ***arcus*** – ýaý, ***processus*** – ösüntgi, ***os*** – süňk, ***nasus*** – burun, ***uterus*** – ýatgy, ***lingua*** – dil, ***palatum*** – kentlewük, ***hepar*** – bagyr, ***gaster*** – aşgazan, ***scapula*** – pilçe, ***frons*** – maňlaý, ***ren*** – böwrek, ***pulmo*** – öýken, ***occiput*** – ýeňse, ***abdomen*** – garyn

Talyplar bilen bir sözden ybarat bolan leksik birliklerden durýan adalgalardan başga-da, (2-nji slaýd) söz düzümi görnüşindäki adalgalar hem öwrenilýär.

**2-nji slaýd**

***septum nasi*** – burnuň geçelgesi, ***sutura cranii*** – kelleçanagyň tikini, ***sulci palatini*** – kentlewük keşleri, ***vertebrae cervicales*** – boýun oňurgalary, ***angulus oris*** – agzyň burçy, ***cervix uteri*** – ýatgynyň boýunjygy, ***glandulae uterinae*** – ýatgy mäzleri, ***raphe palati*** – kentlewügiň tikini

Söz düzümi görnüşindäki adalgalar bilen tanyşdyrylandan soňra, olaryň fonetik aýratynlyklary düşündirilýär. Şeýle usul latyn adalgalaryny talyplaryň ýalňyşsyz hem-de aňsatlyk bilen özleşdirmeklerine we ulananlarynda kynçylyk çekmezliklerine getirýär. Latyn dilindäki anatomiýa adalgalarynyň morfologik gurluşy hem öwredilmelidir.

Latyn dilindäki at we sypat söz toparlary, köp sözden düzülen adalgalar düşündirilende, olaryň ylalaşma hem ylalaşmazlyk düzgünleriniň özleşdirilişine mugallym aýratyn üns bermelidir. Mysal üçin, adam bedeniniň dürli süňklerini aňladýan latyn adalgalarynyň tapawutly grammatik aýratynlyklary olaryň diňe atlar bilen düzülip gelýänligi (ylalaşmaýan aýyrgyç) ýa-da "at + sypat" görnüşi boýunça ýasalandygy (ylalaşýan aýyrgyç) bilen baglydyr. Aşakdaky ýaly adam bedenindäki süňkleri we beýleki agzalary aňladýan adalgalary (3-nji slaýd) aýratynlandyryp düşündirmek talyplaryň söz düzümi görnüşli adalgalary özleşdirmekleri üçin ýeňillik döredip biler.

**3-nji slaýd**

***os coxae*** – çanaklygyň süňki, ***ossa cranii*** – kelleçanagyň süňkleri, ***ossa pedis*** – dabanyň süňkleri, ***os hyoideum*** – dilasty süňk, ***os frontale*** – maňlaý süňki, ***ossa longa*** – uzyn süňkler, ***os occipitale*** – ýeňse süňki, ***ossa breva*** – gysga süňkler, ***os planum*** – ýasy süňk

Mugallym (3-nji slaýd) adalgalaryň öz aralarynda üç grammatik dereje boýunça, ýagny düşümde, sanda we jynsda (rodda) ylalaşman gelýändiklerini (türkmen dilinden alnan mysallar bilen latyn dilinden alnan mysallary deňeşdirip) düşündirmelidir. Talyplaryň aýratyn ünsüni çekmek bilen, bu mysallardan tapawutlanýan adalgalary täsirli beýan etmelidir.

**4-nji slaýd**

***arteriae ciliares posteriores longae*** – uzyn yzky kirpikli arteriýalar, ***nervus obturatorius internus*** – içki ýapyjy nerw, ***musculus teres major*** – uly tegelek muskul, ***ductus sublingualis minor*** – kiçi dilasty akar, ***macula cribrosa media*** – ortaky gözenekli tegmil

Şeýlelikde, mugallym söz düzümi görnüşindäki adalgalarda (4-nji slaýd) atlaryň sypatlar bilen

düşümde, sanda we jynsda (rodda) doly ylalaşyp gelýändigini söz düzümleriniň mysallaryny köpeltmek we olary gaýtalamak usullary arkaly berk düşündirmelidir.

Dürli innowasion usullardan peýdalanmak bilen, mugallym talyplaryň hünär dili bolan latyn diliniň adalgalaryny özleşdirmegi, grammatikasyndan baş çykarmagy, adalgalary özbaşdak ulanmagy, olaryň manysyna düşünip, türkmen diline terjime edip bilmegi hem-de amalyýetde kynçylyksyz ulanmak endiklerini kemala getirmegi maksat edinmelidir (*Чернявский М.Н.* Латинский язык и основы медицинской терминологии. – Минск, 1989.).

Edil ýokardaky ýaly usullarda farmasewtika bölümine degişli adalgalary öwretmegiň usulyýetini hem beýan edip bolar. Bu bölümde talyplara derman serişdeleriniň latyn dilindäki atlandyrylyşy, dermanlaryň atlaryndaky ýygylyk söz kesimleri we many taýdan tapawutlary öwredilýär. Farmakopeýa himiki atlandyrma, derman görnüşleri, olaryň agramlyk ölçegleri, şeýle hem dermannamadaky esasy latyn söz düzümleriniň birnäçesinde duş gelýän işlik görnüşleri bolsa lukman talyplara dermannamanyň (reseptiň) latyn dilinde doldurylyş düzgünlerini, olaryň gysga we ýaýraň usullarda ýazylan dermannamalarda getirilip ulanylyşyny, umuman, dermannama setiriniň gurluşyny özleşdirmäge ýardam berýär. Farmasewtiki adalgaşynaslyk ulgamyna degişli bolan, özi hem latyn diliniň grammatik derejeleri esasynda ýasalan *flores Chamomillae* (çopantelpegiň gülleri), *solutio Iodi* (ýoduň ergini), *radix Glycyrrhizae* (buýanyň köki), şeýle-de, *sirupus simplex* (ýönekeý şerbet), *tabuletta obducta* (örtükli gerdejik), *capsula gelatinosa* (želatinli kapsula) we ş.m. adalgalary öwrenmegiň esasynda talyplar okuw sapaklarynda dermannamanyň latyn bölüminiň doldurylyş düzgünleri babatyndaky zerur bolan bilimlerini kämilleşdirýärler, berlen şertler boýunça dermannamalary özbaşdak düzmek ukyplaryny ösdürip, terjimeçilik başarnyklaryny artdyrýarlar.

Usuly tär hökmünde, geçilýän temalarda latyn dilindäki nakyllaryň, pähimleriň we ganatly jümleleriň özleşdirilmegi hem ähmiýetlidir, çünki biziň gündelik durmuşymyzda bolup geçýän hadysalary suratlandyrýan we pelsepewi pikirleri öz içinde jemleýän ençeme latyn nakyllarydyr pähimleri bardyr. Örän köp sanly latyn pähimleri bilim, lukmançylyk, saglyk, syrkawyň hal-ýagdaýy babatda bolup, lukmançylyk deontologik (grek. *deon* – borç +*logos* – ylym) şygarlardygy bellidir: *Hygiena amica valetudinis* – Arassaçylyk – saglygyň girewi. *Labor corpus firmat* – Zähmet bedeni berkidýär. *Mens sana in corpore sano* – Sagdyn bedende sagdyn ruh. *Valetudo bonum optimum* – Saglyk eşretdir (*Казаченок Т.Г.* Анатомический словарь. Латино-русский. Русско-латинский. – Минск, 1990.). Şeýlelikde, nakyllar, atalar sözi, pähimler talyplar tarapyndan özleşdirilende, sowatly lukmanlaryň taýýarlygyna, olaryň hünäre ugrukdyrylan dil medeniýetiniň kämilleşmegine getirer.

Netijede, iş tejribelerinden görnüşi ýaly, lukmançylyk ugurly hünär bilim edaralarynda talyplaryň hünäre gönükdirilen dil taýýarlygynda latyn dilindäki leksik birlikleri, sintaktik düzümleri maksatlaýyn öwretmek meýilleşdirilendir we latyn dil okuw sapaklarynyň guralyşynda şol meýilnama esasynda işlemek maksadalaýykdyr.

Ýokarda görkezilip geçilen usullar öwretmegiň iň oňaýly didaktik çemeleşmelerinden ugur alýar. Şeýle usullarda işlemek endiklerini beýleki daşary ýurt dillerini okadýan ýaş mugallymlarda terbiýelemek hem ähmiýetli bolar.

Häzirki zaman dünýäsinde köp dil öwretmek wezipesi barha döwrebaplaşýar. Hünärmeniň kärine laýyk getirilen dil taýýarlygy talap edilýär. Şu nukdaýnazardan garalanda, hünär leksikasyndan işjeň peýdalanmak arkaly sapaklary guramaga çemeleşmek zerurdyr. Şonuň ýaly-da, diňe leksik birliklerden däl, eýsem, hünäre degişli we sözleýşi amala aşyrmakda (öwrenilýän hünär üçin) işjeň bolan söz düzümlerinden, sözlemlerden, şahyrana leksikadan, halk döredijilik eserlerinden alnan böleklerden we beýleki zerur bolan didaktik maglumatlardan peýdalanmak bolar.

Bagtyýar zamanamyzda dünýä dillerini öwrenmekde giň mümkinçilikleri döredýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 20-nji maýy**

Merdan Araşew

# GEOGRAFIK MAGLUMAT ULGAMLARY: GIŇIŞLIK BARADAKY MAGLUMATLARA DÜŞÜNMEGIŇ ESASY USULY

Täze tehnologiýalar “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052- nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyny” ýerine ýetirmekde öňde goýlan işler önümçilige ornaşdyrylyp, ýokary netijeler gazanylýar. Innowasiýalaryň köpçülikleýin ornaşdyrylýan şertlerinde ýurdumyzyň ykdysady ösüş modeli hem üýtgeýär.

Örän çalt depginler bilen ösýän häzirki zaman dünýäsinde çözgütleri kabul etmekde giňişlik baradaky maglumatlara, başgaça aýdylanda, geogiňişlik maglumatlaryna esaslanmak has-da işjeň häsiýete eýe bolýar. Giňişlik baradaky düşünjeler real dünýädäki obýektleriň ýerleşişi, görnüşi we özara arabaglanyşygy ýaly maglumatlary özünde jemleýär.

Häzirki zaman geografik maglumat ulgamlarynyň gitdigiçe ösýän mümkinçilikleri, elektron kartalarda saklanylýan maglumatlaryň spektriniň giňeldilişi we geografik maglumat ulgamlarynyň beýleki funksiýalarynyň amala aşyrylyşy göz öňünde tutulsa, onda dolandyryşyň awtomatlaşdyrylan we maglumat-hasaplama ulgamlaryny kämilleşdirmek üçin bu ugruň ösdürilmegi örän möhümdir.

Geografik maglumat ulgamlary adaty dünýäniň obýektlerini, bolup geçýän we çaklanylýan wakalary, hadysalary kartalaşdyrmakdyr, şeýle-de, seljermek üçin niýetlenilen häzirki zaman kompýuter tehnologiýasydyr. Ol giňişlik baradaky maglumatlary toplamaga, saklamaga, seljermäge we şekillendirmäge mümkinçilik berýän kuwwatly programma ulgamlarydyr. Kartalar, emeli hemradan alnan suratlar, şeýle hem tablisalar we ş.m. ýaly çeşmelerden toplanan dürli maglumatlary geografik maglumat ulgamlary integrirlemäge, giňişlikdäki obýektleriň arasyndaky arabaglanyşyklary we kanunalaýyklyklary ýüze çykarmak üçin seljerme işlerini geçirmäge uly mümkinçilikleri döredýär. Geografik maglumat ulgamlary dürli ugurlarda ulanylýar, ýagny kartografiýadan we ýer gurluşyndan başlap, serişdeleri dolandyrmaga we gözegçilik etmäge çenli ugurlary öz içine alýar. Häzirki zaman dünýäsinde geografik maglumat ulgamlarynyň şeýle möhüm orny eýelemegi birnäçe häsiýetli ýagdaýa baglydyr. Meselem:

1. *Giňişlik baradaky maglumatlaryň göwrüminiň artmagy.* Häzirki zaman maglumatlarynyň örän köp görnüşleri giňişlige baglydyr, ýagny ýeriň üstünde haýsy hem bolsa bir koordinata eýedir. Bu GPS (global ýerleşiş ulgamy) emeli hemradan surata düşürilýän tehnologiýalaryň ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

2. *Giňişlik baradaky maglumatlary seljermeklige bildirilýän talaplaryň ýokarlandyrylmagy.* Häzirki döwürde ähli ugurlarda çözgütleri maglumatlara esaslanyp kabul etmek talap edilýär. Geografik maglumat ulgamlary tehnologiýalarynyň üsti bilen giňişlikdäki seljermeleri geçirip, has-da esaslandyrylan çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik döreýär.

3. *Geografik maglumat ulgamlary tehnologiýalarynyň ösmegi.* Geografik maglumat ulgamlarynyň tehnologiýalary hemişe kämilleşdirilýär. Bu bolsa geografik maglumat ulgamlaryny has-da elýeterli edýär. Häzirki zaman geografik maglumat ulgamlary tehnologiýalarynyň esasy aýratynlyklaryny aşakdaky ugurlarda görkezmek bolar (*Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1 – 15-nji tom. – Aşgabat: TDNG, 2008 – 2023.):

- ösen seljeriş funksiýalaryny;
- uly göwrümli maglumatlary dolandyrmak mümkinçiliginiň döredilendigini;
- giňişlik baradaky maglumatlary girizmegiň, gaýtadan işlemegiň we görkezmegiň gurallaryny.

Geografik maglumat ulgamlarynyň tehnologiýalary maglumatlary beýan etmegi, dolandyrmagy has-da ýeňilleşdirmäge, tertipleşdirmäge we hil taýdan täze derejä götermäge ýardam edýär. Şeýle ulgamlar maglumatlaryň takyklygyny, esaslydygyny saklamak bilen, wizual seljerme arkaly dagynyk, biri-birleri bilen özara baglanyşygy bolmadyk örän köp tablisalary ulanmazlyga we maglumatlar bilen işlemegiň has kämil derejesine geçmäge mümkinçilik berýär (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom (Goşundylar). Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: TDNG, 2010.):

• enjam platformasyny (hardware) – kompýuterleri ulanmaga (iş stansiýalary, noutbuklary, jübi

personal kompýuterleri), maglumatlary saklamak üçin serişdeleri toplamaga (gaty, kompakt diskler, fleş-ýatlar we ş.m.), maglumatlary girizmäge (digitaýzerler, skanerler, sanly kameralar we fotoapparatlar, klawiatura we ş.m.) we çykarmaga;

• programma üpjünçiligini (software) – giňişlik baradaky maglumatlary dolandyrmaga, seljermäge we şekillendirmäge, şeýle hem, geografik maglumat ulgamlaryny tutuşlygyna dolandyrmak üçin zerur bolan funksiýalary we serişdeleri ulanmaga;

• maglumatlaryň esaslydygyny we ygtybarlydygyny, giňişlik we onuň bilen baglanyşykly tablisa (atributiw) görnüşindäki maglumatlary özünde jemleýär.

Geografik maglumat ulgamlary maglumatlary toplamagyň we şol bir wagtda hem olardan peýdalanmagyň guralydyr. Geografik maglumat ulgamlarynyň çeşmesi bar bolan kartalarda, geodezik, aerokosmik fotosuratlarda, stereofotosuratlarda, arhitektura-gurluşyk we inžener-kommunikasion ulgamlardan alynýan maglumatlarda jemlenendir. Geografik maglumat ulgamlarynyň mümkinçilikleri örän köp ugurlarda ulanylýar. Meselem:

– telekeçilikde geografik maglumat ulgamlary marşrutlary optimallaşdyrmakda, obýektleri ýerleşdirmek üçin ýer saýlanylanda, bazaryň seljermesi geçirilende we ş.m;

– döwlet dolandyrylyşynda geografik maglumat ulgamlary ýer serişdelerini dolandyrmakda, çäkleriň ösüşini meýilleşdirmekde, daşky gurşawyň monitoringinde we ş.m;

– jemgyýetçilik howpsuzlygynda ýangyn söndürijiler ýangynyň ýaýraýşyny çaklamakda, polisiýa gullugy üçin jenaýatlaryň shemasyny seljermekde;

– saglygy goraýyşda keseliň ýaýraýyş zolagyny öwrenmekde;

– oba hojalygynda ekinleriň hasyllylygyny çaklamakda, suw serişdelerini tygşytlamakda we dolandyrmakda;

– daşky gurşawda çölleşmä garşy göreşmekde, haýwanlaryň populýasiýasyny yzarlamakda we ş.m.

– şäher gurluşygynda infrastrukturany meýilleşdirmekde;

– ylymda geografik maglumat ulgamlary dürli tebigy we sosial hadysalary öwrenmekde, ýagny klimatyň üýtgemegini, keselleriň ýaýramagyny, haýwanlaryň migrasiýasyny öwrenmekde. Bilimde talyplara geografiýa, kartografiýa, geologiýa, ekologiýa we beýleki dersleri öwretmekde. Geografik maglumat ulgamlarynyň esasy funksiýalary hökmünde aşakdakylary hasaba almak bolar:

– awtomatlaşdyrylan kartografiýa funksiýasyny;
– giňişlikde seljerme funksiýasyny;
– maglumatlary dolandyryş funksiýasyny.

Awtomatlaşdyrylan kartografiýa funksiýalary ýokary hilli kartalary we şekilleri döretmek üçin geografik maglumat ulgamlary giňişlik maglumatlaryny saýlamak, täzelemek we özgertmek işini üpjün etmelidir. Bu funksiýalar wektor-rastr özgertmeleri, koordinatalar ulgamyny, kartografik taslamalary we masştab özgertmelerini, kartometrik ölçegleri (meýdanlary, aralyklary ölçemegi) geçirmegi, tekst ýazgylaryny, masştabyň kartografik belgilerini ýerleşdirmegi, çap üçin maket taýýarlamagy özünde jemleýär.

Geografik maglumat ulgamlarynyň giňişlikde seljerme funksiýasy kartografik maglumatlaryň ulanylmagyny üpjün edýär. Hususan-da, torlaryň seljerilmegini, poligonlaryň topologik üst-üstüne goýulmagyny, interpolirlenmegini we meýdanlaryň izoçyzyklar görnüşinde kartografirlenmegini, bufer zolaklarynyň hasaplanylmagyny amala aşyrýar.

Geografik maglumat ulgamlarynyň dolandyryş funksiýasy standartlary we iş hasabatlaryny taýýarlamak (grafiki bolmadyk) maglumatlary saýlamak, täzelemek we özgertmek işini üpjün edýär. Bu funksiýa özünde ulanyjynyň talaplaryny, resminamalaryny amal etmegi, statistik hasaplamalary, logiki amallary, talaplaryň standart formalaryny we olaryň netijelerini ýüze çykarýar. Şeýlelik bilen, geografik maglumat ulgamlary giňişlik baradaky maglumatlara düşünmegiň esasy açarydyr. Geografik maglumat ulgamlary bize dünýäni täzeçe görmäge, ýagny giňişlikdäki gatnaşyklaryň nukdaýnazaryndan görmäge mümkinçilik döredýär we umumylaşdyryp aýdanymyzda, aşakdakylary ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär:

**Giňişlik baradaky maglumatlary wizual şekillendirmek.** Giňişlik baradaky maglumatlary aýdyň görkezmek üçin, geografik maglumat ulgamlary kartalary döretmäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa, öz gezeginde, giňişlikdäki arabaglanyşyklara we kanunalaýyklyklara has-da gowy düşünmäge ýardam berýär.

**Giňişlik baradaky maglumatlary seljermek.** Geografik maglumat ulgamlarynyň kömegi bilen

giňişlikde seljerme işlerini geçirip, maglumatlardan netije çykaryp, çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik döreýär.

**Giňişlik baradaky maglumatlary modelirlemek.** Geografik maglumat ulgamlarynyň kömegi bilen giňişlikdäki bolup geçýän hadysalary çaklamaga mümkinçilik berýän modelleri döredip bolýar.

Geografik maglumat ulgamlary giňişlik baradaky maglumatlary gatlaklaýyn gurnamak konsepsiýasyna esaslanýar. Geografik maglumat ulgamlarynda ýeriň üstündäki bir tipli maglumatlar gatlaga jemlenýär. Geografik maglumat ulgamlarynda (1-nji surat) hemme gatlaklaryň jemi bolsa kartany emele getirýär.

**1-nji surat**




*Gatlaklaýyn model*

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, geografik maglumat ulgamlary iki görnüşli maglumatlary bilelikde işlemäge niýetlenendir, olar: geografik (giňişlikdäki, kartografik) maglumatlar hem-de atributiw (giňişlikdäki däl, semantik, tematik, beýan edilýän, tablisa görnüşli) maglumatlar.

Geografik maglumat ulgamlaryndaky geografik maglumatlar desgalaryň giňişlikdäki ornuny (koordinatalar, grafiki bezemegiň elementleri) beýan edýär.

**1-nji tablisa**

| | | |
|---|---|---|
|  | Goraghanalar | Ady<br>Meýdany<br>Döredilen ýyly |
|  | Arheologik ýadygärlikler | Ady<br>Taryhy<br>Ýagdaýy |
|  | Ýollar | Ady<br>Görnüşi<br>Taraplaryň sany |

Geografik maglumat ulgamlarynda häsiýetini aňlatmak boýunça maglumatlar bolsa giňişlikdäki obýektleriň mukdar we hil parametrlerini beýan edýän maglumatlardyr (1-nji tablisa).

Geografik maglumat ulgamlarynda giňişlik we häsiýetini aňlatmak maglumatlarynyň arasyndaky arabaglanyşyk (2-nji suratda) ýerleşdirilendir.

**2-nji surat**




| Goraghanalar | | | |
|---|---|---|---|
| Ady | Meýdany | Maksady | Döredilen ýyly |
| Hasar | 262 müň ga | <NOLL> | 1932 ýyl |
| Köpetdag | <NOLL> | <NOLL> | <NOLL> |
| Sünt-Hasardag | <NOLL> | <NOLL> | <NOLL> |
| Köýtendag | <NOLL> | <NOLL> | <NOLL> |
| Bathyz | <NOLL> | <NOLL> | <NOLL> |
| Repetek | <NOLL> | <NOLL> | <NOLL> |
| Bereketli Garagum | <NOLL> | <NOLL> | <NOLL> |
| Amyderýa | <NOLL> | <NOLL> | <NOLL> |
| Gaplaňgyr | 570 müň ga | Tebigy biologiki çöl kompleksini [illegible] | 1979 ýyl |

*Giňişlik we häsiýetini aňlatmak boýunça maglumatlaryň arasyndaky arabaglanyşyk*

Geografik maglumat ulgamlaryny ulanmakdaky çäklendirmelere seredip geçsek, onda olaryň esasylary hökmünde şulary bellemek bolar: geografik maglumat ulgamlaryň çylşyrymly ulgamlar bolanlygy üçin, olarda işleýän hünärmenleriň ýörite bilimleri we tejribeleri bolmalydyr. Geçirilen seljerme işlerini jemläp aýdanymyzda, ýakyn geljekde geografik maglumat ulgamlarynyň giňden ulanylyşyna has-da zerurlygyň artjakdygyny aşakdaky şertler görkezýär:

– dürli basgançaklarda dolandyryş çözgütleri kabul edilende, örän wajyp bolup çykyş edýän giňişlik baradaky maglumatlara islegleriň artýandygyny hasaba almalydyr;

– emeli aň (maşyna öwretme) ýaly tehnologiýalaryň ösmegi netijesinde, geografik maglumat ulgamlarynyň ulanylmagy üçin täze mümkinçilikler döredilmelidir.

– geografik maglumat ulgamlary klimatyň üýtgemegi, tebigy betbagtçylyklaryň öňüni almak we serişdeleri dolandyrmak ýaly meseleleri çözmekde has-da uly orna eýedir.

Umuman aýdylanda, geografik maglumat ulgamlary giňişlik baradaky meselelere düşünmegiň we olary çözmegiň esasy usuly hökmünde çykyş edýär, örän giň spektre degişli wezipeleri çözmäge mümkinçilik berýär.

**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 5-nji apreli**

Berdi Myratgeldiýew, Ogulgerek Akmämmedowa

# ÝOKARY BILIMDE BANK KARTLARY ARKALY HASAPLAŞMAGY INNOWASION USULLARDA ÖWRETMEK

Türkmenistanyň bilim ulgamy häzirki wagtda durmuşyň ähli ugurlaryna täsir edýän globallaşma we innowasion-kompýuter tehnologiýalary bilen baglanyşykly bilim prosesiniň maglumatlaşdyrylmagy netijesinde ýüze çykýan çynlakaý üýtgeşmeleri başdan geçirýär. Täze milli bilim ülňüsi, ýokary bilim alan uçuryma bolan isleg, alnan bilimleri ulanmagyň netijeliligi häzirki zaman jemgyýetiniň şertlerinde hünärmen meselesini çözmäge gönükdirilendir.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde, köplenç, okatmagyň usullary, mugallym bilen talybyň arasyndaky aragatnaşygy, mugallymyň okuw işine yzygiderli ýolbaşçylygyny, okuw materiallarynyň hiline we talyba ýetirilişine gözegçilik etmegi öz içine alýar. Sapagyň netijeliligi okuw maksatnamalarynda berlenleriň dogry özleşdirilmegine baglydyr. Sapak adaty bilim ülňüsinde, ýagny mugallymyň işjeň gatnaşýan birtaraplaýyn gepleşigi görnüşinde geçirilende, bilim işiniň mazmunyny açmak interaktiw sapaklara garanyňda işjeň däldir. Täze maglumat tehnologiýalaryny we okatmagyň innowasion usullaryny ulanmak mugallymyň sapakdaky hyzmatyny üýtgetmäge mümkinçilik döredýär. Mugallym diňe bir didaktik maglumaty "daşaýjy" bolman, eýsem, talybyň okuw işindäki erkin döredijilik işiniň dolandyryjysy hökmünde hereket edýär.

Bilim hyzmatlarynyň bazaryny ösdürmegiň häzirki zaman şertlerinde we maglumat tehnologiýalary döwrüniň talaplarynda mugallymçylykda adaty we döwrebap innowasiýa, interaktiw okuw ülňülerini birleşdirmek ýokary netije berýär. Şol sebäpli-de, ýokary okuw mekdebiniň mugallymlary interaktiw okuwy öwretmegiň käbir innowasion usullarynyň mazmunyna aýratyn üns bermelidir. Sapagy işjeňleşdirmegiň täsirli usullaryndan biri (tema öwredilende) maksadalaýyk getirilen meseläni görkezmek usulydyr. Amaly okuwlar öwretmegiň işjeň usullaryndan peýdalanmagyň "açyk meýdançasydyr". Interaktiw häsiýetli amaly sapaklarda mugallym sapagyň gurluşyny göz öňünde tutup, onuň üç bölümi öz içine alýandygyna üns bermelidir: giriş, esasy bölüm we netije. Şonuň ýaly-da, mugallym okatjak sapagyny interaktiw innowasiýa usullarynda guranda, gepleşik, akyl işjeňligi, many döretmek, temany açmak we toparlaýyn täsir, üstünlige ýetmek ýagdaýy, oýlanma we ş.m. interaktiw mehanizmlere esaslanýandygyna düşünmelidir. Şol usullardan, ýagdaýlardan peýdalananda, sapagyň maksadyna ýetmegiň hötdesinden gelmegi başarmalydyr.

Amaly sapagyň girişinde "Ýokary bilimde bank kartlary arkaly hasaplaşmagy innowasion usullarda öwretmek" atly temada aşakdaky ýaly maglumatly slaýdlary hödürläp biler.

**1-nji slaýd**

> Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň milli ykdysadyýetindäki alyp barýan syýasaty esasynda amala aşyrylýan maliýe-bank ulgamyndaky özgertmeleri ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir. Bu bolsa adam baradaky aladanyň hemme zatdan öňde durýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

**2-nji slaýd**

> "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyna" laýyklykda, ýurdumyzda bank ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek, dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary kämilleşdirmek hem-de bank kartlary arkaly geçirilýän hasaplaşyklary özgertmek boýunça degişli işler amala aşyrylýar.

**3-nji slaýd**

> Karz edaralary tarapyndan raýatlaryň bank kartlary bilen amatly ýerleşdirilen söwda nokatlaryndan harytlary satyn almagy, "Internet-bank" we "Mobil-bank" ulgamlarynyň üsti bilen hyzmatlaryň döwrebap, amatly we howpsuz görnüşlerine eýe bolmagy gazanyldy. "Internet-bank" düşünjesi internet hyzmatlaryny we degişli hasaplary ulanmak mümkinçiligidir.

Mugallym sapagyň giriş bölüminde "Ýokary bilimde bank kartlary arkaly hasaplaşmagy inno-

wasion usullarda öwretmek” atly tema hem giriş maglumatlaryny berýär. Sapagyň bu bölüminde ulanylan interaktiw usul “many döretmek” diýlip atlandyrylyp bilner. Sapagyň girişinden talyplaryň aňynda temanyň esasy mazmuny baradaky ilkinji düşünjeler döredilmelidir.

Esasy bölümde meseläni görkezmek usuly ähmiýetli bolup biler. Bu usul bilen talyplar öwrenilýän düşünjeleri düýpli özleşdirip bilýärler. Sapagyň meselesine düşünse, talyp onuň mazmunyny özleşdirer. Munuň üçin, mugallym hem, talyp hem bank kartlary arkaly hasaplaşmak üçin bar bolan innowasiýalara we innowasion usullara düşünmelidirler, ony bilelikde özleşdirmelidirler.

**Meseläni görkezmek usuly.** Bu çemeleşme bilen guralan sapak gepleşige (dialoga) meňzeýär. Bu usul talyby gyzyklandyrmaga we onuň ünsüni okuw işine çekmäge mümkinçilik berýär. Sapagyň anyk alnan temasyny öwrenip başlanda, talyba çylşyrymly sorag (kyn mesele) berilýär. Talybyň goýlan soragdan (meseleden) baş alyp çykmagyny höweslendirip, mugallym bar bolan mümkinçiliklere görä düşünişmek bilen, talap edilýän bilimleriň arasyndaky gapma-garşylyklary aýyrýar. Usulyň netijeliligi bilen aýry-aýry meseleleri talyplaryň özleri gozgaýar we şeýlelik bilen, mugallym talyplardan ýüze çykan meselä “garaşsyz çözgüt” gözlenýär. Şular ýaly esasly sapaklary guramak çylşyrymly okuw işi bolup, ol mugallymyň düýpli taýýarlygyny talap edýär. Şeýle-de bolsa, bu usuly ulanmagyň başlangyç tapgyrynda taýýar, öň işlenilip düzülen sapaklaryň gurluşy hem ulanylyp bilner. Mysal üçin, “Ýokary bilimde bank kartlary arkaly hasaplaşmagy innowasion usullarda öwretmek” atly tema geçilende, şeýle usul netijeli bolup biler.

Ykdysady ugurly ýokary okuw mekdeplerinde döwletimiziň bank edaralarynda, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary bilen bir hatarda, sanly innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak işleriniň yzygiderli alnyp barylýandygy, milli ykdysadyýetiň ösdürilmeginiň möhletli ösüşine ýardam edýän netijeli ulgamlary kämilleşdirmekde döredilen mümkinçilikler, durnukly ösüşi gazanmagyň wezipeleri barada eýýäm talyplarda (öwrenilýän tema ýetýänçä) ýeterlik düşünje bardyr.

Esasy bölümde (bank kartlary arkaly hasaplaşmagy innowasion usullarda öwretmek üçin) meseläni görkezmek usuly ulanylanda (mysal üçin, internet-bank hyzmaty bank hasabyna baglanan bolup, *web brauzerleriň* üsti bilen ýa-da ýörite mobil programmalaryň kömegi arkaly amala aşyrylýandygyny görkezmeli, meseläni orta çykarmaly we bular bilen baglanyşyklylykda), aşakdaky mazmundaky maglumatlar ýerleşdirilen slaýdlary hödürlemek dogry bolar:

**1-nji slaýd**

*Internet-bank* hyzmaty bilen mobil-bank hyzmatynyň tapawudy barmy?
*Mobil-bank* hyzmaty internet-bank hyzmatynyň bir bölegi bolup, onuň esasy tapawudy ykjam telefonlar we planşetler üçin niýetlenen ýörite mobil programma arkaly işlemegidir. Internet-bank ulgamyna *web brauzerler* arkaly girilýär. Mobil-bank ulgamyna ýörite mobil programma arkaly girilýär.

**2-nji slaýd**

*Internet-bank*. Bu düşünje internet ulgamyna çykyşy bolan ähli enjamlardan islendik wagtda, islendik ýerde uzak aralykdan bank hyzmatlaryndan we degişli hasaplaşyklardan peýdalanmak mümkinçiligini berýän hyzmatdyr. Internet-bank hyzmaty bank hasabyna baglanan bolup, *web brauzerleriň* üsti bilen ýa-da ýörite mobil programmalaryň kömegi arkaly amala aşyrylýar.

**3-nji slaýd**

*Internet-bank* hyzmatlarynyň nähili mümkinçilikleri bar? Internet-bank hyzmatynyň kömegi bilen islendik wagtda we islendik ýerde internet arkaly mobil telefon, öý telefony, IP TV, internet karz üçin we beýleki tölegleri geçirip bolýar. Internet-bank hyzmaty bank hasabyňyza hem-de kartyňyza baglananlygy sebäpli, hasabyňyzyň galyndysyny we bank kartyňyz boýunça ähli hereketleri (tölegler, girdeji we ş.m.) senesi, wagty bilen birlikde jikme-jik görüp bolýar.

**4-nji slaýd**

*Internet-bank* hyzmatynyň amatly taraplary nämeden ybarat? Hakyky wagt tertibinde (online), islendik ýerde, internete baglanan islendik kompýuterden ýa-da başga bir enjamdan tölegleri geçirmekde “Dçm” internet-bank hyzmaty amatlydyr. Mysal üçin, gije-gündiziň dowamynda mobil telefonyň hasabyny doldurmak zerurlygy ýüze çyksa, ir ýa-da giçdigine garamazdan, şol wagtda (töleg terminallaryny, bankomatlary gözläp ýörmän) oturan ýeriňden internet-bank arkaly töleg etmek bolar.

**5-nji slaýd**

Bank kartynyň amatlylyklaryndan doly peýdalanyp, internet tory arkaly harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin bank kartynyň CVC koduny bilmek zerurdyr. Internet arkaly tölegi geçirmek üçin bank kartynyň özi hökman däl, diňe bank kartynyň rekwizitlerini, CVC koduny bilmek zerurdyr. Bank kartynyň CVC kody kartyň hakykylygynyň kepilidir.

**6-njy slaýd**

Bank kartynyň CVC koduny nädip bilmeli? Bank kartynyň CVC kody kartyň arka ýüzünde gol çekmek üçin niýetlenilen ýerde çap edilendir, ol üç sany sandan ybarat bolýar. Käbir kartlaryň görnüşlerinde bu ýerde CVC kody çap edilmänem bilner. Şu ýagdaýda müşderi CVC koduny, ýagny bank kartyny çykaran karz edarasyna ýüz tutup, arzany doldurup, iki günüň dowamynda özüne degişli ýapyk bukjasyny alyp bilýär.

**7-nji slaýd**

Bank kartlary XX asyryň iň ajaýyp oýlap tapyşlarynyň biri boldy. Häzirki zaman dünýäsini indi olarsyz göz öňüne getirip bolmaz. Olaryň ulanylyşynyň gerimi giňdir. Kartlar ähli ugurlarda: bank ulgamynda, senagatyň we hyzmatlaryň köp pudaklarynda, dükanlarda, kärhanalarda, ýangyç guýulýan beketlerde, saglyk öýlerinde we beýleki ýerlerde giňden ulanylýar.

**8-nji slaýd**

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň 23-nji aprelindäki “Türkmenistanyň bir bitewi bank programma serişdelerini ornaşdyrmak we milli kartly töleg ulgamyny döretmek hakyndaky” Karary esasynda ýurdumyzda bir bitew kartly töleg ulgamy döredildi. Bu ulgam “Altyn asyr” kartly töleg ulgamy” diýlip atlandyryldy. “Altyn asyr” töleg ulgamy ýurdumyzyň çäginde bank karty esasynda nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin ulanylýan bankyň töleg ulgamydyr.

Interaktiw okuwyň, ýagny işjeň sapagyň başga bir görnüşi mysallary ýa-da aýratyn ýagdaýlary okatmagyň usulydyr. Bu usulda okadylanda, mysal üçin, “Ýokary bilimde bank kartlary arkaly hasaplaşmagy innowasion usullarda öwretmek” atly tema öwredilende, bu temadaky merkezi düşünje saýlanyp alynmalydyr. Mysal üçin, nagt däl hasaplaşyklaryň kämilleşdirilmegi nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň döwrebap töleg guralydyr. Töleg kartlarynyň ilata hödürlenilýän täze görnüşlerini, olarda bar bolan hyzmatlaryň kämilleşmegi esasynda bank kartlarynyň üsti bilen ýerine ýetirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň jemgyýetimize barha giňden ornaşmagyny, kämilleşdirilmegini, halk köpçüligi tarapyndan uly islege eýe bolmagyny, pul geçirimlerini çaltlaşdyrmagy, hasaplaşyklar geçirilende, wagty tygşytlamak üçin amatlyklary döretmek baradaky didaktik maglumatlary özünde jemleýär.

Öwredilýän temanyň merkezi düşünjesi şu sapak boýunça berilmeli bilim ýükünde ahyrky netijä aýgytly täsir etmelidir. Bu okuw usulynda talyp özbaşdak işlemäge (her bir hereketine özbaşdak karar bermäge), edýän işiniň netijesini subut etmäge mejbur bolýar. Şeýle usullary mugallym sapagyň esasy bölüminde ulanyp biler.Ýokarda bellenilip geçilenler bilen baglanyşyklylykda, agzalan tema boýunça esasy (merkezi) düşünjeler öwredilende, talyplara internet tory arkaly harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin bank kartynyň CVC koduny bilmegiň zerurdygy, bank kartyny ulanmazdan hem, bank kartynyň rekwizitleri we CVC kody arkaly tölegleri geçirmegiň mümkindigi, bu koduň kartyň hakykylygyny kepillendirýändigi öwredilmelidir.

Hormatly Prezidentimiziň talaplarynda ýurdumyzyň milli ykdysadyýetinde amala aşyrylýan maliýe-bank özgertmeleri raýatlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, ýaşaýyş-durmuşyny dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir. Biziň ýurdumyzda adam hakyndaky alada hemme zatdan ýokarydyr. Şeýle ajaýyplyklaryň sakasynda duran, halkyny asuda, agzybir, eşretli durmuşda ýaşadýan, eziz Watanymyzyň nurana geljegi üçin ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Türkmen döwlet maliýe institutY**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 23-nji apreli**

MAZMUNY:

## ÝURDUMYZYŇ SYÝASY, YKDYSADY WE MEDENI DURMUŞY


Gülşirin Muhanowa
**Ýaş nesli döwrebap kemala getirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir** 2

Altynjemal Esenowa, Dürli Çaryýarowa
**Bilim ulgamynyň resminamalaýyn hukuk binýady berkidilýär** 5

Gülsoltan Annagulyýewa
**Halkara hyzmatdaşlygynda bilim ulgamynyň ösüşli menzilleri** 7

Oguljahan Nuryýewa
**Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşyna badalga berildi** 9

Meretguly Gurbanow, Meňli Muhammedowa
**"Älem içre at gezer" romanynda mugallym-okuwçy we ata-ene gatnaşygy** 11

Selimberdi Hojaberdiýew
**Innowasion ykdysady ösüşde hünärmenleri gaýtadan taýýarlamak möhüm wezipedir** 13


## YLMY MAKALALAR


Baýram Bäşimow, Sapargeldi Durdyýew
**Okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegi täze derejä çykarýan konsepsiýa** 15

Saparmyrat Garataýew
**Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň Ýewropa ýaýramagy** 18

Maral Kuliýewa
**Pedagogik bilimiň aýratynlyklary** 21

Muhammetgeldi Agageldiýew
**Bilim gurşawynyň işjeňligi – kämilligiň binýady** 26

Maral Atdaýewa
**Edebi ösüşdäki aýratynlyklar** 30

Kerwen Ýowbasarow
**Magtymguly Pyragynyň goşgularyna tirme aýdymlaryň ýerine ýetiriliş aýratynlyklarynyň seljermesi** 34

Ogulsenem Gurbanowa
**Rus dili sapaklarynda monolog sözleýşi öwretmegiň aýratynlyklary** 37

Nazarmämmet Bäbişow
**Hünäre gönükdirilen terbiýeçilik işiniň guralyşy** 42

Ali Gurbanow, Fatima Nurgeldiýewa
**Daşary ýurt dillerini öwrenmekde höwesiň orny** 46

Myrat Gurbanow
**Aşgabat şäherindäki Halkara ylmy-kliniki Onkologiýa merkeziniň inžener-geologiýa şertleri** 49

Begli Mämmetnazarow
**Sorag sözleminiň türkmen dil biliminde öwrenilişi** 52

Jennet Gökiýewa, Kemal Hangulyýew, Ogulsuraý Hangulyýewa
**Iňlis dilindäki neologizmleriň emele geliş ýollary** 55

## MAZMUNY:


Orazgylyç Orazgylyjow, Ogulmaral Akmyradowa
**Magtymgulynyň goşgularynda saglyk we keselleriň öňüni almak baradaky pikirler** 58

Seýýara Saparowa
**Magtymgulynyň watançylyk goşgularynyň häzirki zaman ähmiýeti** 61

Baýramsoltan Gurbanowa
**Türkmen palasyny dokamagyň milli tehnologiýasy** 64

**MEKDEBE ÇENLI TERBIÝE**

Sonajemal Begmyradowa
**Körpelerde dil medeniýetini ösdürmek** 67

**UMUMYBILIM BERÝÄN MEKDEP**

Nurjan Amannepesow
**Pyragy bilen okan ahun** 69

Gülşat Hanmämedowa
**Magtymgulynyň okan medreselerini bilýärsiňizmi?** 70

Döwran Ýalkanow
**Türkmen dili we edebiýaty sapaklarynda oýunlardan peýdalanmak** 71

**ÝOKARY BILIM**

Nurýagdy Suwhanow
**Magtymguly şahyryň filosofiýasynyň ynanç we bilim esaslary** 74

Oguljan Aşyrowa, Şamuhammet Rahmanberdiýew
**Magtymgulynyň döredijiligi nesil terbiýesiniň nusgalyk ýoludyr** 78

Aýgözel Naýipowa
**Inklýuziw bilimiň aýratynlyklary** 80

Guwançmyrat Nurlyýew
**Kitap – paýhas ummany** 81

Aýnagözel Tekäýewa
**Okuw sapagynyň pedagogik nukdaýnazardan toparlara bölünişi** 82

Bahar Bekmyradowa, Gülälek Garryýewa, Zinaida Amanmyradowa
**Talyplara latyn dilini hünäre gönükdirilen görnüşinde öwretmek** 85

Merdan Araşew
**Geografik maglumat ulgamlary: giňişlik baradaky maglumatlara düşünmegiň esasy usuly** 88

Berdi Myratgeldiýew, Ogulgerek Akmämmedowa
**Ýokary bilimde bank kartlary arkaly hasaplaşmagy innowasion usullarda öwretmek** 91






# BILIM

**Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ylmy-usuly žurnaly**

**№ 3 (79) 2024-nji ýyl, maý-iýun**
**Iki aýda bir gezek çykýar**

**2011-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri neşir edilýär**

**Baş redaktor**
**Gülşirin MUHANOWA**

**Redaksiýanyň geňeş agzalary:**

Azat Ataýew, Peýzulla Hydyrow, Maral Akyýewa, Aly Gurbanow, Orazgeldi Gurbanow, Kakajan Janbekow, Nurmuhammet Gurbanmämmedow, Dowulbaý Melebaýew, Döwletgeldi Gurbanow, Nuryagdy Suwhanow, Janabaý Şyhyýew, Baýramdurdy Taýharow.

Dörtguly Mämijikow, Babamyrat Täşliýew (kompýuter bezegçileri)

Ýygnamaga berlen wagty 15. 05. 2024. Çap etmäge rugsat berlen wagty 28.06.2024. A-114248.
Formaty 60x84 1/8.
Çap listi 12. Sany 16042. Sargyt 1881.
Bahasy 18 manat.

Redaksiýanyň salgysy: 744036.
Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 104.
Telefonlar: 44-86-14, 44-85-99.
Žurnala gelen golýazmalar, suratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap hem-de syn berilmeýär.
Žurnaldan materiallar göçürilip çap edilende, žurnala hökman salgylanylmalydyr.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär, tel. 39-96-57.